ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ HALK BILIMI MINISTRLIGI

# MILLI GARAŞSYZLYK TAGLYMY WE RUHYÝET ESASLARY

## 7-nji SYNP

Doldurylan we gaýtadan işlenen 5-nji neşir

*Milli taglym we aňyýet ylmy-amaly merkezi tarapyndan neşire hödürlenen*

DAŞKENT «MA’NAVIYAT» 2015

UO‘K 37.035.6=512.164
KBK 66.3(5O‘)
K 49

**M. KARŞIBAÝEW, S. NIŞANOWA,**
**O. MUSURMONOWA, R. KOÇKAROW**

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 7-nji synplary üçin niýetlenen şu derslik Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» we «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitaplary esasynda gaýtadan işlenen. Onda Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslaryny düzýän esasy bilimler we düşünjeler döwrebap metodik usullar we talaplar esasynda açyp görkezilen.

**UO‘K 37.035.6=512.164**
**KBK 66.3(5O‘)**

K 49 **Milli garaşsyzlyk taglymy** we ruhyýet esaslary: 7-nji synp: Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 7-nji synp okuwçylary üçin derslik / M. Karşibaýew we bash.; ÖzR Halk bilimi ministrligi. – Doldurylan we täzeden işlenen 5-nji neşir. – D.: «Ma’naviyat», 2015.— 120 s.
I. Karşibaýew M.

ISBN 978-9943-04-146-2

**ŞERTLI BELGILER:**

– ýatda saklaň
– üns berip okaň
– şuny bilmeli
– soraglar we ýumuşlar
– açar söz
– döredijilikli pikirleniň

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleri hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-04-146-2

© M. Karşibaýew we başg., 2015
© «Ma’naviyat», 2015

# GIRIŞ

Salam, eziz okuwçy!

Ata Watanymyzda beýik gün – Garaşsyzlyk baýramy şadyýançylyklary dowam edýän şu günlerde siz başga ylymlar ýaly «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary»ny hem öwrenmäge girişýärsiňiz.

**Bu ylym Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowyň 2001-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda gol çekilen «Milli garaşsyzlyk taglymy: esasy düşünje we prinsipler» ylmy boýunça tälim maksatnamalaryny döretmek we respublika bilim ulgamyna girizmek barada»ky buýrugyna esasan okadylýar. Ol iki bölümden – Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslaryndan ybarat.**

**Birinji bölümde siz halkymyzyň milli taglymy, onuň esasy düşünje we prinsipleri barada zerur bilimlere we maglumatlara eýe bolarsyňyz. Bu bolsa halkymyzyň nähili beýik maksatlary gözläp ýaşaýandygy barada giňişleýin bilmegiňize hyzmat eder.**

*«Milli» diýen söz halkymyza, ýurdumyza, milletimize degişliligi aňladýar. «Garaşsyzlyk» bolsa – özbaşdaklyk diýeni. Diýmek, Milli garaşsyzlyk taglymy Özbegistanyň halkynyň garaşsyzlyk bilen bagly ähli arzuw-islegleri, maksatlaryny we bähbitlerini aňladýar.*

Özbegistanyň mynasyp perzendi, hakyky graždany bolaryn diýen her bir adam, milli taglymy bilmeli, okuwda, işde, durmuşda onuň esasy talaplaryny we ölçeglerini amala aşyrmaga ymtylyp ýaşamalydyr.

Mälim bolşy ýaly, adam jaý gurmazdan öň onuň planyny çyzýar. Ýogsam, işi nämeden başlap, nämeden gutarmalydygy, nähili we näçe serişde, material sarp etmegi bilmän kösener. Garaşsyzlyk gazanyp, täze jemgyýet gurmakçy bolan halk hem özüniň esasy maksatlaryny anyk kesgitleýär. Bu maksatlar onuň milli taglymynda öz şöhlelenmesini tapýar.

**Özbegistan halkynyň milli taglymy Prezidentimiz Islam Karimowyň ýolbaşçylygynda işlenip taýýarlandy. Ol «Milli garaşsyzlyk taglymy» ýa-da «Milli taglym» diýlip atlandyrylýar.**

Milli taglymymyzyň many-mazmuny ilkibaşda «Milli garaşsyzlyk taglymy: esasy düşünjeler we prinsipler» kitabynda giň açyp görkezildi, soňluk bilen döwletimiziň ýolbaşçysynyň eserlerinde, aýratynam, «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabynda has-da baýlaşdyryldy. Şu kitapda aşakdaky sözler ýazylan:

**«Adamzadyň köp asyrlyk taryhynyň delillendirişi ýaly, bu dünýäde özüniň milli döwletini gurmaga berk karar eden her haýsy halk uly wezipeleri amala aşyrmak, şu ýolda adamlary birleşdirmek we ugrukdyrmak, olaryň kalbynda ynam oýarmak, köne jemgyýetçilik düzüminden düýpgöter täze düzüme geçmekde özüne goşmaça güýç-gaýrat we medet tapmakda umumy, ýeke-täk maksat we arzuw-islegiň aňlatmasy bolan milli taglymy daýanç we söýeg hasaplaýar»[1].**

**Milli taglymymyzy döretmekden maksat – watandaşlarymyzy, ilki bilen, siziň ýaly ýaşlary ata Watanymyzy tüýs ýürekden söýüp, onuň tagdyry we geljegi üçin alada edip, özüniň kimdigine, nähili beýik halkyň perzentleridigine akyl ýetirip, buýsanç bilen ýaşaýan adamlar edip terbiýelemekden ybarat. «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» ylmynyň maksady hem hut şuny nazarda tutýar.**

**Şu dersligiň ikinji bölümi «Ruhyýet esaslary» diýlip atlandyrylýar. Siz bu bölümde «ruhyýet» düşünjesi barada, onuň adamyň, halkyň we jemgyýetiň durmuşynda nähili möhüm orun tutýandygy barada giň maglumata eýe bolarsyňyz.**

**Gysgaça aýdanda, «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» ylmy size Watany söýmek, oňa mynasyp perzent bolmak ylmyny, onuň ruhy taraplaryny öwredýär.**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 71-njy sah.

Şu ylmyň bilim ulgamyna girizilmegi we okadylmagy ýurdumyzda sagdyn we kämil nesli terbiýelemäge gönükdirilen uly ünsüň netijesidir. Diýmek, ýurdumyz ýaşlaryny her taraplaýyn ýetişen we kämil edip terbiýelemäge hyzmat etmek – bu ylmyň esasy wezipesi hasaplanýar.



Bu ylym özüniň maksatlaryny we wezipe-lerini amala aşyrmakda edebiýat, taryh, hukukşynaslyk, dinşynaslyk ýaly ylym-bilim ugurlaryndan, pedagogika we psihologiýa ylymlarynyň häzirki zaman düşündiriş, beýan etmek usullaryndan giňden peýdalanýar.



*Zat-hadysalaryň iň möhüm belgi we aýratynlyklaryny aňladýan söze ýa-da jümlä düşünje diýilýär.*

*«Prinsip» sözi bir tarapa ugur almak, nämänidir goramak, şoňa meýilli bolmak diýen manylary aňladýar. Milli garaşsyzlyk taglymynyň esasy düşünjeleri we prinsipleri diýende bu söz hut prinsip manysynda ulanylan.*

*«Prinsip» – latynça söz bolup, belli bir nazaryýetiň ýa-da taglymatyň esasy kada-kanunlaryny, garaýyş we nukdaý nazary aňladýar.*

Bir hakykaty ýatdan çykarmaň, ýagny bu gün biz lezzetlenip ýaşaýan özbaşdak durmuş ata-babalarymyz üçin asyrlaryň dowamynda gowy arzuw, beýik taglym bolup gelipdir. Eždatlarymyzyň ine şu ýolda uzak wagtyň dowamynda alyp baran maşakgatly göreşleri, agyr zähmetleri arkaly biz häzirki erkin we azat günlere ýetdik. Halkymyz garaşsyzlyk ýyllarynda maddy we ruhy tarapdan dünýäde hiç kimden kem bolmazdan ýaşamak, ösen döwletleriň hataryndan mynasyp orun eýelemek üçin ymtylmak bilen, bu ýolda biz il-ýurdumyza daýanç bolmagymyz mukaddes perzentlik borjumyzdyr.

Munuň üçin biz başga ylymlar bilen bilelikde «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary»ny hem pugta özleşdirip, ata Watanymyza wepalylyk bilen gulluk etmäge her taraplaýyn taýýar bolmalydyrys. Bu ýolda siz öwrenmäge girişýän şu ylym iň ýakyn kömekçiňiz bolar.

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» ylmy kim tarapyndan we haçan esaslandyryldy?
2. Bu ylym näçe bölümden ybarat?
3. Bu ylmyň birinji bölümi nähili atlandyrylýar we nämeleri öwredýär?
4. Milli taglym nämä hyzmat edýär?
5. «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» ylmynyň ikinji bölümi nähili atlandyrylýar we nämeleri öwredýär?
6. Milli taglymymyzyň many-mazmuny açyp görkezilen kitabyň adyny aýdyň.
7. Prezidentimiz Islam Karimowyň haýsy kitabynda milli taglymymyz hasda baýlaşdyryldy?
8. «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» ylmynyň maksady nämelerden ybarat?
9. Bu ylmyň wezipeleri barada aýdyp beriň.
10. Şu suratlara garap, sagdyn we kämil nesliň nähili bolmalydygy barada aýdyp beriň.


*a*


*b*


*ç*


*d*

# I bap

# GARAŞSYZLYK WE MILLI TAGLYM

## MILLI TAGLYM – GOWY ARZUW-ISLEGLERIŇ AŇLATMASY

Dünýädäki her bir halkyň milli taglymy onuň arzuw-islegleri, kalby, onuň pikirlenmesiniň aňlatmasy hökmünde peýda bolýar. Şol bir wagtda milli taglym öz-özünden şekillenip, amala aşmaýar. Munuň üçin, ilki bilen, amatly taryhy şert zerur bolýar.

**Garaşsyzlyk milli taglymyň şekillenmegi üçin iň möhüm taryhy şertdir. Şonuň üçin hem «garaşsyzlyk» we «milli taglym» düşünjelerini bir-birinden aýryp bolmaýar. Şu sebäp-li-de milli taglymymyz garaşsyzlyk manysyny aňladýan söz bilen bilelikde Milli garaşsyzlyk taglymy diýlip atlandyrylýar.**

**Diňe özbaşdak ýurtda halk erkin we azat ýaşamak, öz öňüne beýik maksatlary goýup, olary amala aşyrmak üçin ähli güýjüni, akyl-paýhasyny ugrukdyrmak mümkinçiligine eýe bolýar.**

Milli taglymymyzda jemlenen gowy arzuw-islegler asyrlaryň dowamynda halkymyzyň kalbynda ýaşap, onuň amaly işlerinde mälim derejede şöhlelenip gelipdir. Ýöne olary doly ýüze çykarmak, halkymyz, onuň janypkeş perzentleri näçe hereket etse-de, ýeterli taryhy şert bolmanlygy sebäpli ahyryna ýetmezden galyberipdir.

Meselem, XX asyryň başlarynda ýurdumyzda uly medeni aň-bilim işlerini amala aşyran jeditler ylym-bilim ýaýratmak, täzeçe usuldaky mekdepler, kitaphanalar, teatrlary açmak, gazet-žurnallary guramak arkaly Watanymyzy ösdürmek, halkymyzyň durmuşyny abat we bolelin etmäge ymtylypdylar. Emma ýokarda agzalan taryhy şertler – garaşsyzlygyň ýoklugy sebäpli olaryň hereketleri ahyryna ýetmedi.

**Şeýle şertleriň peýda bolmagy we ondan öz wagtynda peýdalanmak üçin halky oýarmakda, birleşdirmekde, ugrukdyrmakda uly ýolbaşçylyk ukybyna eýe bolan, mert, batyr, uzagy gözläp iş alyp barýan ýolbaşçynyň taryhyň sahnasyna çykmagy aýgytlaýjy ähmiýete eýedir.**

Siz Prezidentimiz Islam Karimowyň «Özbegistan garaşsyzlyk gazanmagyň bosagasynda» kitabyny okap, bu pikire doly göz ýetirýärsiňiz. 1989-njy ýylyň 23-nji iýunynda – Islam Karimow Özbegistanyň ýolbaşçysy hökmünde işe başlan wagtynda öňki SSSR düzüminde bolan ýurdumyz gaty agyr ýagdaýa düşüp galandygyny siz şu kitapdan bilip alarsyňyz. Şonda SSSR-iň merkezi şäherlerinden Özbegistana sülçüler, biziň şertimizi, dilimizi, urp-adatlarymyzy umuman bilmeýän, hormat etmeýän ýolbaşçy işgärler iberilipdi. Olar pagta ýekehäkimligi şertinde, gaty kyn ýagdaýda ýaşaýan halkymyza görä sütemleri we yzarlamalary güýçlendirdiler. «Pagta işi» diýen galp aýplamalar bilen näçe-näçe günäsiz adamlar tussag edildi, nähak jezalandyryldy. 1989-njy ýylyň maý aýynda Fergana welaýatynda jenjel-başagaýlyklar başlanyp, ýurdumyzda örän agyr ýagdaý emele gelýär. Ynha şeýle çylşyrymly şertlerde Islam Karimow bütin jogapkärçiligi öz üstüne alyp, halkymyzy garaşsyzlyga tarap ugrukdyrýar. Ýaňy täze wezipä saýlanan Özbegistanyň ýolbaşçysynyň respublika möçberinde geçirilen uly mejlisdäki ilkinji çykyşyny «Biz mundan beýläk köneçe ýaşap bilmeris we şeýle ýaşamaga döwrüň özi ýol bermeýär» diýen sözler bilen başlamagy onuň hakykatdan hem il-ýurdumyzyň kalbyndaky milli taglym – asyrlardan gelýän arzuw-islegleri amala aşyrmak üçin berk tutanýerlilik bilen meýdana çykandygyny delillendirýär.



Garaşsyzlyk ugrunda ine şeýle uly edermenlik bilen başlanan hereketler sebäpli tiz arada Fergana welaýatynda

ýüze çykan pajygaly wakalara hakyky baha berlip, olaryň netijeleri aradan aýryldy. Ýurdumyzda ilata goşmaça mellekleri bölüp bermek, «pagta işi» bilen nähak tussag edilenleri jezadan azat etmek, pagtanyň nyrhyny ýokarlandyrmak, gowaça ekilýän meýdanlary kemeltmek, agyz suwy we tebigy gaz üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça ençeme taryhy kararlar kabul edildi. Halkymyzyň ruhy durmuşynda-da uly özgerişler bolup geçdi. Özbek diline döwlet dili derejesiniň berilmegi, Nowruz umumhalk baýramynyň, Remezan we Gurban baýramlary ýaly dini haýyt günleriniň, milli gymmatlyklarymyzyň, beýik eždatlarymyzyň mübärek atlarynyň, mirasynyň dikeldilmegi şolara degişlidir. Bularyň ählisi ýurdumyzdaky ýitileşen ýagdaýy aradan aýryp, halkymyzyň kalbynda ertirki güne, onuň öz güýjüne we mümkinçiliklerine bolan ynamy güýçlendirdi.

**Her bir halk garaşsyzlyk gazanmagy bilen öz milli döwletini dikeldýär ýa-da ony täzetden gurmaga başlaýar. Biz hem Watanymyz garaşsyz bolansoň üç müň ýyllyk taryha eýe bolan milli döwletliligimizi dikeltdik. Ine şu milli döwletlilige, onuň baý tejribesine we däplerine esaslanyp, şonuň bilen birlikde, dünýädäki ösen döwletleriň tejribesini hasaba alyp, ýurdumyzda hukuk demokratik döwletini, raýatlyk jemgyýetini gurmaga girişdik.**

Ilki bilen, ine şu täze döwletiň we jemgyýetiň maksatlaryny we wezipelerini aýdyň kesgitläp, ondan soň ähli halkymyzy bu beýik işe ugrukdyrmak üçin täze taryhy şertde milli taglymymyzyň esasy düşünjelerini we prinsiplerini şekillendirmek ýiti zerurlyga öwrüldi. Bu babatda ýurdumyzyň Prezidenti Islam Karimowyň milli taglym, Özbegistanda gurulýan täze döwletiň we jemgyýetiň durmuş-ykdysady, ruhy-aňyýet esaslary baradaky pikirleri, ähli fundamental eserleri esas boldy. Şeýdip 2000-nji ýylda «Milli garaşsyzlyk taglymy: esasy düşünjeler we prinsipler» kitaby taýýarlanyp, neşir edildi. Onda milli taglymymyzyň many-mazmuny giňişleýin beýan edilip, esaslandyryp berildi. Döwletimiziň ýolbaşçysynyň 2008-nji ýylda neşir eden «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda milli taglymymyzyň esasy düşünjeleri we prinsipleri has-da giň açyp görkezildi.

Biz «sütemkär düzüm», «sowet kolonial döwri», «kommunistik aňyýet hökümdarlygy», diýip atlandyrýan öňki SSSR döwründe milli taglymy-

myzyň käbir belgileri we alamatlary halkymyzyň kalbynda ýaşap, wagtal-wagtal stihiýalaýyn, ýagny anyk ulgama eýe bolmadyk, dagynyk düşünjeler, arzuw-islegler görnüşinde göze ilýärdi. Diňe garaşsyzlyk döwründe milli taglymymyz bitewi ulgam bolup şekillendi.

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Milli taglymyň peýda bolmagy üçin ilki bilen näme zerur?
2. Milli taglymymyz näme üçin Milli garaşsyzlyk taglymy diýlip atlandyrylýar?
3. Milli taglymyň doly şekillenmegi we ýüze çykmagy üçin iň möhüm taryhy şert diýende nämäni düşünýärsiňiz?
4. XX asyryň başynda jeditler başlan işler näme üçin ahyryna ýetmän galdy?
5. Prezidentimiz Islam Karimowyň «Özbegistan garaşsyzlyk gazanmagyň bosagasynda» kitabyny okap, nämä göz ýetirýäris?
6. Suratlara garap, ýurdumyzda garaşsyzlyk taglymynyň nähili amala aşyrylandygy barada aýdyp beriň.



*a*



*b*


*ç*


*d*

## RUHYÝET WE ONUŇ KESGITLEMESI

Eziz okuwçy, şu ylmyň ady «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» bolany üçin, ilki bilen, ruhyýetiň özi barada giňräk düşünjä eýe bolmaga hereket edeliň.

Prezidentimiz Islam Karimow ruhyýete aşakdaky ýaly kesgitleme beripdir:

**«Ruhyýet – adamy ruhy taýdan päklenmäge, ýürekden galkynmaga ündeýän, adamyň içki dünýäsini, erkini güýçli, iman-ygtykadyny bitewi edýän, wyždanyny oýarýan çäksiz güýç, onuň ähli garaýyşlarynyň ölçegidir»[1].**

Diýmek, ruhuň päkligi – ruhyýetiň baş şerti. Ruhy taýdan päk bolmaga ymtylýan adamlarda ruhyýet başgalara garanda güýçli bolýar.

*Ruhy päkleniş köňlüň arassalygyny, gowy arzuw-niýetler bilen, akgöwünli ýaşamagy aňladýar.*

Ýokarda agzalan kesgitlemede esaslandyrylyp berlen ýene bir möhüm ölçeg ýürekden galkynmakdyr.

*Ýürekden galkynmak kalbyň özümiz doglup ösen Watana söýgi, ene halkymyza mähir we wepalylyk bilen dolup, şu esasda ak bilen garany saýgaryp, barha kämilleşmegi aňladýar.*

Nobatdaky ölçeg – ruhyýetiň adamyň içki dünýäsini, erkini güýçli, iman-ygtykadyny bitewi etmek aýratynlygydyr.

*Adamyň içki dünýäsi – durmuşy diňe daşardan däl, eýsem şol bir wagtda hyýalyň we göz öňüne getirmäniň, akylyň hem-de pikiriň kömeginde synlap, derňäp barmaga mümkinçilik berýän ruhy älemdir.*

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 19-njy sah.



Ruhy dünýäsi baý adamda içki nazar güýçli bolýar. Şeýle adamlary kalp gözi açyk adam, diýip hem taryplaýarlar. Diýmek, ruhyýet biziň diňe bir daşky däl, eýsem kalp gözümiziň hem açyk bolmagyny talap edýär. Ynha şu içki göz bilen zat-hadysalaryň daşyndan garanda görünmeýän many-mazmuny düşünilýär. Netijede köp ýalňyş-kemçiliklerden gutulmaga, dosty duşmandan, ýagşyny ýamandan saýgarmak mümkinçiligi döreýär.

Içki dünýäsi giň, baý we güýçli adam hemme işi pugta oýlanyp amala aşyrýar, içki ruhy hemrasyndan, maslahatdaşyndan goşmaça güýç-kuwwat alyp durýar. Şonuň üçin hem Ýurtbaşymyz ruhyýetiň ýeňilmez güýçdügini aýratyn nygtaýar.

*Adam erkiniň güýçlüligi onuň akyl-paýhasynyň, duýgularynyň anyk bir maksada gönükdirilip, özüni hem içki, hem daşky tarapdan dolandyryp bilmek başarnygy bilen kesgitlenilýär.*

Erki güýçli adam kalbyndaky haýyrly duýgularyny oýaryp, endamynda täze güýç-gaýraty duýan ýaly bolýar we başgalardan köpräk işläp ýa-da okap, üstünligini ýüze çykarýar.

Meselem, öňki sowet düzümi döwründe geljege uly umyt bilen garap, azat we özbaşdak günleriň gelmegine ynanyp ýaşan halkymyz ýüregindäki taryhy hatyra duýgysyndan, beýik eždatlarymyza buýsanmak duýgusyndan çäksiz güýç-gaýrat alypdyr. Şonuň üçin hem şol agyr zamanda, näçe zulum we sütemler bolsa-da, olar halkymyzyň erkini epip, ruhuny söndürip bilmändir.

Dyngysyz türgenleşik, durmuş synaglarynda taplanmak, kynçylyklardan gorkmazdan, diňe öňe tarap ymtylmak, özüniň güýçlerine we mümkinçiliklerine ynanmak netijesinde adamyň erki barha berkeýär.

**«Erk – bu aslynda berk ynam diýmekdir. Erki güýçli adam özüne ynanýar we islendik çylşyrymly wezipäni öz üstüne almakdan gorkmaýar»[1].**

Ýene bir ölçeg – iman-ygtykadyň bitewiligi-de ruhyýetiň aýrylmaz bölegidir.

*Ýagşylyk we hakykata berk ynam, kämillige tarap ymtylmak iman-ygtykadyň alamatydyr.*

Adamdaky ynam-ygtykat bitewi, ýagny doly we gutarnykly bolsa, hiç hili şübhe-güman oňa ýara salyp bilmeýär, ol ruhyýetiň daýanjyna, özenine öwrülýär.

Adamyň wyždanyny oýarýan çäksiz güýç hem ruhyýetiň möhüm düzüm bölegidir.

*Wyždan hemme zada hakykat we adalat nukdaý nazaryndan garamak, çemeleşmek, jogapkärligi duýmakdyr.*

Durmuşda ýagşylygyň amal etmegi üçin göreşmek, ýagşa – ýagşy , ýamana – ýaman gatnaşykda bolmak wyždanly adamyň işidir.

Dünýädäki ýalançylyk, gözboýagçylyk, utançsyzlyk, başga biriniň hakyna hyýanat etmek ýaly nogsanlar adamdaky wyždan duýgusyny söndürip, gitdigiçe ony wyždansyz adama öwrüp goýmagy mümkin. Ruhyýet bolsa tersine – wyždan duýgusyny oýarmaga hyzmat edýär.

**«Wyždany sak adam daş-töwereginde bolýan wakalara, goldawa we kömege mätäç adamlaryň meselelerine, adalatyň aýagasty bolmagyna biperwaý garap bilmeýär. Aýratynam, il-ýurduň bähbidine zyýan ýetirýän ýowuz hereketlere hiç haçan daşdan ümsüm garap durup bilmeýär, öz ýurduna we halkyna edilýän hyýanaty we dönükligi asla kabul edip bilmeýär. Şeýle ýagdaýlary görende wyždany gynalýar, hemişe ýanyp-bişip ýaşaýar, nädip bolsa-da, olary aradan aýyrmaga ymtylýar, gerek bolsa, bu ýolda hatda janyny hem pida edýär»[2].**

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 123-nji sah.

[2] Şol eser, 27–28-nji sahypalar.

Ruhyýet wyždany oýarýandygy üçin hem adamyň ähli garaýyşlarynyň ölçegi bolup gelýär.

*Adamyň ähli garaýyşlarynyň ölçegi diýip, onuň kalbyny, dünýägaraýşyny, gylyk-häsiýetlerini kesgitleýän ynam-ygtykada aýdylýar.*

Ynam-ygtykat – ruhyýetiň esasydyr. Diýmek, adamyň garaýyşlarynyň ölçegini ýokary ruhyýet kesgitleýär. Ýagny, adamzat zat-hadysalara baha berende hut ruhyýete, ruhy ölçeglere daýanyp çemeleşýär.

**«Çyndan hem, eger adamzat bu dünýäde ruhy taýdan päk bolup, erki güýçli, imany bitin, wyždany sak bolup ýaşamasa, adamyň durmuşynyň nähili manysy galar?»**[1]

Netije çykaryp aýdanda, *ruhyýet* – adamyň, halkyň we jemgyýetçilik durmuşynyň esasy we baş alamatydyr.

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Ruhyýetiň kesgitlemesini aýdyň.
2. Adamyň içki dünýäsi diýende nämäni düşünýärsiňiz?
3. Siz durmuşa kalp gözi bilen garap gördüňizmi?
4. Adamyň erkiniň güýçlüligi barada aýdyp beriň.
5. Kalbyň galkynmagy diýende nämäni düşünýärsiňiz?
6. Şu suratlara garap, erki taplamagyň ýollary barada aýdyp beriň.


*a*


*b*


*ç*


*d*

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 28-nji sah.

## PIKIR WE TAGLYM

Eziz okuwçy, ruhyýet adamyň, halkyň we jemgyýetçilik durmuşynyň esasy alamatydygyny nazarda tutmak bilen, aň-düşünjeli janly organizm bolan adamzadyň iň möhüm aýratynlyklary baradaky pikirler bilen söhbetimizi dowam etdirýäris. Ynha şeýle aýratynlyklardan biri diňe adama mahsus bolan oýlanmak we pikirlenmek ukybydyr.

**Adam durmuşda her gün diýen ýaly dürli waka-hadysalary görüp, synlap, olar baradaky maglumatlary dyngysyz kabul edip durýandygy üçin onuň aň-pikirinde-de hemişe özgerişler bolup durýar. Olara biz pikir, oý ýa-da hyýal diýýäris.**

Köp watandaşlarymyz Watanymyzyň paýtagtyna gelip, bu ýerdäki özgerişleri görensoň özünde galdyran täsirlerini şeýle beýan edýär: «Daşkende baryp, pikirim, düşünjäm bütinleý üýtgedi, ol ýerdäki Garaşsyzlyk we Hatyra meýdanlaryny, Özbegistanyň Milli bagyny, Emir Temur alleýasyny, Hezreti Ymam toplumyny, täze-täze binalary, liseýleri we kolležleri, abat köçeleri görüp, garaşsyzlygyň güýjüne ýene gezek ykrar boldum». Şundan hem bilsek bolýar, ýagny täzelikler we özgerişler adamlaryň aňynda täze pikirleri döredýär, pikirlenmesini üýtgedýär.

Şeýle bolýan bolsa, geliň, ilki bilen, pikir barada durup geçeliň.

**Adamlaryň arzuw-niýetlerine garap, pikirler iki hili bolýar. Birinjisi – diňe bir adamyň düşünjesini aňladýan şahsy pikir. Ikinjisi – köpçüligiň düşünjesini aňladýan jemgyýetçilik pikir.**

*Pikir adamlaryň ünsüni çekýän, olary birleşdirýän, herekete ündeýän bolsa, taglym diýlip atlandyrylýar.*

**Şahsy, ýagny bir adamyň şahsy düşünjesini ýa-da bähbitlerini aňladýan pikir başgalar üçin taglym bolup bilmeýär. Çünki ol diňe bir adamyň maksadyny görkezýär. Meselem, «Men jaý gurmakçy» ýa-da «Men kitap okajak» diýen pikirler başgalary birleşdirýän we herekete ündeýän güýje eýe däl.**

**Taglym, ilki bilen, köpçüligiň arzuw-isleglerini we bähbitlerini aňlatmagy, adamlary birleşdirmegi we haýsy-da bolsa bir maksady amala aşyrmak üçin ugrukdyrmalydyr.**



Şonuň üçin hem jemgyýetçilik ähmiýete eýe, ýagny köpçüligiň bähbitlerine degişli bolan pikir taglyma öwrülmegi mümkin. Meselem, «Men mähelle başlygy bolsam, adamlary birleşdirip, olaryň güýji bilen täze güzer gurdurjak» diýen sözler şu mähelle agzalary üçin jemgyýetçilik pikir. Bu, öz gezeginde, mähelläniň adamlaryny şol adam üçin ses bermäge ündeýän, şu ugurda birleşdirýän we ugrukdyrýan taglym hemdir.

Eger pikir ýurt möçberinde jemgyýetçilik ähmiýetli bolsa, ol wagty gelip, milli taglyma öwrülmegi mümkin.

**«Milli taglym diýende, eždatlardan nesillere geçip, asyrlaryň dowamynda hormatlanyp gelinýän, şu ýurtda ýaşaýan her bir adam we bütin halkyň kalbynda çuňňur kök atyp, onuň ruhy islegine we durmuş talabyna öwrülen, ýeri gelende aýtsak, her haýsy milletiň iň gowy arzuw-isleglerini we umyt-maksatlaryny özümiz göz öňüne getirýän bolsak, meniň pikirimçe, şeýle giň manyly düşünjäniň many-mazmunyny beýan eden bolarys»[1].**

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 71-nji sah.

Meselem, garaşsyzlyk asyrlaryň dowamynda ata-babalarymyzyň kalbyndaky iň mukaddes arzuwdy. Ol jemgyýetçilik ähmiýete eýe bolany, ýyllaryň dowamynda halkymyzyň bähbitlerine jogap berýän maksada öwrülendigi üçin hemmäni birleşdirýän milli taglyma öwrüldi. Halkymyz Prezident Islam Karimowyň ýolbaşçylygynda ine şu taglymyň daşyna jebisleşip, 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda ony amala aşyrdy we özbaşdak Özbegistan döwleti dikeldildi.

**«Biziň iň beýik maksadymyz, iň beýik taglymymyz şu, ýagny Özbegistanyň bir ýoly bar: garaşsyzlygy pugtalandyryp, ýurdumyzy her taraplaýyn ösdürip, ýagty we erkin durmuşa tarap öňe ýöremek»[1].**

Üns beren bolsaňyz, telewizorda we radioda «jemgyýetçilik pikirleri öwrenmek» diýen sözler köp ulanylýar. Munuň sebäbi şundan ybarat, ýagny demokratik jemgyýet gurmak ýolundan barýan ýurtlar, şol sanda, biziň ýurdumyzda hem adamlaryň jemgyýetdäki özgerişlere we özgertmelere gatnaşygyny, umumy keýpini bilmek üçin olaryň pikiri öwrenilýär. Jemgyýetçilik pikiriň nähililigi, halky köpräk haýsy meseleler gyzyklandyrýandygyna garap, hökümet edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik guramalary ýurdy ösdürmek boýunça täze-täze taglymlary öňe sürýärler.

Jemgyýetçilik pikirleri köpçüligiň maksatlary we bähbitleri bilen bagly bolany üçin ony amala aşyrmakda halk bilen maslahatlaşylýar. Meselem, ýurdumyzyň parlamenti – Aly Mejlisiň aşaky – Kanunçylyk palatasy ýa-da ýokary palatasy – Senatynyň sessiýalarynda täze kanunlar kabul edilýär. Bu kanunlar halkymyzyň düýp bähbitlerini aňladýan meseleleriň kanuny çözgüdini görkezip berýär. Meselem, fermerlik, kiçi biznes we hususy telekeçiligi ösdürmek, ýaşlaryň sagdyn we kämil bolup kemala gelmegi üçin ähli şertleri döretmek – bularyň ähli̇si halkyň jemgyýetçilik pikirlerini öwrenmek arkaly Aly Mejlisiň palatalarynyň sessiýalarynda kanun resminamalary şeklinde kabul edilýär.

Diýmek, ýurdumyzda gurulýan demokratik jemgyýet şertinde jemgyýetçilik ähmiýetli taglymlar parlament tarapyndan kabul edilen kanunlar,

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 76-njy sah.




Prezidentiň kararlary we permanlary, buýruklary, hökümet kararlary, maksatnamalary we başga kanuny resminamalar arkaly amala aşyrylýar. Özbegistanyň döwlet özbaşdaklygy hem ýurdumyzyň parlamentinde 1991-nji ýylyň 31-nji awgust güni kabul edilen kanun resminamasy esasynda amala aşyryldy.

Elbetde, durmuşda şahsy pikiri amala aşyrmak boýunça hem kim bilendir maslahatlaşylýar. Meselem, bir watandaşymyz jaý satyn almakçy bolsa, maşgala agzalary, ýakyn garyndaş we dost-ýarlary bilen maslahatlaşýar. Umuman, her işi maslahat bilen eden gowy. Çünki, halkymyzyň dili bilen aýdanda, maslahatly toý dargamaz, ýagny ahyryna çenli gowy geçer. Ýöne şahsy pikir boýunça her näçe maslahat edilse-de, ahyrky netijede nähili karara gelmek pikiriň eýesiniň ygtyýarynda bolýar. Çünki, bu pikir diňe onuň bähbidini aňladýar, başgalaryň bähbidine bagly bolmaýar. Diýmek, şahsy pikir şahsy netijä, şahsy taglyma öwrülmegi mümkin, ýöne köpçülik üçin taglym bolup bilmeýär.

**Şahsy pikir adamyň şahsy karary esasynda amala aşyrylýar.**

Meselem, siz kämillik ýaşyna ýeteniňizde haýsy käri saýlamak, haýsy okuw edarasyna girip okamak boýunça ata-eneňiz, mugallymlaryňyz, dostlaryňyz bilen hökman maslahatlaşýarsyňyz. Ýöne gyzyklanmaňyzdan we ukybyňyzdan gelip çykmak bilen, haýsy käri saýlamak ýa-da haýsy okuw edarasyna girip okamak barada özüňiz bir karara gelýärsiňiz.

Biz näme üçin beýik adamlaryň şahsy sypatlaryny, öz perzentlerine, maşgala agzalaryna aýdan öwüt we nesihatlaryny, hatlaryny öwrenýäris? Olar bir ömür ýokary taglymlar bilen ýaşany, hemişe köpçüligiň bagtyny oýlap ýaşandyklary üçin şahsy durmuşy-da şonça gymmatlydyr.

**Beýik maksatlar bilen ýaşan adamlaryň şahsy pikiri hem jemgyýetçilik ähmiýetli bolýar.**

*Bähbit diýende, maksada laýyk bolan, talaplara we isleglere jogap berýän zat-hadysa, gylyk-häsiýetlere ýa-da işlere düşünilýär.*

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Adamda pikir nähili peýda bolýar?
2. Pikirler näçe hili bolýar?
3. Şahsy we jemgyýetçilik pikiriň tapawudy nämede?
4. Şu suratlarda kimiň nähili pikir bildirýändigini düşündiriň.



*a*



*b*



*ç*



*d*

5. Siz öz pikiriňizi ilki bilen kime aýdýarsyňyz?
6. Taglym nähili pikirden peýda bolýar?
7. Milli taglym diýip nämä aýdylýar?
8. Maşgalada, mekdepde kimlerden maslahat soraýarsyňyz? Bu maslahatlar size nähili kömek edýär?

## TAGLYMYŇ ESASY AÝRATYNLYKLARY WE GÖRNÜŞLERI

Eziz okuwçy, durmuş örän köptaraply we köpdürlüdir. Ondaky her bir waka-hadysa gaýtalanmaýan şekle we many-mazmuna eýe. Şonuň bilen birlikde, durmuş gaty çalt üýtgäp durýandyr. Aýratynam, häzirki okgunly döwürde düýn täzelik bolup görnen zat bu gün könelen bolmagy mümkin.

Adamlaryň garaýyşlary, oý-pikirleri-de köpdürlüdir. Bu hakda Prezidentimiz Islam Karimow aşakdakylary nygtapdyr:

**«Ýer ýüzünde näçe adam ýaşaýan bolsa, barmagynyň yzy hem, içki dünýäsi hem birmeňzeş bolan iki adamy tapmak, duşmak kyn. Bu adamlaryň pikirleniş we ýaşaýyş terziniň-de bir-birinden tapawutlanýandygy tebigydyr»[1].**

Şoňa görä-de, adamlaryň maksadyny, arzuw-isleglerini şöhlelendirýän taglymlar hem köpdürli bolýar.

**Taglymlar özboluşly ulgamy emele getirmek, jebisleşdirmek, ugrukdyrmak, ýagny öňe äkitmek, hereket çeşmesi bolmak ýaly aýratynlyklara eýe.**

Geçen söhbetimizde pikiriň we taglymyň bir-birinden tapawudy barada gürrüňleşipdik. Ýatda saklaň, taglymyň özi-de pikirden döreýär.

**Taglym barha ösüp, kämilleşip, köpçülikde gyzyklanma oýarýan pikirdir.**

Barha kämilleşýän islendik zat mälim bir ulgama eýe bolýar.

**Taglym özüniň many-mazmunyna ýakyn bolan pikirleri, düşünjeleri birleşdirip ulgam emele getirýär.**

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 23-nji sah.

Meselem, azatlyk taglymyny alalyň. Bu taglym azatlyk, erkinlik, göreş, garaşsyzlyk, hukuk, deňlik we adalat ýaly düşünjeleri we göz öňüne getirmeleri özüniň birleşdirýär. Şonuň üçin ony amala aşyrmak zerurlyga öwrülende, şu ulgamdaky düşünjeleriň ählisi derwaýys bolup, adamlary özüne çekýär. Siz azatlyk üçin göreş alyp baran halklaryň taryhy, şol sanda, öz taryhymyzyň mysalynda hem muňa göz ýetirip bilersiňiz.



Eger agaja üns beren bolsaňyz, ol baharyň gelmegi bilen täze şahalary çykaryp, pajarlap ösýär. Çünki bahar paslynda onuň ösmegi üçin amatly şertler emele gelýär. Taglymyň barha ösüşini-de şuňa deňemek mümkin.

**Jemgyýet uly özgerişleriň öňüsyrasynda duran mahalynda, halkyň ýolbaşçylarynyň aňynda hem adamlar üçin durmuş taýdan zerur taglymlar döreýär.**

Meselem, garaşsyzlygyň öňüsyrasynda we garaşsyzlykdan soň Prezidentimiz Islam Karimow tarapyndan ýurdumyzda täze durmuş gurmak, özgertmeleri amala aşyrmak, ýurduň parahatçylygy, halkymyz abadançylygy, kämil adamy terbiýelemek boýunça näçe-näçe gowy taglymlar öňe sürüldi. Olaryň hemmesi milli taglymymyza siňdirilip, bu günki günde Konstitusiýamyz, kanunlarymyz arkaly durmuşymyzda öz beýanyny tapýar.

**Her bir döwür adamlaryň öňüne täze-täze wezipeleri goýýar. Şoňa garap taglymlaryň gurluşy, olaryň ulgamy hem özgerýär.**

Mysal üçin, adalat taglymyny alalyň. Bu taglymy amala aşyrmakda gadym zamanlarda adalatly patyşa, adalatly hökümdar taglymy esasy ünsde bolupdyr. Siz Alyşir Nowaýynyň we başga nusgawy şahyrlarymyzyň eserlerini okansyňyz, olarda ine şu taglymyň şöhlelenmesini görýärsiňiz. Ýöne XX asyryň başlaryna gelip biziň ýurdumyzda adalaty gazanmagyň esasy şerti – halkyň erk-islegi bilen dolandyrylýan jemgyýeti gurmak, adamlaryň aň-

düşünjeli, bilimli we medeniýetli bolmagy, diýen garaýyşlar peýda bolupdyr. Şeýle taglymlary jedit babalarymyz öňe sürüpdirler. Biziň döwrümizde bolsa, dünýädäki ösen döwletleriň tejribesinden gelip çykmak bilen, adalaty gazanmak erkin we abat durmuş, her bir adamyň öz hak-hukugyny bilmegi, kanunyň ileri tutulmagy arkaly amala aşyrylýar, diýen taglym esasy orun tutýar.

**Taglymlar döwrüň talabyna garap öz gurluşyny üýtgetmegi, olaryň ulgamyndaky käbir düşünjeleriň we garaýyşlaryň könelişmegi, olaryň ýerine täzeleriniň peýda bolmagy mümkin.**

Taglymyň jebisleşdirijilik aýratynlygy onuň ulgam emele getirmek aýratynlygy bilen berk bagly. Aslynda bir-birinden täsirli düşünjeleri we pikirleri öz daşyna birleşdirmekden maksat hem, ilki bilen, adamlary jebisleşdirmekden, bitewi güýje öwürmekden ybarat. Çünki, dürlüçe garaýyşlara we düşünjelere eýe bolan adamlaryň her birini baş taglymyň daşyna jebisleşdirmek üçin ine şeýle dürlüçe düşünjeler we taglymlar gerek bolýar. Azatlyk taglymy başga pikirler we taglymlar bilen bilelikde bähbitleri dürlüçe bolan adamlary özüne giňden çekýär. Meselem, azat bolsak, ýerimiz, suwumyz özümiziňki bolýar, diýen pikir daýhanlarda, zawod-fabriklerimiz özümiziňki bolýar, diýen taglym işewür adamlarda, aňymyz, pikirimiz erkin bolýar, diýen garaýyş bolsa intelligentlerde uly gyzyklanma oýarýar. Şeýdip ähli taýpadaky adamlary birleşdirmek mümkinçiligi döreýär.

Taglymyň mobilizleýji, ýagny öňe ugrukdyryjy we hereket çeşmesi bolmak aýratynlygyna hem durmuşdan köp mysallary getirmek mümkin. Siz adamlaryň arasynda «bu ýyl gowy işläp, tapanyma toý etjek ýa-da maşyn aljak», «jaý gurjak», «täze dükan açaryn» diýen sözleri köp eşidensiňiz. Görşüňiz ýaly, anyk maksat olary herekete ündeýär. Taglym hem şeýle.

**Türki, ýagny häzirki özbek dili pars we arap dillerinden kem däl, diýen taglym Alyşir Nowaýyny ene dilimizde köp eserleri, şol sanda, bäş dessandan ybarat «Hamsa» kitabyny döretmäge ündäpdir.**

*Eziz okuwçy, hany aýdyň, nähili pikir ýa-da maksat sizi gowy okamaga ündeýär?*

**Gowy taglymlar öz töweregine ähli asylly duýgulary, düşünjeleri we garaýyşlary birleşdirýär. Şonuň üçin olar adamlary jebisleşdiriji güýjüne eýe. Ýagşy taglymlar hiç haçan ölmeýär. Çünki, olar halkyň umyt-ynamyndan, nesilleriň arzuw-armanlaryndan peýda bolýar. Ýyllar, asyrlar geçse-de, täzeden güýjäp, adamlary göreşe, herekete ündäp ýaşaberýär.**

Haýyr we ýagşylyk taglymlary iň gadym zamanlarda hem adamlaryň hyýalynda bolupdyr. Halkymyzyň beýik ruhy ýadygärligi bolan «Awesto» kitabynda ýagşylyk baş taglym hökmünde wasp edilen. Aradan asyrlar, müň ýyllar geçendigine seretmezden, ýagşylygy aýawlamak, adamlary ýagşylyga çagyrmak bu günki günde hem derwaýys. Şonuň üçin hem her gün diýen ýaly mekdebe ugrajak bolanyňyzda eta-eneňiz size «Balam, gowy oka, ýagşy bol, ýamanlara goşulma» diýip nesihat edýär.

Halkymyzda «Ýagşy sözüň ganaty bolýar» diýen nakyl bar. Çünki, ýagşy söz çalt ýaýraýar, derrew adamlaryň kalbyny zabt edýär. Ýagşy taglym hem şeýle. Ussat ýazyjymyz Abdulla Kahhar «Edebiýat – atomdan güýçli» diýen. Näme üçin edebiýat atomdan güýçli? Edebiýatyň güýji söz arkaly beýan edilýän göreldeli pikirde we taglymda. Siz «Edebiýat» dersinden gowy bilşiňiz ýaly, edebiýatyň esasy guraly – söz. Ýöne bu gural haýsy-da bolsa bir peýdaly pikiri ýa-da taglymy aňlatsa, onuň täsir güýji has-da artýar. Muny döwletimiziň ýolbaşçysy «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda aýratyn nygtaýar.

**«Adamy, onuň ruhy älemini açýan ýene bir güýçli serişde bar, ol hem bolsa, söz sungaty, çeper edebiýatdyr. Edebiýatyň adamşynaslyk diýip, şahyr-ýazyjylaryň bolsa adam ruhunyň inženerleri, diýip taryplanmagy ýöne ýerden däl, elbetde»[1].**

*Taglymlar bir görnüşdäki, ýagny özara meňzeş taglymlary birleşdirýär. Olara taglymyň görnüşleri diýilýär.*

**Taglymlaryň milli ýa-da umumadamzat, dini ýa-da dünýewi, ylmy ýa-da filosofik bolmagy mümkin. Bir ýurduň halkynyň**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 136-njy sah.

**maksatlaryny we bähbitlerini aňlatsa, ol milli taglym bolýar. Meselem, täze jemgyýet gurmak – Özbegistanyň halky üçin milli taglym hasaplanýar. Planetamyzy gorap saklamak, ganly uruşlara ýol bermezlik – umumadamzat taglymy.**

Dünýäde şeýle taglymlar hem bolup, olar adamlary anyk maksada tarap mobilizlemegiň, öňe äkitmegiň ýerine, tersine, adamlary gowy niýetlerden, haýyrly işlerden üzňeleşdirýär ýa-da olaryň hereket etmegine ýol bermeýär. şonuň üçin hem taglymlaryň öňdebaryjy we konserwatiw bolmagy mümkin.

*«Konserwasiýa» latynça söz bolup, köneligi dikeltmek, köneligi goramak diýen manylary aňladýar.*

**Bu günki günde yzygider, ýagny tapgyrlaýyn ösüş ýolundan barmak öňdebaryjy taglym, köne sowet düzümindäki ýokardan buýruk ediji usulda işlemegi goramak bolsa konserwatiw taglym hasaplanýar.**

**Taglymlar halkyň erkini, arzuw-islegini we bähbitlerini näçe dogry ýa-da nädogry aňladyşyna garap asyl ýa-da galp, ýaradyjy ýa-da weýran ediji bolmagy mümkin.**

Siz garaşsyzlyga bagyşlanan derslerden ýurdumyzda garaşsyzlykdan öň kommunistik partiýa diýen güýjüň agalyk edendigini bilýärsiňiz. Bu partiýa ilkibaşda bolşewikler partiýasy diýlip atlandyrylypdy. Bolşewikler tarapdarlary köpçüligi düzmegini nygtamak üçin ilki özlerini şeýle atlandyrypdyrlar.

*«Bolşinstwo» diýeni rus dilinde köpçülik diýen manyny aňladýar.*

Bolşewikleriň esasy taglymlaryndan biri hususy eýeçiligi düýbünden ýok edip, döwlet eýeçiliginiň hökümdarlygyny ýola goýmak we adamlary sosial taýdan deňleşdireris diýip, hemmäni mal-mülkünden aýryp garyp etmekden ybaratdy. Bu taglym galpdy. Çünki, dünýäde hiç haýsy adam öz emläginden aýrylyp, garyplykda ýaşamagy islemeýär. Emlägini ýitiren adam erkinligini hem, mertebe-buýsanjyny hem ýitirýär. Bolşewikler öňki SSSR-iň çäginde ýeke-täk hökümdarlygy ele alansoň, bu uly mekandaky ähli halklary şeýle ýagdaýa saldy we muny özleriçe deňlik diýip atlandyrdylar.

**Bu gün biz amala aşyrmaga ymtylýan hemmäniň kanunyň öňündäki deňligi asyl taglymdyr. Sebäbi, jemgyýetde kanunyň we adalatyň höküm sürmegini, hiç kimiň hukugynyň kemsidilmezligini hemme isleýär.**

**Adamzat üçin gadyrly bolan gowy taglymlar ösüş netijesinde baýap, ösüp, umumadamzat gymmatlyklary ulgamyna siňip gidýär. Meselem, biziň topragymyzda peýda bolan zarduştylyk taglymatyndaky ýagşylyk, yslam dinindäki kämillik, haýyr-sahawat, gadymky Gresiýadaky demokratiýa, azatlyk taglymlary, Gündogar galkynyş döwründäki aň-bilim taglymlary şolara degişlidir.**

Tebigatyň özi adamy gözlegçi we gyzyklanýan edip ýaradypdyr. Ol hemişe haýsy-da bolsa bir täzelige, özüniň akyly we ukyby bilen haýyrly işleri etmäge, özüne akyl ýetirmäge ymtylýar. Şonuň netijesinde onuň kalbynda täze-täze duýgular, aňynda bolsa taglymlar peýda boluberýär.

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Taglymyň esasy aýratynlyklary barada aýdyň.
2. Taglymyň her bir aýratynlygyna bir mysal aýtmaga çalyşyň.
3. Dünýäde bir-birine gaty meňzeş bolan iki adama duşmak mümkinmi?
4. Şu suratlardaky adamlaryň ýüz keşbindäki tapawutlary düşündirip beriň.


*a*


*b*


*ç*


*d*

5. Nähili hadysalar ulgam emele getirýär?
6. Agajyň pajarlap ösüşi bilen taglymyň ösüşiniň arasynda nähili meňzeşlik bar?
7. Haýyrly taglymlar näme üçin ölmeýär?
8. Öňdebaryjy taglymlara mysal getiriň.
9. Konserwatiw taglymlara mysal getiriň.
10. Asyl we galp taglymlaryň tapawudyny aýdyň.

## JEMGYÝETIŇ ÖSÜŞI WE ÝARADYJY TAGLYMLAR

Eziz okuwçy, geçen söhbetlerimizden mälim bolşy ýaly, ýagşylyk bilen ýamanlygyň, täzelik we köneligiň arasyndaky göreş örän gadymy taryha eýe bolup, hiç haçan gutarmaýar. Adam şeýle göreşde ýaradyjy taglymlara daýanýar.

Prezidentimiz Islam Karimow şeýle gapma-garşylygyň manysyny giňişleýin düşündirip beripdir:

**«Eger-de adamzat taryhyny, onuň aňynyň ösüşini yzygiderlikde gözden geçirýän bolsak, durmuşda adamy kämillige, ýokary sepgitlere çagyrýan gowy taglymlar we taglymatlar bilen ýowuz we zyýanly taglymlaryň arasynda ozaldan göreş bolup gelendigini we bu göreşiň bu gün hem dowam edýändigini görýäris»[1].**

*«Ýaradyjy» sözüniň manysy dörediji diýenidir.*

**Adamyň kalbynda we aňynda ýaradyjylyk ukybyny oýaryp, öz halkyna, Watanyna we adamzada peýdaly işleri etmäge gönükdirýän taglym ýaradyjy taglymdyr.**

Dünýädäki her bir halk ýaradyjy taglymlar bilen ýaşaýar. Çünki, her bir halk özüniň ýaradyjylyk güýjüni, ukybyny, ilki bilen, döredijilik bilen ýüze çykarýar. Siz beýik Sahypgyran babamyz Emir Temur tarapyndan Şährisebzdäki Aksaraýyň maňlaýyna ýazylan «Kim biziň güýjümize şübhe etse, guran binalarymyza baksyn» diýen mazmundaky çagyryş sözlerini gowy

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 112-nji sah.

bilýärsiňiz. Bu sözlerde halkymyzyň ýaradyjylyk ukybynyň, güýç-kuwwatynyň nähili uludygy nygtalýar. Üns beren bolsaňyz, beýik eždadymyz bu babatda, «biziň leşgerlerimize, baýlyklarymyza, biziň dünýäniň deň ýarysyny eýelän ullakan soltanlygymyza garasyn», diýip aýtmandyr. Näme üçin? Eger, şeýle diýip aýdanda hem halkymyzyň güýjüni mälim manyda aňladan bolardy. Çünki, Emir Temur höküm süren döwürde dünýäde onuň leşgerine deň gelýän armiýa, onuň hazynasyna deň gelýän baýlyk, onuň döwleti ýaly uly soltanlyk bolmandyr. Ýöne jahangir babamyz öz ýurdunyň we halkynyň şonça güýçli belgilerinden diňe birini we iň esasysyny nygtapdyr. Ol hem bolsa, halkyň ýaradyjylygy. Munuň aşagynda uly many bar. Bu many şundan ybarat, ýagny Emir Temur döwletiniň gazanan ähli üstünlikleri ilki bilen halkyň ýaradyjylygyna esaslanan. Bu sypatymyz bolsa şol wagtda gurlan gözel we gaýtalanmaz ýadygärliklerde aýdyň görünýär.

Şeýle beýik sypatlar biziň uzak taryhymyzyň dowamynda şekillenip, üznüksiz baýap barýan ýaradyjy taglymlardan iýmitlenipdir. Mundan 2700 ýyl öň döredilen gymmatly ruhy mirasymyz bolan «Awesto» kitabyndaky «Gowy pikir, ýagşy söz, haýyrly iş» diýen kada halkymyzyň gadym zamanlardan bäri ýaradyjylygy özi üçin esasy maksat, aňyýet hasaplandygyny delillendirýär. Bu kadanyň aşagynda adamyň oýlanýan pikirinde-de, gepleýän gepinde-de, edýän işinde-de diňe ýagşylyk bolsun, şonda onuň bütin durmuşy ýaradyjylykdan ybarat bolýar, diýen many ýatyr.

Ýene bir beýik eždadymyz Bahaweddin Nagyşbendiniň «Dil ba ýar-u dast ba kor», ýagny «Kalbyň Allada, eliň zähmetde bolsun» diýen çagyryşyny ýada salyp göreliň. Bu hikmet her bir işiňizi anyk maksady gözläp, ahyryny oýlap ediň, wagty biderek geçirmäň, diýen göreldeli pikiri aňladýar.

**«Ata-babalarymyz beýik keramatly Bahaweddin Nagyşbendä tüýs ýürekden yhlas edip, ony «Bahaweddini Belagardon» diýip taryplap gelmeginde çuňňur many bar. Onuň «Kalbyň Allada, eliň zähmetde bolsun» diýen jan beriji pähimi dinimiziň asylly many-mazmunyny aýdyň beýan edip, edil şu gün aýdylan ýaly ýaňlanýar»[1].**

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 40-njy sah.



**Buhara. Bahaweddin Nagyşbendiniň kümmeti**

Eger çuňrak pikirlenip görýän bolsak, Ýer ýüzündäki janly we jansyz zatlaryň ählisi hemişelik hereketde. Bu hereketleriň hemmesi anyk maksada gönükdirilen. Dünýäde maksatsyz ýaradylan, artykmaç bolan zadyň özi ýok. Häzirki zaman ylym-biliminiň tassyklamagyna görä, hatda iň maýda mör-möjekler hem dünýäde nähilidir ekologik deňagramlylygy saklap durýar. Eger olar ýok edilse, älemdäki umumy deňagramlylyk bozulýar. Beýik babamyz ine şu hakykaty nazarda tutup, adamlara garap, sen hem Alladan görelde al, iru-giç zähmetde bol, hereketden galma, diýmekçi bolýar.

**Hemişelik haýyrly hereket ýaradyjylykdyr. Tüýs ýürekden hereket etmeýän, oýlanmaýan, özbaşdak pikirlenip bilmeýän, kim näme buýursa, sesini çykarman ýerine ýetirip gidiberýän adamyň işini bolsa ýaradyjylyk diýip bolmaýar. Diňe ýürekden çekilen zähmetden hakyky täsinlikler emele gelýär.**

**Ýaradyjy zähmetiň önümi bolan täsinliklere dünýäde köp duşmak mümkin. Müsüriň piramidalary, Rim, Pariž we Wenesiýa şäherleri, köne Gündogaryň ýadygärlikleri ine şeýle täsinliklerdir. Ýurdumyzdaky Samarkant, Buhara we Hywa ýaly köne şäherler, Registan, Şahizinda, Minarai Kelan, Buhara Arky, Içangala ýaly seýrek binagärlik ýadygärlikleri, «Şaşmakom» ýaly gaýtalanmaz sungat dürdäneleri-de adamzat akyl-paýhasy bilen ýaradylan täsinliklere degişlidir.**

Biz beýik eždatlarymyzdan miras galan şeýle baýlyklarymyzyň bardygyna buýsanyp ýaşaýarys, özümiz hem geljekde ynha şeýle ýaradyjylyk işlerini amala aşyrmaga hereket ederis.

*Eziz okuwçy, munuň üçin siz nähili okamaly, nämelere köpräk üns bermelisiňiz?*

Halkymyza mahsus bolan ýaradyjylyk däpleri garaşsyzlyk ýyllarynda täzeden dikeldilip, mynasyp dowam etdirilýär. Munda Prezidentimiziň garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap «Täze jaý gurman könesini bozmaň» diýen taglym bilen ýaňy şekillenýän täze jemgyýetimiz üçin ýaradyjylygy esasy maksada öwrendigi uly ähmiýete eýe boldy. Çünki, biz garaşsyzlyk gazanan 1991-nji ýyl, ondan soňky ilkinji ýyllar örän çylşyrymly döwürdi. Şonda käbir döwletler garaşsyzlyk ýeňşinden nähilidir buýsanyp, indi täze jemgyýet gurarys diýip, döretmäge garanda bozmaga köpräk berlipdiler. Ýöne täze jemgyýeti bir günde, hatda bir-iki ýylda hem gurup bolmaýar. Bu – uzak dowam edýän, köp gözlegleri we tejribeleri, hemişelik maşakgatly zähmeti talap edýän gaty agyr prosesdir. Bu hakykata çuňňur akyl ýetiren döwletimiziň ýolbaşçysy köne jemgyýetiň binasyny saklap durmak bilen, täzesini tapgyrlaýyn gurmak ýoluny seçip aldy.

Bu ýoluň ähmiýeti şundan ybarat boldy, ýagny ol ilki bilen watandaşlarymyzyň kalbyndaky ýaradyjylyk duýgysyny oýardy, olary beýik eždatlarymyzyň däplerini mynasyp dowam etdirmäge ündedi. Şonuň üçin garaşsyzlyk ýyllarynda şäher;erimiz we obalarymyz her taraplaýyn abat boldy, täze-täze mekdepler, liseýler we kolležler, ýokary okuw edaralary, muzeýler, teatrlar, döwrebap kärhanalar, owadan ýaşaýyş jaýlary, gözel alleýalar, rowan ýollar, bazarlar, köprüler ýurdumyzyň görküne görk goşýar. «Ýaradyjy» diýen at dilimizdäki iň köp ulanylýan sözlerden birine öwrülip, ýurdumyzda şu söz bilen atlandyrylýan gözel mesgenler, guramalar we jemagatlar peýda boldy.

**Adamzat ýagşylyga tarap ymtyldygy saýyn onuň aňynda ýaradyjy taglymlar döräberýär.**

Halkymyz: «Ymtylana Alla ýar»,– diýýär. Üns beren bolsaňyz, ata-eneler öz çagalaryny sagdyn we kämil edip kemala getirdigi saýyn olaryň kalbynda täze-täze arzuwlar döreýär: çagalarymy okatsam, il-ýurda toý bersem, olary öýli-işikli etsem, agtyklarymyň bagtyny görsem, diýen niýetler

bilen ýaşaýar. Eger olaryň köňlünde gowy maksatlar bolmasa, ertiri gününe ynam bilen garamasa, şonça arzuw-umytlar nireden peýda bolardy?

**Ýaradyjy taglymlar adamlaryň we halklaryň kalbyndaky gowy maksatlardan peýda bolýar.**

**Bu günki günde adamzadyň öňündäki umumy howp-hatarlara garşy milletleri we halklary birleşdirmekde ýaradyjy taglymlar uly ähmiýete eýedir. Döwrüň talaplaryna laýyklykda geçirilýän dürli çärelerde şeýle taglymlar esasy orun tutýar. Meselem, halkara sport ýaryşlary, ylmy-medeni maslahatlar, sungat baýramlary, kinofestiwallarda dünýädäki progressiw meýilli güýçleri birleşdirmek, dostluk, agzybirlik, parahatçylyk, asudalyk ýaly haýyrly taglymlar ileri tutulýar.**

Siz adama berlen ençeme taryplary eşidensiňiz. Adamy – Ýaradanyň beýik täsinligi, beýik we gaýtalanmaz şahsyýet, tebigatyň gültäji, akyl-paýhas, pikirlenme eýesi, diýýäris. Bu kesgitlemeleriň hemmesi dogry. Ýöne adamy ynha şu taryplara mynasyp eden onuň ýaradyjylygydyr. Eger adam akyly bilen oýlanyşykly döredijilik etmese, güýç-gaýrat sarp edip, deňi-taýsyz täsinlikleri döretmese-di, onuň tarypyna şonça gözel sözler hem aýdylmadyk bolardy.

Netije çykaryp aýdanda, entek adamyň haýyrly hereketleri, asylly maksatlary, kalbynda adalatlylyga we hakykata ynam duýgusy barka, ýaradyjy taglymlar hiç haçan ýitmeýär.

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. «Ýaradyjy» sözüniň manysy näme?
2. Ýaradyjy taglym diýip nähili taglyma aýdylýar?
3. Adamyň akyl-paýhasy bilen döredilen, ýaradyjy zähmetiniň önümi bolan nähili täsinlikleri bilýärsiňiz?
4. Emir Temur babamyz halkymyzyň ýaradyjylygyndan buýsanyp näme diýipdir?

5. Il-ýurdumyzyň taryhyndaky nähili ýaradyjy taglymlary bilýärsiňiz?
6. Surat çekmegi, haýsy-da bolsa bir zady ýasamagy, gül ýa-da nahal oturtmagy we olara ideg etmegi bilýärsiňizmi?
7. Özüňiz tanaýan, hakyky ýaradyjy diýip atlandyrmak mümkin bolan adamlar barada aýdyp beriň.
8. Ýurdumyzdaky «Ýaradyjy (Binýatkär)» diýen at bilen atlandyrylýan ýerler, guramalar ýa-da jemagatlar baradaky pikirleriňizi beýan ediň.
9. Şu binagärlik ýadygärliklerinden haýsy biriniň maňlaýyna Emir Temur babamyz tarapyndan meşhur pähimli sözler ýazylandygyny aýdyň.


*a*


*b*


*ç*


*d*

# BILIM WE RUHYÝET

## *(Amaly sapak)*

Eziz okuwçy, siz ruhyýet hakynda, pikir we taglym babatda başlangyç bilime, düşünjä eýe bolarsyňyz. Şuny ýatdan çykarmaň, ruhyýet hem, taglym hem adama aň ýetirmekde, düşünmekde örän uly ähmiýete eýe bolýar. Şonuň üçin biz ruhyýeti, onuň düzüm bölegi bolan taglymy, şu iki seýrek hadysanyň aýratynlygyny we kanunalaýyklyklaryny näçe pugta öwrensek, adamlary-da şonça gowy düşünýän bolarys. Bu bolsa durmuşda dogry ýoly seçip almagymyzda, gowyny ýamandan, dogryny egriden saýgarmagymyzda uly kömek eder.

Ynsan näçe köp adam görse, olar bilen gatnaşyk edip, tejribesi artsa, onuň bilimi, ruhyýeti şonça güýçli bolýar. Eger siz beýik aždadymyz Zahiriddin Muhammet Baburyň «Baburnama» kitabyny gyzyklanyp, onuň sahypalaryny açyp gören bolsaňyz, onda awtor parsça bir beýdi ýatlaýar. «Harçi dar oina jawon binad, Pir dar hişti pugta on binad» diýen bu beýdiň manysy aşakdaky ýalydyr: ýaş adam aýna garap näme görse, garry adam kerpije garap ondan hem gowyrak görýär.

Öýde ene-ataňyzyň, mamaňyzyň ýa-da babaňyzyň, mekdepde mugallymlaryňyzyň sözlerine, hereketlerine üns berseňiz, olaryň näçe köp zady bilşine, köp zada aklynyň ýetýändigine göz ýetirersiňiz. Meselem, ders wagtynda mugallymyňyz ýeke özi synpdaky 25–30 çaganyň hereketine, näme bilen meşgullanýandygyna, depderini, kitabyny nirede goýup, ruçkany, galamy eli bilen nähili tutmalydygyna çenli gözegçilik edýär. Hiç zat onuň ünsünden daşda galmaýar. Şol bir wagtyň özünde, mugallymyňyz şonça çaga gözegçilik etmekden daşary ähli pikirini täze dersi size gyzykly edip geçmäge gönükdirmeli, wagtal-wagtal depderini, kitabyny açyp, synp tagtasyna gerekli kadalary ýazyp durmaly, düşünmedik ýerleňizi täzeden düşündirip bermeli. Mugallymyň bilimi, tejribesi ýeterli,

ruhyýeti ýokary derejede bolany üçin bary-ýogy 45 minutda size bir älem baýlygy, ýagny bilimi berýär. Arada pursat tapyp, durmuş meseleleri, edep-ahlak boýunça-da zerur görkezmeleri berýär. Bularyň ählisi ýyllaryň dowamynda edilen dyngysyz zähmetiň we maşakgatyň, hemişelik gözlegleriň netijesidir. Ýokarda agzalan nakyla gabatlap aýdanymyzda, siz aýna garap görýän, zordan saýgarýan zatlary mugallymyňyz ýönekeý kerpije ýa-da kesege garap hem aýdyp bermegi mümkin. Bilimiň we ruhyýetiň çäksiz güýji ana şonda.

**Bilim, aň-bilim, ruhyýet adama goşmaça güýç-mümkinçilik, ýeri gelende aýtsak, goşmaça göz – kalp gözüni berýär, ony röwşenleşdirýär. Adam ine şu gözüň kömeginde başgalar görmeýän zatlary görüp, olaryň bilmedik zatlaryny bilip alýar. Aýratynam, daş-töweregimizdäki, her gün biziň bilen gatnaşyk edýän ata-enemiz, aga-inilerimiz, dostlarymyz, mugallymlarymyzyň göwnüni, maksatlaryny tiz aňyp, olar islän işleri ýerine ýetirmekde, olaryň arzuw edişi ýaly gowy adam bolmakda şeýle ruhy sypatlar örän gymmatlydyr.**

Biz durmuşda öz ornumyzy tapyp, her bir söhbetdeşimize onuň içki dünýäsi, gylyk-häsiýetini hasaba almak bilen gatnaşykda bolýarys, ýerliksiz gep aýdyp, başgalaryň göwnüne degmeli däldiris, bir söz bilen aýdanda, edepli we medeniýetli bolmagymyz üçin adama-da, ruhyýete-de aň ýetirip ýaşamaga çalyşmalydyrys.

Ata-enäňiz, mugallymlaryňyz size her gün dogry we gerekli maslahatlary, görkezmeleri berýär. Çünki olar siziň mümkinçiligiňizi, ruhyýetiňizi, nämä mätäçdigiňizi, nämä gurbuňyzyň ýetjekdigini nämä ýetmejekdigini gowy bilýärler.

Özüňiz hem her gün maşgalada, mekdepde, köçede näçe adam bilen duşuşyp, söhbetleşýärsiňiz. Özüňiz doly aň ýetirmeseňiz-de, olaryň ruhyýetine düşünip, özleşdirýärsiňiz. Muny siziň ata-enäňiz, maşgala agzalaryňyz bilen bütinleý başga temada, synpdaş dostlaryňyz bilen bütinleý başga temada gepleşýänligiňizden hem bilmek bolýar. Ýa-da oglanlara eden degişmeleriňizi hiç haçan gyzlara etmeýärsiňiz. Diýmek, siz olaryň ruhy taýdan bir-birinden tapawutlanýandygyny, her bir synpda-

şyňyzyň öz ruhy äleminiň bardygyny gowy bilýärsiňiz we şoňa garap, olaryň her birine aýratyn gatnaşyk edýärsiňiz. Ýagny, her bir dostuňyzyň, synpdaşyňyzyň ruhy dünýäsine laýyk bolan gatnaşygy tapýarsyňyz. Bu – siziň uly üstünligiňizdir.

Netije çykaryp aýdanda, bilim we ruhyýet bir-biri bilen aýrylmaz bagly. Adamyň bilimi, tejribesi artdygy saýyn onuň ruhyýeti hem barha ýokarlanýar.

Şu amaly sapagymyzyň talabyndan gelip çykmak bilen, ilki siziň bilen ýanaşyk oturýan synpdaşyňyzyň ruhyýetiniň nähilidigini kesgitlemäge synanyşyň. Onuň başgalardan tapawudy näme? Az sözlümi, ýaňramy? Köp okaýarmy? Ol nähili filmlerni görýär, nähili kitaplary okaýar? Sport bilen meşgullanýarmy? Ata-enesine nähili kömek berýär? Sen bilen ömürlik dost bolmagyny halaýarmyň? Näme üçin?

Ýurdumyzdaky, dünýädäki haýsy meşhur sportçy ýa-da sungat işgäri saňa ýakýar? Olaryň ruhy dünýäsi nähili diýip pikir edýärsiňiz?

Dünýäde her bir ynsan göwnündäki dertlerini, arzuwlaryny çekinmezden aýdyp bilýän özüne ýakyn syrdaş dostunyň bolmagyny isleýär. Seniň şeýle dostuň barmy? Özüň başgalaryň göwnündäkini diňlemegi, olara dertdeş, pikirdeş bolmagy isleýärmiň?

Amaly sapak dowamynda ine şu soraglar hakynda oýlanyp, mugallymyňyz, synpdaşlaryňyz bilen pikir alyşmaga synanyşyň.

## AMALY SAPAK ÜÇIN EDEBIÝATLAR:


1. Islam Karimow. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. Daşkent, «Ma’naviyat», 2013-nji ýyl, 18–29-njy sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Özbegistan Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl.

3. O‘rta asrlar Sharq allomalari va mutafakkirlarining tarixiy merosi, uning zamonaviy sivilizatsiya rivojidagi roli va ahamiyati. Halkara konferensiýa materiallary. Daşkent, «O‘zbekiston» neşirýaty, 2014-nji ýyl, 4–36-njy sahypalar.

4. Zahiriddin Muhammad Bobur. Boburnoma. Daşkent, «Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasynyň baş redaksiýasy, 2002-nji ýyl, 159-njy sah.

## GAÝTALAMAK

Eziz okuwçy, ynha, «Milli garaşsyzlyk taglymy we ruhyýet esaslary» dersliginiň birinji babyny okap gutardyk. Geçilen temalary gaýtalap, alan bilimleriňizi berkitmek üçin her bir ders boýunça berlen soraglary we ýumuşlary ýadyňyza salyň. Iň möhümi, her bir temada Prezidentimiz Islam Karimowyň «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabyndan getirilen pikirleriň manysyna ýene bir gezek düşünjek boluň.

Geçilen dersleri gaýtalanda we ýatda saklamakda olarda beýan edilen esasy daýanç düşünjeler we aňlatmalar möhüm rol oýnaýar. Siz ine şu daýanç düşünjeleri we aňlatmalary her bir tema boýunça depderiňize bellik ediň. Meselem, «Milli taglym – gowy arzuw-islegleriň aňlatmasy» temasy boýunça aşakdaky yzygiderlikde ýazmak mümkin.

Esasy daýanç düşünjeler we jümleler: milli taglym, halkyň arzuw-islegleri, amatly taryhy şert, garaşsyzlyk, uly öňdebaryjylyk ukybyna eýe bolan ýolbaşçynyň taryhyň sahnasyna çykmagy, milli döwletiň we gymmatlyklaryň dikeldilmegi, milli taglymymyzyň esasy düşünjeleri we prinsipleri, «Milli garaşsyzlyk taglymy: esasy düşünjeler we prinsipler» kitapçasy, «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitaby.

Ynha şeýle özüňiz möhüm diýip hasaplaýan daýanç düşünjeleri we aňlatmalary ýazyp alanyňyzdan soň olar esasynda mugallymyňyz, synpdaşlaryňyz bilen bilelikde temany gaýtalap bilersiňiz.

Şuňa goşmaça hökmünde her bir tema boýunça soraglary we testleri taýýarlap, depderiňize bellik ediň.

# II bap

# TAGLYMA GARŞY TAGLYM, PIKIRE GARŞY PIKIR

## ZYÝANLY TAGLYMLAR

Eziz okuwçy, dünýäde hemme zadyň garşysy, ýagny tersi bolşy ýaly, ýaradyjy taglymlaryň öňüne böwet bolmaga hereket edýän taglymlar hem bar. Olara zyýanly ýa-da weýran ediji taglymlar diýilýär.

*Ýaradyjy taglymlar ynsanyň kalbynda gowy arzuw-islegleri oýaryp, ony döretmäge, halal zähmete çagyrsa, weýran ediji taglymlar bozgak, ýowuz duýgulary oýarýar we ýamanlyga eltýär.*

Siziň «Taryh» ylmyndan gowy bilşiňiz ýaly, adamzat öz ösüşiniň dowamynda näçe uruşlary we jenjeldir ganly çaknyşyklary görüpdir. Hatda şu günki günde-de dünýädäki dürli güýçleriň arasynda gapma-garşylyklaryň bardygyny görmek bolar. Bularyň ählisi ýaradyjylyk bilen weýran edijiligiň arasyndaky göreşiň heniz dowam edýändigini delillendirýär.

«Ynsan gowulyk üçin, bagt üçin doglan», diýýäris. Onda ýamanlyk, weýran edijilik nireden peýda bolýar? Prezidentimiziň aşakdaky pikirleri bu soraga jogap bolup bilýär.

**«Bu dünýäde tebigatda-da, jemgyýetde-de boşluk bolmaýar. Nirede boşluk peýda boldugy, hiç şübhesiz, ony hökman kimdir doldurmaga hereket edýär»[1].**

Adamyň duýgulary daş-töwerekdäki waka-hadysalaryň täsirine çalt duçar bolýar. Meselem, adamzat gowy zatlary görende, olar bilen gatnaşykda bolanda, onuň kalbynda gowy we oňyn duýgular oýanýar. Owadan görnüşi tomaşa edende, gowy kitap okanda, gyzykly filmden lezzet alanda ýa-da edepli çaga bilen söhbetleşende, olara bolan mähir-muhabbetimiz

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 12-nji sah.

artýar. We tersine, ýaman zady görsek ýa-da ondan täsirlensek, ýigrenç döräp, gazaba münýäris. Muňa-da durmuşdan köp mysallary getirmek mümkin. Mysal üçin, ýalançyny, diňe özüni bilýän adamlary, gelşiksiz görnüşleri, hapa ýerleri görende, keýpimiz bozulýar, erbet duýgular güýjeýär. Gowşak häsiýetli adamlar bolsa ine şu täsirlere tiz berilip, olara uýgunlaşandygyny duýman galýarlar.

**Ýaradyjy taglymlar adamdaky oňyn duýgulary we hyjuwlary terbiýelemek, olary işe salmaga gönükdirilen bolsa, zyýanly, weýran ediji taglymlar adamdaky erbet duýgulary gozgamaga çalyşýar. Şonuň netijesinde durmuşda her hili ýaramazlyklar peýda bolýar.**

*Weýran ediji taglym diýip ynsanyň kalbyn-daky erbet hyjuwlary oýaryp, gowy düşünjeleri galplaşdyryp, olardan ýowuz maksatlarda peýdalanmaga çalyşýan taglyma aýdylýar.*

Ýaradyjy taglymlaryň esasy aýratynlygy haýyrlylyk, ynsana mähir-muhabbet, adamkärçilik, täzelik, ösüşe ymtylyş bolsa, weýran ediji taglymlaryň esasy alamaty ýowuzlyk, ynsana ýigrenç, rehimsizlik, adamkärçiliksiz, täzelige we ösüşe göriplikden ybarat.

Weýran ediji taglymlar taryhda köp bolupdyr, häzirki wagtda-da köp.

**«Gynansak-da, bu güýçleriň asyl keşbini, maksatlaryny we mümkinçiliklerini doly we aýdyň göz öňüne getirmek aňsat däl. Näme üçin diýende, olar köplenç dürli nykaplaryň, täsirli şygarlaryň we taglymlaryň perdesi astynda iş alyp barýar. Şeýle güýçleriň ygtyýarynda örän uly maddy, maliýe resurslary we mümkinçilikleri bar bolup, olaryň pugta oýlanan, uzak we dowamly ýowuz maksatlaryna hyzmat edýär»[1].**

Weýran ediji taglymlaryň howply tarapy şundan ybarat bolup, olar köpçülikde gyzyklanma oýarýan, olaryň bähbidine dahylly bolan ýokary maksatlar bilen nykaplanýar. Meselem, ýurdumyzda 70 ýyldan gowrak

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 12-nji sah.



**Karşy. Gadymy köpri**

hökümdar bolan, halkymyzyň başyna köp azap, jebir-jepalary getiren bolşewizm sosial deňligi gazanmak, ýönekeý zähmetkeşleriň bähbidini üpjün etmek ýaly maksatlary baýdak edinipdi. Ýöne 1917-nji ýylda häkimiýeti ele alandan soň bu aňyýet ýönekeý adamlary ezýetdir azaplara duçar etdi. «Hususy eýeçiligi ýatyrarys!» diýen şygarlar bilen näçe adamlar emläginden aýryldy, «kulak» hökmünde Sibiriň tokaýlaryna sürgün edildi, tussag edildiler. «Kollektiwleşdiriş» bahanasynda ýer we suw, ähli maddy baýlyklar halkdan çekip alyndy. «Medeni ynkylap», «Proletar medeniýeti» diýen çagyryşlar bilen milli-medeni mirasymyz inkär edildi, taryhy ýadygärlikler aýawsyz ýok edildi, beýik akyldarlarymyzyň mübärek atlary, ýazan eserleri gadagan edildi, intelligentlerimiz sürgün edildi. Sowet düzümi döwründe owadan şygarlar astynda edilen şeýle mynasyp däl işleri sanap gutarmak kyn. Şol döwürdäki haýsy bir kommunistik çäräni alyp görseň-de, hemmesiniň bozgaklykdan ybaratdygyny görýäris. Bularyň ählisine sebäp bolşewizm taglymlarynyň weýran ediji taglymlar bolanlygydyr.

*Bolşewizm diýende, kommunistik aňyýet esasynda şekillenen, XX asyrda öňki SSSR-iň çäginde iş alyp baran zulumkär syýasy güýjüň zyýanly, weýran ediji nazaryýetine, aňyýetine we amalyýetine düşünýäris.*

Weýran edijilik aňyýetini amala aşyrmakda faşizm we agressiw ateizm wagşylarça çemeleşýär. Siz faşizm we agressiw ateizm belasyndan adamzat XX asyrda nähili jebir çekendigi hakynda taryh ylmyndan bilip alarsyňyz.

*Ateizm (grekçe «a» – inkär etmek, «teos» – hudaý, ýagny hudaýsyzlyk) diňe maddy zatlary ykrar etmäge, din we dini gymmatlyklary ret etmäge esaslanýan taglymatdyr.*

Ateizmiň iki tarapy bar. Ol bir tarapdan dini tankyt etse, ikinji tarapdan, älemiň we adamyň döreýşi we ýaşaýyş aýratynlyklaryny materialistik esasda düşündirmäge çalyşýar.

*Agressiw ateizm hudaýsyzlygyň bir görnüşi bolup, öz taglymlaryny zulumkärlik esasynda siňdirmäge çalyşýan aňyýetdir. Şonuň üçin hem oňa weýran ediji aňyýet diýýäris.*

Agressiw ateizm adamzadyň, şol sanda, halkymyzyň dini ösüş babatda gazanan üstünliklerini umuman ret edip, olary ýok etmäge çalyşýar. Il-ýurdumyzyň başyndan geçiren kolonializm döwründe «markssistik-leninçilik ateizmi» diýlip atlandyrylýan agressiw ateizm sowet döwletiniň resmi aňyýetine öwrüldi.

*Sütemkär aňyýet diýende, döwleti we jemgyýeti dolandyrmagyň guraly bolan, adamlaryň aňyna mejburlap siňdirilýän aňyýet düşünilýär.*

Bolşewizm aňyýeti SSSR-iň çäginde islän ýaramazlygyny edýärdi. Oňa hiç kim garşy çykyp bilmeýärdi.

Meselem, şu günki günde uly ýadygärlik toplumy hökmünde täzeden gurlan Ymam Buharynyň kümmeti sowet döwründe mineral dökünler saklanýan ammarhananyň içinde galypdy. Ýa-da ýene bir beýik eždadymyz Ymam Moturidiý we ýene ençeme eziz-keramatlylarymyzyň jaýlanan Samarkant şäherindäki Çokardiza gonamçylygy bozulyp, onuň ýerinde mähelle guruldy. Adamlar metjitlere baryp bilmeýärdiler, hatda ata-enesiniň we ýakynlarynyň jynazasyny we başga märekelerini-de erkin geçirip bilmeýärdiler. Haja barmak, Käbäni zyýarat etmek umuman gadagan edilipdi.

Agressiw ateizm sowet döwrüniň soňky ýyllarynda şeýle bir güýçlenip, dine hiç hili gatnaşygy bolmadyk, tebigatyň özgerişlerini özünde jemleýän, müň ýyllardan bäri bellenilen Nowruz ýaly gadymy baýramymyzy hem gadagan etdi.

Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň şeýle adalatsyzlyklar bütinleý çäklendirildi, dini gymmatlyklarymyz täzeden dikeldildi.

Ateizmi, ýagny hudaýsyzlygy dünýewilik bilen çalşyrmak bolmaýar.

*Dünýewilik – azat we özbaşdak döwletleriň öz halkynyň erk-islegi esasynda seçilip alnan, adamzadyň köp asyrlyk ösüşi dowamynda sinagdan geçen tejribelere esaslanan ösüş ýoly, durmuş terzi we dünýägaraýyş şeklidir.*

*Hudaýsyzlyk bolsa dini, dini gymmatlyklary we dini-ylahy taglymatlary ret edýän dünýägaraýyşdyr.*

Prezident Islam Karimow bu iki düşünjäniň arasyndaky tapawudy düşündirip, şeýle diýipdi:

**«Dünýewilik, käbir dogmatik kimseleriň dawalaryndan tapawutlylykda, asla ateizm däl»[1].**

**Dünýewi döwletlilik şertinde başga gymmatlyklar bilen birlikde din hem, dini ygtykat erkinligi-de kanun bilen kepillendirilýär, onuň ruhyýeti ösdürmekdäki ähmiýetine uly üns berilýär. Ateizm aňyýeti hökümdar bolan ýerde bolsa, tersine, din we dini gymmatlyklar gadagan edilýär.**

Şeýdip, adamzadyň bar ýerinde, ýaradyjy we weýran ediji taglymlaryň arasyndaky göreş hem dowam ediberýär. Siz her gün telewizorda dünýäniň dürli künjeklerinde gowy we haýyr işler bilen birlikde dürli bozgaklyklaryň, partlamalaryň hem ýüze çykýandygyny görýänsiňiz. Şonuň özi-de şu göreşiň häzirki güne çenli togtamandygyny, täze şekillerde dowam edýändigini görkezýär.

**«*Aňyýet*» arapça *mafkura*, pikirlenme diýen manyny aňladýar.**



**Samarkant. Ymam Moturidiniň kümmeti**

Geçen dersimizde taglymyň ulgam emele getirýän aýratynlygy hakynda söhbetleşipdik. Eger birnäçe taglym ulgamy özara birleşip, taglymlar, pikirler, düşünje we göz öňüne getirmeler, däpler we gymmatlyklar toplumyna öwrülse, aňyýeti emele getirýär.

Meselem, «bazar aňyýeti» diýen jümläni eşidensiňiz. Bu aňyýet eýeçiligiň görnüşleriniň köpdürlüligi, puluň we harytlaryň erkin dolanyşygy, erkin bäsdeşlik ýaly tag-

[1] **Islam Karimow**. Ozod va obod Vatan, erkin va farovon hayot – pirovard maqsadimiz. –D.: «O‘zbekiston» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 504-nji sah.

lymlary, halallyk, ynsaplylyk, bereket, nyrhlar, gymmatçylyk, arzançylyk ýaly düşünjeleri we gymmatlyklary öz içine alýar. Ýa-da siziň öwrenmäge başlan milli garaşsyzlyk taglymyny alýan bolsak, ol hem esasy taglymlar, ileri tutulýan düşünjeleri we ugurlary öz içine alýar. Şu günki günde ine şu ulgam esasynda halkymyzyň täze aňyýeti döreýär.

**Bir söz bilen aýdanda, aňyýet adamyň, halkyň ýa-da jemgyýetiň öz öňünde goýan maksadyny amala aşyrmak ugrunda peýdalanýan taglymlar, düşünje, ugur, gymmatlyk we däpler ulgamydyr.**

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Ýaradyjy taglym diýip nähili taglyma aýdylýar?
2. Ýaradyjy taglymlaryň weýran ediji taglymlardan tapawudy nämede?
3. Weýran ediji taglymlar barada taryhdan ýene nähili mysallar getirmek mümkin?
4. Agressiw ateizm näme üçin zyýanly?
5. Ýaradyjy taglymlaryň bu günki durmuşymyzdaky netijeleri barada nämeleri bilýärsiňiz?
6. Aňyýetiň nähili peýda bolýandygyny düşündiriň.
7. Şu suratlarda haýsy beýik eždatlarymyzyň ýadygärlikleri görkezilendigi we olaryň haçan täzeden gurlandygy barada aýdyp beriň.



*a*



*b*



*ç*



*d*

## HÜŞGÄRLIK WE ESERDEŇLIK

Biz hakyky medeniýet nusgasy bolan kinofilm, teatr ýa-da şekillendiriş sungaty eserlerini görende, olardaky položitel gahrymanlary söýýäris, olardan görelde almaga, olar ýaly il-ýurt bähbidi ugrunda wepalylyk bilen gulluk etmäge, adamlara ýagşylyk etmäge ymtylýarys. Çünki, hakyky medeniýet nusgalary adamy ýagşylyga, beýik taglymlar ugrunda göreşmäge, ata Watanyň mertebe-buýsanjyny gorap saklap, ony ýokary galdyryp ýaşamaga çagyrýar. Ýöne, gynansak-da, bu günki günde ýurdumyza daşardan girip gelýän galp medeniýet nusgalary hem köp. Olardan iň giň ýaýrany «köpçülikleýin medeniýet» diýlip atlandyrylýar.

Bir garaýyşda gaty täsirli, zyýansyz we azarsyz bolup duýulýan «köpçülikleýin medeniýet» nusgalary ýuwaş-ýuwaşdan kalbymyza, aňymyza täsir edip, duýgularymyzy özüne bendi edýär. Kalbymyz, duýgularymyz, aňymyz şol galp maglumatlara uýgunlaşyp, özlüginden uzaklaşýar, ruhumyz ýaltalaşyp, özbaşdak pikirlenmek, durmuşa hüşgärlik bilen garamak ýakman başlaýar. Netijede diňe ýalan we galp durmuşy hakyky durmuş hökmünde kabul edýän, özümizi gurşaýan, kemala getiren sagdyn gurşawdan – halkymyzyň asyrlaryň synagyndan geçen urp-adatlaryndan we däplerinden, gözel gymmatlyklaryndan uzaklaşýandygymyzy bilmän galýarys. Edil aýagymyz ýerden üzülen ýaly bolýar. Kalbymyz, aňymyz özümiziňki däl, başga bir güýje degişli ýaly bolup galýar.



Diňe şol güýje boýun egip, onuň täsirinde hereket edýän bolup galýarys. Bu aslynda mankurtlygyň häzirki zaman görnüşi, ruhy tabynlygyň alamatydyr.

*Häzirki gündäki habarly çykyşlar we «köpçülikleýin medeniýet» diýlip atlandyrylýan wehimler biziň bedenimize zyýan ýetirmeýär, hiç ýerimizi ganatmaýar hem. Ýöne olar ata-enemizden geçen, bizi tebigata, gözellige ýakynlaşdyrýan duýgularymyzy öldürýär, kalbymyzy we aňymyzy bütinleý eýeläp, özüniki edip alýar, eždatlarymyzdan miras bolup gelýän ruhyýetimize tozan salýar. Şonuň üçin şeýle zyýanly täsirlere ruhy wehimler diýýäris.*

**«Ruhy wehim diýende, ilki bilen diline, dinine, ygtykadyna seretmezden, her bir adamyň giň manydaky erkin ynsan bolup ýaşamagyna garşy gönükdirilen, onuň hut ruhy dünýäsini hatardan çykarmak maksadyny göz öňünde tutýan aňyýet, taglymy we informasion wehimleri nazarda tutmaly, diýip pikir edýärin»[1].**

Adam haçan sözüň doly manysynda özbaşdak bolýar? Haçan-da kalby we aňy, tutuş endamy onuň özüne degişli bolsa, ol diňe öz erk-islegine daýanyp hereket edip bilse özbaşdak bolýar.

**Ruhy wehimler bizi ine şeýle beýik mümkinçilikden, ýagny bu dünýäde ygtyýary özünde bolan, azat we erkin ynsan bolup ýaşamak bagtyndan aýyrmakçy, başgaça aýdanda, adamy ýaşlygyndan başlap ruhy gul etmekçi bolýar.**

Biz hiç haçan muňa ýol bermeli däldiris. Çünki biz hem ruhy, hem beden taýdan hemişe özbaşdak we erkin bolup geldik, şu sebäpli taryhda bütin adamzady haýran galdyran deňsiz täsinlikleri döreden beýik halkyň perzendidiris. Bu halk öz perzentleriniň diňe sagdyn we kämil bolmagyny isleýär. Dünýä meýdanynda hiç kimden kem bolmazdan, eždatlary başlap beren beýik işleri mynasyp dowam etdirmek isleýär.

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 13–14-nji sahypalar.

Şonuň üçin hem Prezidentimiz Islam Karimow häzirki çylşyrymly dünýäde barha güýjeýän rehimsiz ýaryşda özlügimizi elden gidermän, tersine, nähili beýik işleri başarýandygymyzy amalda görkezip, hem beden taýdan, hem ruhy taýdan bişişip, kämilleşmäge çagyrýar.

**«Şu günki günde häzirki zaman habar meýdanyndaky hereketler şeýle bir gür, şeýle bir çalt, indi öňküler ýaly, hä, bu waka bizden gaty uzakda bolupdyr, onuň bize täsiri ýok, diýip biperwaý garap bolmaýar. Ine şeýle ýagdaýda ýaşaýan halk ýa-da millet ösüşden ýüz ýyl yza galmagy hiç zat däl»[1].**

Diýmek, häzirki günde bir sellem biperwaý bolmak hem adamzada örän gymmata düşýär. Muňa ýol bermezlik üçin adam, ilki bilen, daş-töweregine eserdeň nazar taşlap, her gün, her sagatda, her minutda hüşgär we ägä bolup ýaşamalydyr.

**«Nirede biperwaýlyk, geleňsizlik höküm sürse, iň derwaýys meseleler öz bolşuna taşlap goýulsa, şol ýerde ruhyýet iň ejiz we gowşak nokada öwrüljekdigi hemmämize aýan bolmalydyr. We tersine – nirede hüşgärlik we janypkeşlik, ýokary akyl-paýhas we pikir hökümdar bolsa, şol ýerde ruhyýet gudratly güýje öwrülýär»[2].**

Häzirki wagtda ençeme ösen ýurtlaryň halklary, ilki bilen, ýaş nesliň häzirki zaman aragatnaşyk serişdeleri arkaly zor berip adamlaryň aňyna siňdirilýän ahlaksyz, manysyz, galp we ýeňil maglumatlar, bihaýalyklara, dürli ýeňil-ýelpaý elektron oýunlara we sapaklara baglanyp, hakyky durmuşy ýatdan çykarýandyklaryna gaty gynanýarlar. Günuzyn diňe şeýle zatlar bilen meşgul bolup ösýän çagalaryň kalby we aňy ertir kimiň elinde bolar, olar janly durmuşdan üzňeleşip, wagtyň geçmegi bilen adamzat tarapyndan aýdylýan bir agyz şirin söze zar bolup galmazmy, diýen sorag

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 112-nji sahypalar.

[2] Şol eser, 116-njy sah.

olary oýlandyrýar. Şeýle jemgyýetçilik gurşawynda mähir-muhabbet ýetmezçiligi, özara ynamyň ýoklugy uly meselä öwrülýär. Adamlar özleriniň mähire bolan kalp zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin hatda haýwanlary gorap saklap, olar bilen gatnaşyk edip ýaşamaga hereket edýändikleri käbir daşary ýurtlarda köp duşýar.

Biziň halkymyz ozaldan mähir-şepagaty, adamkärçiligi iň beýik sypat derejesine galdyryp geldi we şu milli durmuş terzimiziň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Biz köçede gören adamymyza elbetde elimizi döşümize goýup salam berýäris. Kömege mätäçlere, maýyplara ýa-da başyna tötänden agyr iş düşen adamlara meýletin kömek etmäge howlugýarys. Mähellämizde toý ýa-da märeke, ýowar we başga çäreler bolýan bolsa, hemmeler bilen bile wagtynda ýetip gelip, «Hany, bize näme hyzmat?» diýip şu jemagatyň agzasy hökmündäki borjumyzy ýerine ýetirmäge çalyşýarys.

Eger-de başga şäherden ýa-da obadan gelen adam gije ýatmaga ýer tapyp bilmän kösenip ýören bolsa, hiç oýlanmazdan, öýümize teklip edip, eziz myhman hökmünde hormatyny berjaý edýäris, ondan hiç zady aýamaýarys.

Bularyň ählisi biziň ruhyýet babatda nähili uly mirasa eýedigimizi we hut şu babatda başgalardan üstünligimizi delillendirýär.

**«Meselem, gowy däbimize öwrülen mähir-şepagat düşünjesini alyp görsek, onuň gaty çuň taryhy, milli, dini kökleriniň bardygyny görmek bolar. Bu ilki bilen adamyň ynsan bilen, goňşynyň goňşy bilen, garyndaşyň garyndaş, maşgalanyň maşgala bilen, iň möhümi, şahsyň jemgyýet bilen utgaşykly ýaşamagyny, ýetim-ýesirlere, garyplara we maýyplara, mysapyrlara sahawat görkezmek, tüýs ýürekden, ak göwünli kömek bermegi aňladýar we şeýle aýratynlyk halkymyzyň ruhy älemine siňip gidendigini hiç kim inkär edip bilmeýär»[1].**

Hakykatdan hem, dünýädäki ençeme ýurtlarda uly-uly şäherlerde ýaşaýan adamlar hatda goňşusynyň kimdigini-de bilmeýär. Biljegem bolanoklar. Çünki olarda mähir-şepagat duýgusy ýok. Biz bolsa jaý satyn

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 8–9-njy sahypalar.



aljak bolsak, ilki bilen boljak goňşymyzyň kimdigini soraşdyrýarys, şoňa garap iş tutýarys. Halkymyzyň «Howly alma, goňşy al» diýen nakylynyň aşagynda gaty çuňňur many bar. Ýagny, adama dilsiz-agyzsyz dört diwardan ybarat öý däl-de, ilki bilen göwnüni tapyp, hormatyny berjaý edip, bir ömürlik dertdeş, pikirdeş bolýan, mähirli adam gerek.

Ýene bir ajaýyp nakylymyz – «Goňşyň dynç – sen dynç» diýen hikmetli sözler ýokarda agzalan pikirleri doldurýar. Ýagny, halkymyz başgalaryň derdine, aladasyna gaty ünsli bolup, diwarynyň aňyrsyndaky goňşusy dertden ýa-da başga bir durmuş meselesinden kösenýän bolsa, garap durup bilmeýär.

Dünýädäki käbir döwletlerde diňe özüni oýlap ýaşamaga berlen adamlar «Başga biriniň derdi bilen meniň näme işim bar, her kim özi üçin özi jogap berýär», diýen pikir bilen ýaşamagy mümkin. Ýöne biziň halkymyz goňşusy birahat bolup duran wagtynda arkaýyn ýaşap bilmeýär.

Siz gündelik durmuşymyzda şu pikirleri tassyklaýan köp mysallary görensiňiz. Aýratynam, ogluna ýa-da gyzyna toý etmekçi bolýan adamlar goňşusynyňkyda matam bolsa, merhumyň hormatyny berjaý edip, toýy togtadandygy hakynda eşidensiňiz. Ýa-da gelinler derwezäniň öňüni süpürenlerinde, tozan goňşynyň howlusyna geçmesin, diýip köçe tarapa garap süpürmegi we başga mysallar halkymyzyň goňşuçylygy nähili derejede ýokary gadyrlaýandygyny aňladýar.

Şeýle adatlar we däpler öz durmuşyny jemgyýetçilik durmuşy bilen bir bitewi ýagdaýda görmek, il-ýurda wepalylyk we janypkeşlik nusgasydyr.

Biziň şeýle beýik ruhy baýlygymyz bolany üçin, daşardan täsirli bolup görünýän, ýöne içi boş, maňzy ýok taglymlara aldanmaly däldiris. Munuň üçin diňe bir özümiz däl, aňymyz hem hemişe hüşgär we sak bolmalydyr.

Adam hüşgärlik we ägä bolmak duýgusyny artyrmak üçin hemişe daş-töweregindäki we dünýädäki wakalardan habardar bolup ýaşamalydyr. Watanynyň taryhyny, halkynyň milli gymmatlyklaryny, baý medeni mirasyny gowy bilmelidir. Watan işky, Watanyň bähbidi her işde, her ädimde baş ölçeg bolmalydyr.

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. «Köpçülikleýin medeniýet» diýlip atlandyrylýan galp zatlaryň hakyky medeniýete gatnaşygy barmy?
2. Hakyky medeniýet nusgasy bolan eserler bizi nämä çagyrýar?
3. «Köpçülikleýin medeniýet» nusgalary nähili netijelere getirmegi mümkin?
4. Ruhy wehim diýende, nämäni düşünýäris?
5. Bir sellem biperwaýlyga we geleňsizlige berilmek nämä sebäp bolmagy mümkin?
6. Şu suratlardaky ýagdaýlar ýaşlaryň kämil bolup kemala gelmeginde nähili ähmiýete eýe bolýar?


*a*


*b*


*ç*


*d*

# MILLI ÖZLÜK WE DÄPLER

Eziz okuwçy, şu günki dürli zyýanly aňyýet täsirlerinden saklanyp, islendik şertde-de hem milli keşbimizi, gaýtalanmaz sypatlarymyzy saklap galmagymyzda gadymy däplerimizi we gymmatlyklarymyzy gorap saklap, olara amal edip ýaşamagymyz örän möhüm ähmiýete eýedir.

Ilki bilen şuny ýatda saklaň, ýagny Ýer ýüzündäki her bir millet diňe onuň özüne mahsus bolan däpleri we gymmatlyklary bilen aýratyn tapawutlanýar. Her bir halkyň gymmatly baýlygy bolan şeýle gymmatlyklar we däpler bir-iki günde peýda bolmandygy tebigydyr. Adamzadyň näçe müň ýyllyk taryhy tejribesiniň görkezişi ýaly, islendik bir zadyň däbe, aýratynam, gymmatlyga öwrülmegi uzak döwür talap edýär. Ýyllaryň, asyrlaryň dowamynda belli bir garaýyş, adat, düşünje, tejribeler zamanlaryň, nesilleriň synagyndan geçýär, barha timarlanýar. Eger olar soňky nesiller tarapyndan hem kabul edilse, dowam etdirilip, urp-adata öwrülse, diýmek, indi olary milli däpler we gymmatlyk diýip atlandyrmak mümkin bolýar.

Milli gymmatlyklar barada siz «Watan duýgusy» ylmyny öwrenen mahalyňyzda köp maglumatlara eýe bolupdyňyz. Milli gymmatlyklar milletiň taryhy, ýaşaýyş terzi, ruhyýeti hem-de medeniýeti bilen aýrylmaz baglylykda ýüze çykýar.

Özbek halkynyň asyrlardan asyrlara geçip gelýän milli gymmatlyklary hem uzak taryhy prosesde şekillenendir. Şol sanda, özi doglup ösen ene ýurduna hormat, öz takdyryny şu ýurtsyz göz öňüne getirip bilmezlik, geçen eždatlaryň hatyrasyna wepalylyk, ululary hemişe hormat etmek, islendik şertde-de haýaly bolup, durmuşda arassalyga aýratyn üns bermek ýaly köp sypatlar biziň milli gymmatlyklarymyzyň esasyny düzýär.

Gymmatlyklar belli bir şertlerde şekillenýär. Ýagny bir milletiň gymmatlyklarynyň beýlekisiniňkiden tapawutlanmagy şol gymmatlygyň şekillenen şertleri bilen düşündirilýär. Ýokarda biz özbek milletine

mahsus bolan käbir gymmatlyklary sanap geçdik. Şol gymmatlyklardan biriniň, meselem, halkymyzyň öz doglup ösen öýüne, mähellesine, obasyna ýa-da şäherine başgaça hormat bilen garaýşy, durmuşyny şu künjeklersiz göz öňüne getirip bilmejekdiginiň sebäplerini agtaralyň.



«Taryh» derslerinde alan sapaklaryňyzdan gowy bilşiňiz ýaly, biziň halkymyz örän gadym wagtlardan başlap oturymly durmuş geçirmäge öwrenişipdirler. Adamlar özleriniň öwrenişen ýerini, onuň töweregindäki suw çeşmelerini gadyrlamagy, gorap saklamagy adat edinipdirler. Çünki ine şu ýeriň we suwuň kömeginde alnyýan hasyl adamlaryň rysgaly, güzeranynyň möhüm çeşmesi hasaplanypdyr. Şeýle oturymly durmuş terzi adamlaryň köpçülik bolup, bir-birine egindeş bolup ýaşamagyna, zähmet çekmegine, zähmet önümlerini özara alyş-çalyş etmek arkaly söwda gatnaşyklaryna girişmegine getiripdir. Şeýdip oba hojalygy hemde şäher medeniýeti barha ýokarlanypdyr. Ýurdumyzda gurlan Samarkant, Karşy, Buhara, Hywa, Şährisebz, Andijan, Margilan, Termiz we Kokant ýaly onlarça şäherleriň ýaşy müň ýyllar bilen ölçelmegi ýöne ýerden däldir.

Aýtjak bolýan zadymyz, halkymyz özi doglup ösen ýere-topraga berk daňlan, ony eý görmegi çagalygyndan öwrenip, duýup ösýän millet hasaplanýar. Il-ýurdumyzyň şu babatdaky garaýşy, ruhy düşünjeleri onuň aşakdaky ýaly ençeme nakyllarynda-da aýdyň görünýär:

**!** **«Dinden çyksaň hem, ilden çykma; It – doýan ýerde, är – doglan ýerde (bu ýerde «är» – hakyky ynsan manysynda); Kişiniň ýurdunda şa bolýança, öz ýurduňda geda bol (bu ýerde «kişi» – keseki, özge ýurt manysynda); Halka söýenseň, dolarsyň, Halkdan çyksaň, solarsyň; Ile il goşulsa – döwlet, Ilden il gitse – zähmet (bu ýerde «zähmet» – alada, ýitgi manysynda); Il guramasa, ýer guramaz» we ş.m.**

Diýmek, halkymyzyň öz ýurduna çäksiz wepalylygy, hormaty bilen bagly milli däpleri we gymmatlyklary onuň baý taryhy bilen düşündirilýär. Edil şonuň ýaly, halkymyzyň ululara hormat, kiçileri sylamak, myhmansöýüjilik, kömege mätäçlere rehimli bolmak, haýa, utanç we mähir-şepagat, aýallaryny – maşgalasyny goramak, gündelik durmuşda arassalygy ýokary derejede gadyrlamak ýaly däpleri we gymmatlyklary hem durmuşyň uzak synaglaryndan geçen ölmez-ýitmez ruhy mirasymyz hasaplanýar.

Watanymyz garaşsyzlygyny gazanýança halkymyz agyr we uzak dowam eden zulumkär şertlerde durmuş geçirdi. Gadymy Türküstan ülkesi ilki patyşa hökümeti, soň bolsa sowet häkimiýeti tarapyndan basyp alyndy. Basybalyjy düzümleriň ikisinde-de diňe bir biziň ýerimizi, tebigy baýlyklarymyzy, zähmet önümlerimizi talamak, özleşdirmek bilen däl, eýsem halkymyzyň ruhy baýlyklaryna göz gyzdyryp, ony talamak bilen hem yzygider meşgullandy. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap bu agyr günleri hiç haçan unutmaly däldigimizi nygtap Prezidentimiz, 1994-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda bolup geçen parlamentiň mejlisinde aşakdaky dertli-tolgunmaly pikirlerini aýdypdy:

**« – Özüňiz pikir ediň, eziz dostlar, zulumkär düzüm, kolonializm döwründe biz kimdik?**

**– Takdyrymyz, erkimiz kimleriň elindedi?**

**– Käbä diýip nirä sygynýardyk? Her daň «Salam!..» diýen senanyň ýaňlary astynda kimlere gulluk edip oýanardyk?**

**– Dilimiz, dinimiz nähili ýagdaýdady? Ymam Buhary, Ymam Termizi, Hoja Bahaweddin Nagyşbendileriň mukaddes guburlaryna üns barmydy? Emir Temur, Babur Mürze we başga beýik ata-babalarymyzyň beýik atlary haýsy topraklarda garyşyp ýatyrdy?**

**– Milli buýsanjymyz, ynsanlyk mertebämiz, urp-adatlarymyz nähili düşünjelere çalşyrylypdy?..»**[1]

Eziz okuwçy, bu ýiti soraglarynyň anyk jogaplaryny bilmek, zulumkär düzüm wagtynda depelenen milli däplerimiz we gymmatlyklarymyz garaşsyzlyk ýyllarynda nädip täzeden dikeldilendigine aň ýetirmek her birimiz üçin hem karz, hem parz hasaplanýar.

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 5–6-njy sahypalar.

Hakykatda, 130 ýyla golaý dowam eden zulum döwründe ýurdumyzyň diňe bir maddy baýlyklaryny däl, eýsem halkymyzyň asyrlaryň dowamynda ýygyp-toplan, döreden, akyl-paýhasynyň güýji bilen döreden ençeme medeni-ruhy baýlyklary talandy. Şeýle ýowuzlyklar, aýratynam, sowetler hökümdarlygy wagtynda çydap bolmaýan derejä ýetdi. Bu düzüm dünýä şonça beýik akyldarlary terbiýeläp beren halkymyzy sowatsyz, medeniýetsiz, ukypsyz, yzagalak bir millet bolan, diýip kemsitdi. Halkymyzyň wekillerini dolandyryş, syýasat we medeni işlerinden uzaklaşdyryp, milletimizi öz takdyryny özi kesgitlemek hukugyny äsgermezlik adaty ýagdaýa öwrüldi.



Ýagdaý şu derejä ýetipdi, ýagny resmi kagyzlarda göýä «soýuzdaş respublika» hasaplanan Özbegistanyň senasynyň özge bir millete «salam» bermek bilen başlanýardy. Hakykatdan-da, dünýäniň başga hiç bir kolonial ýurdunyň senasynda-da şeýle horlugy, zulum edijileriň bolsa şeýle ulumsylygy tapylmazdy.

Dünýädäki iň baý dillerden bolan ene dilimiz diňe gepleşik diline – köçäniň dili derejesine düşürlipdi. Ähli döwlet dolandyryş işleri, resmi resminamalar, edaralarara namalar özge dilde alnyp barylýardy, hatda özbek dilinde sapak geçilýän mekdeplerde we başga bilim edaralarynda hem resminamalaryň ene dilimizde ýöredilmegine ýol berilmeýärdi.

Ähli sowet respublikalarynda bolşy ýaly Özbegistanda hem adamlaryň dini garaýyşlary, iman-ygtykady yzarlanýardy, dindar adamlar döwlet işlerine-de, okuw jaýlaryna-da kabul edilmeýärdi. Ýurdumyzda köp asyrlaryň dowamynda gurlan, alymlary okadyp terbiýelän meşhur medreseler, mukaddes zyýaratgähler – metjitler, eziz-keramatlylaryň kümmetleri bozup taşlanypdy. Bu nadanlyk syýasatyndan aman galan zyýaratgähler bolsa bir ýerde ruhy keselleriň hassahanasyna, başga ýerde bazar ýa-da dükana, ýene bir ýerde, hatda, malýataga öwrülipdi. Adamlar Remezan

we Gurban baýramlaryny arkaýyn belläp bilmeýärdi, oňa gatnaşan adamlar işleýän ýerlerinde geçirilýän ýygnaklarda ara alnyp ýazgarylyp maslahatlaşylýardy. Hatda, ýakyn garyndaşyndan aýrylan ýolbaşçy adamlar, eger jynaza märekesine gatnaşaýsa, işden kowulýardy, köpçülige ýaman atly edip görkezmek üçin gazet-žurnallardaky makalalar arkaly ýazgarylýardy.

**«Adamzadyň köp müň ýyllyk tejribesiniň delillendirmegine görä, dünýädäki zulumkär we agressiw güýçler haýsy bir halky ýa-da ýurdy özüne tabyn edip, boýun egdirmekçi, onuň baýlyklaryny eýelemekçi bolsa, ilki bilen, ony ýaragsyzlandyrmaga, ýagny iň beýik baýlygy bolan milli gymmatlyklaryndan, taryhyndan we ruhyýetinden aýyrmaga çalyşýar»[1].**



Hakykatdan-da, sowet düzüminiň hökümdarlygy wagtynda Ymam Buhary, Ymam Termizi, Hoja Bahaweddin Nagyşbendi ýaly ýüzlerçe akyldar babalarymyzyň galdyran ruhy mirasy halkdan gizlendi, beýikleriň atlary kemsidildi, mukaddes jesetleri bolsa depelendi. Taryh dersliklerinde Emir Temur, Babur Mürze ýaly onlarça şöhratly döwlet işgärleri, dünýä syýasatynyň görnükli beýik wekilleriniň päk atlary «basybalyjy», «ganhor», «rehimsiz feodal hökümdar» diýen töhmet sözler bilen agzalýardy, ýaşlary olara görä ýigrenç ruhunda terbiýelemäge zor berilýärdi.

Müň ýyllaryň synagyndan geçen gözel urp-adatlarymyza, milli-medeni gymmatlyklarymyza amal etmäge ýol berilmeýärdi, olary halkyň ýadyndan çykaryp taşlamak syýasaty alnyp barylýardy.

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 11-nji sah.

Hut şeýle çylşyrymly ýagdaýda ýurdumyzyň ýolbaşçylygyny öz üstüne alan Islam Karimow halkymyzy bu agyr ýagdaýlardan doly halas etmäge girişdi. Ýurtbaşymyz garaşsyzlykdan bir ýarym ýyl öň – 1990-njy ýylyň 24-nji fewralynda sözlän sözünde, ine, şeýle diýipdi:

**«Milli däpler halkyň iň näzik, iň hormattalap sypatlarydyr.**

**Gynansak-da, daşardan gelen käbir adamlar şu zat bilen hasaplaşmadyk wagtlary boldy. Hatda özümizden çykan käbir ýolbaşçylar Nowruz baýramyna, milli eşiklere garşy çykdy. Şu derejä baryp ýetdi, ýagny garyndaşyny jaýlamaga gatnaşsa-da könäniň galyndysy, diýip ýazgaryldy, şeýle adamlara, aýratynam, ýolbaşçylara berk çäreler görüldi...**

**Şonuň üçin bu gün bu işleri berk ýazgarýandygymyzy, halk däplerine, onuň mirasyna, adamlaryň dini ygtykatlaryna berk hormat we üns bilen garalmalydygyny ýene bir gezek düşündirip geçmekçi»[1].**

Şükürler bolsun, 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda Özbegistanyň birinji Prezidenti Islam Karimow bütin jahana ýurdumyzyň garaşsyzlygyny aç-açan aýgytly yglan etdi.

Ýurtbaşymyzyň ýolbaşçylygynda halkymyzyň taryhy hatyrasyny dikeltmek, gadymky urp-adatlary we gymmatlyklary hormat etmek, mukaddes mesgenleri asyl halyna getirmek, adamlaryň dini azatlyklaryny üpjün etmek boýunça çynlakaý taryhy ähmiýetli işler amala aşyryldy. Şu giň gerimli proses diňe bir özbek milletiniň geçmişi, dili, dini we gymmatlyklaryny dikeltmek, ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem ýurdumyzda ýaşaýan ähli milletleriň we halkyýetleriň däplerine we gymmatlyklaryna ýokary hormat etmek bilen üznüksiz ýagdaýda alnyp baryldy. Bu bolsa Özbegistany özüniň mukaddes Watany diýip saýýan ähli raýatlarymyzyň arasyndaky özara hormat, doganlyk, bagrygiňlik sypatlarynyň ýüze çykmagynda, Ýurtbaşymyzyň «Şu eziz Watan – ählimiziňki» diýen haýyrly taglymy durmuşa yzygider geçirilmeginde möhüm rol oýnaýar.

---

[1] **Islam Karimow.** O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. –D.: «O‘zbekiston» NMIU, 2011-nji ýyl, 143–144-nji sahypalar.

**Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, «Taryhy hatyrasyz – geljek ýok». Taryhy hatyra bolsa özünde milli däp-dessurlary we gymmatlyklary, olaryň ruhy kuwwatyny hem jemleýär. Bu gymmatlyklaryň dikeldilmegi, hormat edilmegi halkymyzyň ruhy taýdan galkynmagyna, onuň bu dünýäde hiç kimden kem bolmandygyna aň ýetirmekde, duýmakda, iň möhümi – mundan beýläk hem hiç kimden kem bolmazlyga ymtylmagynda güýçli faktor bolar.**

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Milli däpler we gymmatlyklar nähili emele gelýär?
2. Özbek halkynyň milli däpleri we gymmatlyklary nähili sypatlary öz içine alýar?
3. Halk nakyllarynda, rowaýatlarynda halkymyza mahsus bolan nähili gymmatlyklar beýgeldilýär?
4. Halky ruhy mirasdan, däplerden we gymmatlyklardan aýyrmak nähili netijelere getirmegi mümkin, diýip oýlaýarsyňyz?
5. Garaşsyzlyk ýyllarynda özüňiz ýaşaýan çäkde milli däplerimizi we gymmatlyklarymyzy dikeltmek boýunça nähili işler amala aşyryldy?
6. Halkymyz tarapyndan ýaradylan ruhy mirasymyza, milli däplerimize we gymmatlyklarymyza sowet döwründe nähili gatnaşykda bolnandygy barada baba we mamalaryňyzdan sorap biliň.
7. Aşakdaky suratlarda nähili gymmatlyklarymyz we däplerimiz görkezilendigi barada hekaýa düzüň.


*a*


*b*


*ç*

## TARYHY ÝADYGÄRLIKLER

### *(Amaly sapak)*

Şu günki amaly sapagyň meýilnamasyny düzmek, ony nirede we haçan geçirmek, elbetde, mugallymyňyzyň wezipesidir. Ýöne bu sapaga hiç hili taýýarlyksyz, «boş el bilen girip gelmek» size ýaraşmaýar, dogrumy? Diýmek, geliň, indiki sapaga özümizi taýýarlalyň, ilki bilmegimiz mümkin bolan zatlar barada gepleşip alalyň.

Bilşiňiz ýaly, ýurdumyzyň her bir welaýatynda, şäher-obasynda, awulynda we mähellesinde uzak ýa-da ýakyn geçmiş bilen bagly taryhy ýadygärlikler tapylýar. Bu ýadygärligiň gadymky medrese ýa-da metjit, hanaka ýa-da minara, köşk ýa-da sardoba, hammam ýa-da köpri, muzeý ýa-da kitaphana bolmagy mümkin. «Taryhy ýadygärlik» düşünjesi gaty giň manyly bolup, ol öz içine mähelläňizde saklanyp galan gadymky degirmeni hem, äpet daragty hem, köne gubury hem, seýrek golýazma kitaby-da alýar. Diýmek, mugallymyňyz ine şu ýadygärliklerden biriniň mysalynda size we deň-duşlaryňyza halkymyzyň ylmy-döredijilik geniallygy barada giň düşünje bermegi mümkin.

Şu boljak sapak wagtynda siziň ýönekeý bir syýahatçynyň, tomaşaçynyň, gözegçiniň ýerinde bolmazlygyňyzy halaýarys. Elbetde, mugallymyňyz ýa-da amaly sapaga çekilen hünärmen adam size şu taryhy ýadygärlik hakynda köp zatlary hekaýa edip berer. Ilki bilen, siz bu hekaýalary üns bilen doly diňlemäge, gerekli maglumatlary depderiňize bellik etmäge çalyşyň. Mugallymyňyzdan ýa-da hünärmenden düşünmedik zatlaryňyzy soramaga, aýdyňlaşdyrmaga-da çekinmäň.

**Eger bu ýadygärlik haýsy-da bolsa bir taryhy desga bolsa, onuň ýerleşýän ýeri, göwrümi, otaglarynyň sany we uly-kiçiligi, daşky we içki bezegleri, maňlaýyndaky ýazgylarynyň manysy, şu ýazgylaryň näme bilen amala aşyrylandygy, haýsy dil-**

**dedigini, şu desgany kim, haçan, näme mynasybetli we nämä niýetläp gurandygy ýaly köp meseleler ünsüňizden daşda galmasyn.**

Meselem, şeýle äpet desgalaryň aglabasynyň daşyna eždatlarymyz köpräk tut agajyny ekipdirler. Geň galaýmaly, näme üçin hut şu agaç ekilipdir?

Sebäbi, tut agajy özüniň çuňňur giden kökleri bilen şu bina ýerleşýän ýeriň astyndaky we onuň töweregindäki zeý suwlary çekip, pyntyklary we ýapraklary arkaly howa bugardyp goýbermek ýaly seýrek aýratynlyga eýedigini babalarymyz gaty gowy bilipdirler. Netijede, ullakan desganyň binýady we diwarlary gurak, berk saklanypdyr, uzak asyrlaryň dowamynda zowalyň nämedigini bilmändir. Galyberse-de, tut özüniň bal ýaly şirin, bol hasylly miwesi, rahatlandyryjy salkyny, uzak ýaşamagy bilen hem başga daragtlardan tapawutlanýar.

Gyzyklanyp görmegiňiz mümkin bolan ýene bir mesele – şonça beýik edilip gurlan binalaryň asyrlaryň tupanyna – ýagyşlaryna we garlaryna, şemaldyr tüweleýleriniň «hüjümine», ýer titremelerine hem-de näçe- näçe gazaply söweşlere dözüp gelýändiginiň syrynyň nämededigini bilmekdir. Bu binalaryň esasyna näme, näçe çuňlukda düşelendigi, olar näçe zamanlardan bäri mizemän durlar? Şu günki ýaly berk demir gurluşlar, sement we beton garyndylary umuman ulanylmadyk bolsa-da, olaryň galyň diwarlaryny, gümmezlerini, sütünsiz petiklerini näme saklap dur? Daşky we içki bezeglerine ulanylan reňkler gören adamyň gözüni guwandyrmagynyň syry nämede? Şu we başga onlarça soraglary siz bermeseňiz kim berer, şu gyzykly soraglaryň özünden hem gyzyklyrak jogaplaryny siz bilip almasaňyz kim biler?

Binanyň maňlaýyndaky ýa-da başga ýerlerindäki ýazgylar barada aýdypdyk. Ýatladyp geçişimiz ýaly, bu ýazgylaryň näme many berýändigi, nähili dilde ýa-da hatda ýazylandygy, oýup ýazylanmy ýa-da güberçek şekildemi – bularyň hemmesi-de möhüm ähmiýete eýedir. Aýdaly, metjit bilen medresede duşýan ýazgylar, kümmet ýa-da minara nagyşlanan ýazgylar bir-birinden her taraplaýyn tapawutlanýar. Iň möhümi – bu ýazgylar şu desga, zyýaratgäh barada iňňän möhüm maglumaty özünde saklaýandygy bilen gymmatlydyr...

Şaýady bolşuňyz ýaly, «Taryhy ýadygärlikler» temasynda geçiriljek amaly sapak hem ýönekeý syýahat bolman, her birimizden içgin taýýarlygy, ençeme soraglar barada pikirlenmegiňizi talap edýär.

### AMALY SAPAK ÜÇIN EDEBIÝATLAR:

1. Islam Karimow. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. Daşkent. «Ma’naviyat», 2013.

2. Islam Karimow. Yoshlarimiz – xalqimizning ishonchi va tayanchi. Daşkent. «Ma’naviyat», 2006.

3. Islam Karimow. O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. Daşkent. «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2011.

4. Barkamol avlod – kelajagimiz tayanchi. «Ma’naviyat», Daşkent. 2010.

5. O‘rta asrlar Sharq allomalari va mutafakkirlarining tarixiy merosi, uning zamonaviy sivilizatsiya rivojidagi roli va ahamiyati. Halkara konferensiýa materiallary. Daşkent, «O‘zbekiston» neşirýaty, 2014-nji ýyl, 4–36-njy sahypalar.

## BARLAG IŞI

Ý u m u ş : **«Ruhyýetiň jemgyýetiň ösüşindäki ähmiýeti»** temasynda referat taýýarlaň.

Onda aşakdaky meseleleri açyp görkezmäge synanyşyň:

– Ýurtbaşymyz Islam Karimow tarapyndan «ruhyýet» düşünjesine berlen kesgitleme;

– halkymyzyň baý ruhy mirasyny özleşdirmek zerurlygy;

– ruhyýete ünsüň geljege ünsdigi;

– adam ruhyýeti nämeleriň hasabyna baýlaşmagynyň mümkindigi;

– erkin, demokratik jemgyýeti diňe ruhyýeti ýokary adamlar gurup bilýändigi;

– halkymyzy dünýä tanatmakda milli ruhy baýlyklarymyzdan – edebiýatymyzdan, sungatymyzdan, medeniýetimizden giň peýdalanmagyň ähmiýeti we başga meseleler.

III
bap

# RUHYÝETE WEHIM – ÖZLÜGIMIZE WEHIM

## GÖZE GÖRÜNMEÝÄN HATARLAR

Eziz okuwçy, öňki derslerimizden bilşiňiz ýaly, «globallaşma» sözi «Ýer ýüzi», «bütin Ýer ýüzüne degişli» diýen manylary aňladýar. Globallaşma sözi arkaly, şonuň ýaly-da, şu günki dünýäde ylym-tehnika ugrundaky açyşlaryň ýiti köpelmegi, habar we maglumatlary çaltlyk bilen ýaýratmak mümkinçiliginiň artmagy, ýurtlarara we adamlaryň arasyndaky ähli aragatnaşyklaryň çaltlanmagy ýaly hadysalar hem aňladylýar.

**«Globallaşma – bu ilki bilen ýaşaýyş depginleriniň çäksiz derejede çaltlanmagy diýmekdir»[1].**

Ýogsam, bu sözüň we düşünjeleriň milli taglyma, ruhyýete, adamyň ruhy dünýäsine näme dahyly bar?

Özüňiz şaýady bolşuňyz ýaly, hiç bir adamyň, milletiň ýa-da ýurduň ony gurşaýan älemden, tebigatdan we jemgyýetden üzňe ýagdaýda, her tarapdan gizlenip ýaşamagy-da, öňe tarap hereketlenmegi-de umuman mümkin däl. Ozal-ozaldan adamlar, milletler we ýurtlar hemişe özara aragatnaşykda bolup gelipdirler, bir-birine her taraplaýyn täsir edipdirler. Ýöne, uzak asyrlaryň dowamynda bu aragatnaşyk-täsirler gaty haýallyk bilen, kiçi gerimde, serhet etek çäklerde bolýardy. Meselem, Günbatarda açyş edilen käbir täzelik ýa-da adat Gündogara ýetip gelip, gözýetime ýaýraýança ýüz ýyllar geçip gidýärdi. Edil şeýle, tersine mysallar hem köp bolupdyr. Hususan-da, Gündogar halklary örän gadymdan peýdalanyp gelen, arassaçylygyň we saglygyň möhüm faktory bolan hammamda ýuwunyp arassalanmak adatyny günbatarlylar öwrenýänçe näçe asyrlar talap edilipdi. Häzir nähili?

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 111-nji sah.

**Häzir Ýer ýüzüniň başga ýarym şarynda, bizden on müňlerçe çakyrym uzakdaky ýurtda bolup geçen waka-hadysa, öndürilen önüm, ylmy açyş baradaky habary tapmagymyz üçin minutlar däl, hatda sekuntlaryň özi ýeterlidir.**

Eger gürrüň diňe habardar bolmak bilen çäklenen bolsa-dy muňa üns bermezlik mümkindi. Iň esasysy, şol – on müňlerçe çakyrym uzakda bolup geçen waka-hadysa ertir geçip birigün dünýäniň islendik bir künjeginde ýüze çykmagy häzirki wagtda mümkin boldy. Edil şeýle – dünýäniň ol çetinde öndürilen zady başga bir çetine eltip bermek üçin hem birnäçe gün ýeterlidir. Ýadyňyzda bolsa, bu hakda öňki söhbetlerimizde-de bölekleýin pikir ýöredipdik.

Elbetde, dünýäniň niresinde bolsa-da, döredilen ylmy açyşdan hemmeleriň tiz peýdalanyp bilmegi, onuň kömeginde adamlaryň durmuşyny has-da abadanlaşdyryp, olaryň agyryny ýeňletmek – iňňän zerur we sogap işdir. Ýa-da uzak bir ýurtda öndürilen, siziň bilen bize-de köp peýdaly bolan zada (meselem, iň ahyrky kysymly kompýuter ýa-da el telefonyna, häzirlikçe özümizde öndürilip başlanmadyk maşynlara we enjamlara, agyr kesellerden halas edýän täze däri-derman hem-de başga ençeme zerur zatlara) çalt eýe bolmak näçe-näçe meselelerimizi aňsatja çözýär. Şular ýaly ýagdaýlar globallaşma hadysasynyň oňyn taraplary bolup, olary diňe goldamak gerek. Biziň hem ine şu prosese giň we netijeli gatnaşmagymyz, globallaşmanyň çaltlygyndan, dünýä ösüşinden üzňeleşmeli däldigimiz talap edilýär.

Gynansak-da, bu waka – globallaşmanyň başga taraplary-da bar.

**«Islendik ösüş önüminden iki hili maksatda – ýagşylyk we ýowuzlyk ýolunda peýdalanmak mümkin... Globallaşma prosesiniň ýene bir özboluşly tarapy şundan ybaratdyr, ýagny häzirki şertlerde ol aňyýet taýdan täsir etmegiň iňňän ýiti guralyna öwrülip, dürli syýasy güýçleriň we merkezleriň bähbitlerine hyzmat edýändigini sagdyn pikirlenýän islendik adam, elbetde, görüp biler»[1].**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 112–113-nji sahypalar.

Ýokarda biz dünýäniň dürli künjeklerinde bolup geçýän oňyn waka-hadysalar, açyşlar hakynda gürrüň etdik. Ýöne bir wakadan ikinji wakanyň, bir açyşdan başga bir açyşyň tapawudynyň bardygyna aklyňyz ýetýändir, elbetde.

**Iň howplusy – dünýäniň dürli künjeklerinde ornaşyp alan bozgak güýçler hem globallaşmadan öz bähbitleri ugrunda peýdalanmaga çalyşýarlar.**



Şeýle güýçleri, ruhy-aňyýet taýdan täsirleri, şertli ýagdaýda, iki iri ugurda görmek mümkin.

Bu ugurlardan birini mukaddes yslam dininiň adyndan bikanun iş alyp barýan dürli bozgak güýçler düzýär. Dogmatizmi, dini ekstremizmi, rehimsiz terrorçylygy özüne ýarag edinen şeýle toparlar biziň ýurdumyzdaky parahatçylyga we asudalyga wehim salmagyň dürli usullaryny oýlap tapýarlar. Olar tutuş Ýer ýüzündäki adamlaryň arasynda dini, jynsy, milli gapma-garşylyklary getirip çykarmak, hemmäni özleri ýaly pikirlenmäge, ýaşamaga mejbur etmek ugrunda hiç zatdan gaýtmaýar.

Bilşiňiz ýaly, Özbegistan topragy gadym-gadymdan dürli milletler we halkyýetler, dinler, medeniýetler özara agzybir hyzmatdaşlykda ýaşap gelen, gülläp ösen mukaddes toprakdyr. Uzak taryhyň dowamynda biziň ülkämizde bu meseleleriň daşynda hiç hili dawa, uruş-jenjeller bolmandyr. Çünki, özbek halky özüniň bagrygiňligi, milletlarara we dinlerara agzybirligi gadyrlamagy bilen köpçülige nusga bolupdyr. Galyberse-de, biziň ýurdumyz-da yslam dininiň iň beýik göreldeli wekilleri doglup ösüp ýetişdiler, tälim-terbiýe alypdyrlar. Olaryň arasynda hadys ylymynyň soltanlary – muhaddisler, yslam hukukşynaslygy – fikh ylmynyň akyldarlary, ynsany hem beden taýdan, hem ruhy taýdan kämillige

tarap çagyrýan ruhy taglymat – tasawwuf (sopuçylyk) ylmynyň genileri bar. Şu we ýene başga ençeme ruhy faktorlar halkymyzyň imanynyň berk, ygtykadynyň güýçli bolmagyny üpjün edipdir. Prezidentimiziň sözleri bilen aýdanda, Alla – biziň kalbymyzda, ýüregimizde.

Dogmatik, ekstremistik güýçler bolsa ynha şu ygtykady bozmak, mukaddes dinimizi öz maksatlarynda ulanmaga çalyşýarlar.

*Dini dogmatizm dindäki belli bir dogmanyň ýa-da kadalaryň, ýerlikli ýa-da ýerliksizdigine seretmezden, köre-körlük bilen ulanmaga we absolýutlaşdyrmaga synanyşykdyr. Dogmatizm ähli dinlerde dürli mezhepler bilen ugurlaryň arasynda dartgynlygyň, dawanyň, çaknyşmanyň we uruşlaryň gelip çykmagyna sebäp bolýar.*

Dogmat kimseler haýsy-da bolsa bir sözi, hakykaty düşündirmek, ynandyrmak, ýagny magaryf arkaly wagyz etmegi ykrar etmeýär. Özüni şekşübhesiz elmydama hak diýip saýmak, hakykaty diňe men bilýärin, diýen men-menlik bolsa, elbetde, zulumkärligi döredýär. Başgaça aýdanda, dogmatizm, ahyrky netijede, ekstremizmiň döremegine getirýär. Ekstremizm bolsa dürli görnüşlerde ýüze çykyp, terrorçylygy-da öz içine alýar.

*Ekstremizm (latynça «extremus» – hetdenaşa, ganym manysyny berýär) – jemgyýetçilik-syýasy meseleleri çözmekde ýiti çäreleri, hereketleri, pikir-taglymlary goraýan garaýyş, şolaryň esasynda iş alyp barmak hasaplanýar.*

Ekstremizm, mazmunyna görä, dini we dünýewi häsiýetli bolmagy mümkin. Ýüze çykyşyna görä bolsa çäkleýin (bir ýurduň içinde), sebitleýin (belli bir sebitde) we halkara (bütin dünýä boýunça ýaýran) şekillere bölünýär.

**Dini ekstremistik ruhdaky garaýyşlara dünýädäki ähli dinleriň arasynda-da duşmak bolar.**

Ol, gynansak-da, yslam äleminde-de ýaýrandyr. Dini ekstremistler nirede iş alyp barsalar-da, esasy niýeti – nähilidir hakykatdan uzak, hyýaly ýeketäk yslam döwletini gurmak hasaplanýar. Şu maksada bolsa dürli dawalar, ýaragly hüjümler arkaly, ýagny günäsiz adamlaryň ganyny dökmek we zorluk etmek bilen gazanmakçy bolýarlar.

Öz-özünden aýan bolşy ýaly, şeýle hereketler jemgyýetdäki parahatçylygyň, asudalygyň, adamlaryň arasyndaky özara ynamyň we hyzmatdaşlygyň bozulmagyna, adam öldürilmegine, weýrançylyklara getirýär. Ekstremizmiň giň ýaýran görnüşlerinden biri terrorizmdir.

*Terrorizm (latynça «terror» – gorky, elhenç) – ýowuz maksatlar ugrunda, güýç ulanyp, adamlary girewe almak, olary beden taýdan ýok etmek, jemgyýetde wehim döretmekden ybarat zulumkärlik usuly.*

Ol nähili niýetde amala aşyrylsa-da, barybir, adamzada, ösüşe, haýyr işlere, durmuşa garşy jenaýat hasaplanýar. Şol sanda, dini maksatlary özüne nykap edinen terrorçylyk hem edil şeýle manyly bolup, ol dünýädäki ähli progressiw güýçler tarapyndan hemme ýerde birmeňzeş ýazgarylýar. Özbaşdak ösüş ýolundan çalt barýan biziň ýurdumyza ýaman göz bilen seredýän ýowuz güýçler terrorçylyk ýoly bilen bizi ýokary maksatlarymyzdan gaýtarmaga, ýene tabyn etmäge telim gezek synanyşdylar. Şu maksatda olar haýynlardan hem, buýurma boýunça, pul üçin bozgaklyk we talaňçylyk bilen meşgullanýan hakyna tutma terrorçy toparlardan hem peýdalandylar.

**Diýmek, dürli görnüşdäki dogmatlar, ekstremistler, terrorçy jenaýatçylar nähili taglymlaryň arkasynda gizlenseler-de, olaryň asyl niýetlerini tapawutlandyrmagy başarmak, ýowuz edenetdilerini wagtynda duýup, açyp taşlamak – Watanymyzyň geljegini, onuň parahatçylygyny we abadançylygyny oýlaýan her bir ýurtdaşymyzyň borjy hasaplanýar.**

Indi ruhy-aňyýet wehimleriniň ikinji bir görnüşi barada durup geçeliň.

Häzire çenli geçilen «Edepnama», «Watan duýgusy», «Taryh», «Edebiýat», ýaly derslerden gowy bilşiňiz ýaly, özbek halky özüniň edep-ahlagy, utanç-haýalylygy bilen köp halklaryň hormatyny gazanyp gelýär. Bu sypatlar milletimiziň ganyna siňen bolup, halkymyz olarsyz öz durmuşyny göz öňüne getirip bilmeýär. Biziň adamlarymyz üçin «utançsyz!» diýen sözi eşitmek iň gaty käýinç hasaplanýar.

Gynansak-da, globallaşma şertlerinde Günbatar ýurtlarynyň aglabasynda peýda bolan, müňlerçe köpçülikleýin habar serişdeleri arkaly bütin dünýä ýyldyrym çaltlygynda ýaýraýan «köpçülikleýin medeniýet» diýlip

atlandyrylýan medeniýetsizlik, ahlaksyzlyk, bihaýalyk biziň durmuşymyza hem girip gelmäge synanyşýar. Bu hakda öňki derslerimizde-de söhbetleşen bolsak-da, bir seredende göze açyk taşlanmaýan bu hatardan doly habardar bolmak üçin şu barada ýene bir gezek durup geçiş zerurlygy duýulýar.



«Köpçülikleýin medeniýetiň» manysyna aň ýetirmek üçin, ilki bilen, hakyky medeniýetiň özüniň nämedigini ýada salmak gerek bolýar. Bilşiňiz ýaly, adam başga jandarlardan diňe bir aňly, akylly, pikiriň eýesi bolany bilen däl, eýsem olaryň kömeginde döreden medeniýeti bilen hem tapawutlanýar.

*«Medeniýet» düşünjesi adam tarapyndan döredilen, haýyr işlere hyzmat edýän ähli maddy we ruhy baýlyklary özünde jemleýär. Halk agzeki döredijiligi we ýazma edebiýat, binagärlik we saz, teatr we kino sungaty, telewideniýe we radio, köpçülikleýin habar serişdeleriniň başga ähli görnüşleri adamzat tarapyndan açyş edilen medeni durmuşyň nygmatlarydyr. Olar, öz gezeginde, adamzadyň ýene-de medenileşmegine, ynsanylaşmagyna hyzmat etmelidir.*

Gynansak-da, özüni edil şu adamzat wekili hasaplaýan, aslynda bolsa haýyrly ynsany duýgulardan uzak bolan adamlar tarapyndan «köpçülikleýin medeniýet» diýen adamkärçiliksiz tomaşalary oýlap tapýarlar. Olar ýokarda sanap geçenimiz medeni ugurlaryň ählisinden orun alyp, hakyky medeniýeti sahnadan sürüp düşürmäge synanyşýarlar.

Şu ýagdaý size düşnükliräk bolar ýaly käbir mysallary getirýäris. Meselem, hakyky aýdym näme? Onuň döremegi üçin nämeler talap edilýär? Diňläniňizde siziň «gözüňizden ýaş akdyrýan» özbek nusgawy ýa-da häzirki zaman aýdymlaryň tekstine üns berdiňizmi? Olardaky many-mazmun nähili, gamgyn ýa-da şatlykly duýgulary aňlatmak üçin bolsa şahyr nähili gözel taryplary tapypdyr. Ýöne ýagşy goşgynyň diňe

özi entek aýdym diýildigi däl. Ussat kompozitor bu goşga şeýle saz, häzire çenli başga hiç kim tapyp bilmedik heň düzýär, göýä bu goşgy hut şu heň üçin döredilen ýaly bolýar. Emma entegem siz bilen biz aýdymyň özüni «diňlemedik», dogrumy? Goşgy we heň özi üçin ýene bir talanty talap edýär. Ol hem bolsa, özüniň dogabitdi, şireli owazy bilen özgelerden tapawutlanýan aýdymçydadyr.

Görşüňiz ýaly, adamy özüne çekýän ýekeje hakyky aýdymyň peýda bolmagy üçin näçe dogabitdi talant, näçe dert-şatlyk, ylham we zähmet gerek.

Indi dürli daşary ýurt telekanallarynda berilýän «aýdym»lara, olaryň mazmunyna, sazyna, ýerine ýetirilişine üns bereliň. Bir topar ýarym ýalaňaç, saç-sakgaly ösen ýa-da päki bilen alnan, edil pýanlara meňzeş adamlar ýaly özüni her tarapa urup, böküp, agzyndan köpük saçradyp bagyrýan, sahnada edil jan berýän ýaly ýatyp iňňildeýän bu kimseleriň hakyky sungata, medeniýete, goşgudyr heňe näme dahyly bar? Neneň, ynsany duýgular, tolgunmalar, islegler ine şunuň ýaly aňladylýan eken? Haýsy dilde aýdylmagyna seretmezden, eger şol «aýdym»laryň tekstini terjime edip görseňiz, köplenç pes islegler, zorluk-zulumkärlik, dünýä we güzerana ýigrenç ýaly «many»laryň wagyz edilýändigine şaýat bolarsyňyz.

Edil şeýle görnüşleri «köpçülikleýin medeniýet»iň önümleri bolan kino we teatr tomaşalarynda, telewideniýe ýaýlymlarynda we radio gepleşiklerde, edebiýat we şekillendiriş sungata sokulyp girip gelýän ýeňil-ýelpaý eserleriň mazmunynda-da aýdyň görmek bolar.

Bularyň ählisi adamyň wagşy duýgularyny gozgamaga, ony hiç zatdan gaýtmaýan, hiç zady oýlanmaýan mahluga öwürmäge gönükdirilendir. Şeýle adam bolsa Watany-da, milleti-de, ata-enäni-de tanamaýar, adamkärçligi-de ykrar etmeýär. «Köpçülikleýin medeniýeti» döredijileriniň we wagyz edijileriniň düýp maksady-da hut şu – halklary, milletleri haýsy tarapa kowsa, şol tarap gidiberýän alamana, sürä öwrüp, olaryň üstünden öz hökümdarlygyny ornaşdyrmakdyr.

**Prezidentimiz şu ýagdaýdan hemmämizi şeýle ägä edýär: «Köpçülikleýin medeniýet» diýen nykap astynda ahlak bozuklyk we zulumkärlik, indiwidualizm, egosentrizm taglymlaryny ýaý-**

**ratmak, gerek bolsa, şonuň hasabyndan baýlyk artdyrmak, başga halklaryň näçe müň ýyllyk däplerine we gymmatlyklaryna, durmuş terziniň ruhy esaslaryna äsgermezlik, olary talamaga gönükdirilen hatarly wehimler adamy aladalandyrjakdygy tebigydyr»[1].**

*Siz indiwidualizm, egosentrizm diýen sözleri düşünip almagyňyz üçin aýtmakçy, ýagny bu sözler adamyň diňe özüni oýlamagyny, hemme zadyň özi üçin bolmagyny islemegini, başgalaryň durmuşy, pikir-hyýaly, takdyry bilen hasaplaşmazlyk ýaly egoistligini aňladýar.*

Diýmek, her birimiz okamakçy bolýan kitabymyza, görmekçi bolýan kinofilme ýa-da multfilme, tomaşa etmekçi bolýan gepleşige we waka-hadysalara zatlara açyk göz bilen, hüşgär garaýşymyz, aňymyzy zäherlenmeden, datymyzyň kütekleşmezinden, kalbymyzy bolsa gödekleşmeginden özümiziň gorap saklamalydygymyz talap edilýär.

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Globallaşma diýende nämeleri aňdyňyz?
2. Globallaşmanyň oňyn we otrisatel taraplary barada nämeleri bilýärsiňiz?
3. Ýurdumyzdan yslam dininiň gülläp ösmegine uly goşant goşan nähili beýik alymlar ýetişip çykypdyr?
4. Dogmat kimseleri nähili tanamak mümkin, diýip oýlaýarsyňyz?
5. Terrorçylyk näme we ol nähili erbet netijeleri getirip çykarýar?
6. Ekstremizm nogsanyna kesgitleme beriň.
7. Aşakdaky suratlar esasynda medeniýet hem-de galp «köpçülikleýin medeniýet» düşünjeleriniň arasyndaky tapawutlary aýdyp beriň.


*a*


*b*


*ç*


*d*

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 117-nji sah.

## ŞAHS TERBIÝESI

Şu günki temanyň mazmunyna düşünmek üçin, ilki bilen, «şahs» diýende kim nazarda tutulýandygyna düşünmeli bolýar. Bu düşünjäniň «adam», «köpçülik», «märeke» diýen düşünjelerden nähili tapawudynyň bardygyny hem bilmelidiris.

Temamyzyň adyndan görnüşi ýaly, şahs bolmak üçin adam, elbetde, terbiýelenmeli eken. Tälim-terbiýesiz, durmuşdaky gowulygy we ýamanlygy bilmezden, olary tapawutlandyrmazdan, adamyň şahs bolup şekillenmegi mümkin däl eken. Tälim-terbiýe, gowy-ýamanyň tapawudyna düşünýän derejä ýetmek bolsa uzak wagt talap etmegi, hatda, adamyň ömrüniň ahyryna çenli dowam etmegi mümkin. Diýmek, islendik adamy hem, bu dünýäde baş göterip ýören hemme adamlary-da şahs diýip atlandyryp bilmeýäris. Bu ada sezewar bolmagyň öz talaplary, ölçegleri bar. Şu talap-ölçegleriň içinde ruhy-magaryf ölçegleri möhüm orun tutýar.

«Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda şeýle diýlipdir:

**«Her haýsy ata-ene, mugallym we terbiýeçi her bir çaganyň tymsalynda ilki bilen şahsy görmelidir. Ine şu ýönekeý talapdan gelip çykmak bilen, perzentlerimizi özbaşdak we giň pikirleniş ukybyna eýe bolan, aň-düşünjeli ýaşaýan kämil ynsanlar edip ýetişdirmek – tälim-terbiýeçilik ugrunyň esasy maksady we wezipesi bolmalydyr»[1].**

Geliň, şu sözleriň manysyna üns bereliň. Ýurtbaşymyz ata-enelere, mugallymlara we terbiýeçilere «her bir çaganyň tymsalynda ilki bilen şahsy görmelidigini» nygtaýar. Ýagny, siz we dostlaryňyzyň her biri geljekde şahs

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 61-nji sah.

bolup ýetişmek mümkinçiligine eýesiňiz. Tutuş tälim-terbiýe ynha şu mümkinçiligi ýüze çykarmaga, siziň içiňizde gizlenip ýatan şu uly ukyby açyş edip, ony kämilleşdirmäge gönükdirilmelidir.

**Başgaça aýdanda, her bir çaga doglandan derrew taýýar şahs bolmaýar. Belki onuň tymsalynda, içinde şahs bolup ýetişmek mümkinçiligi gizlenen bolýar. Iň esasysy ine şu «hazynany» görüp, açyş edip bilmegidir.**



Eger adamyň özbaşdak pikirleniş ukyby höweslendirilse, şeýle pikirlenmä mümkinçilik döredilse, ol aňly ýaşaýan ynsan bolup ýetişýär. Erkin we özbaşdak, çuňňur we giň pikirlilik, hemme zat barada adalatly pikir ýöretmek, durmuşda aňly ýaşamak bolsa ynsany kämillige tarap eltýär.

Indi şahs bolup ýetişmegiň şu möhüm talaplaryna aýratyn durup geçeliň.

Ýogsam, erkin pikirlilik näme?

Bilşiňiz ýaly, dünýäde zat we hadysalar san-sajaksyzdyr. Olar barada her bir ylym özüniň ylmy garaýyşlaryny öňe sürýär. Ylmyň bolsa, çeni-çägi ýok. Ýagny, zatlaryň we hadysalaryň mazmunyny öwrenmek baky dowam ediberýär. Şu öwrenijileriň hataryna indi siz hem goşulýarsyňyz. Öwrenmek dowamynda geçen eždatlarymyzdan galan bilim-tejribeleri mümkingadar köpräk özleşdirmelisiňiz. Şeýle etmese-de bolanok. Sebäbi, näçe asyrlar öň açyş edilen tebigatyň we jemgyýetiň kanunalaýyklyklaryny täzeden oýlap tapyp, ömrüni geçirip goýbermezsiňiz, ahyryn, dogrumy?

**Ýöne, iň esasysy, hälki düşündirişimiz ýaly, zat we hadysalar näçe çuňňur öwrenilse-de, olaryň entek öwrenilmän galan, entek açyş edip ýetişmedik haýsydyr tarapy, hökman, bolýar.**

Eger siz olar barada öwrenen bilimleriňize we şahsy garaýşyňyza daýanmak bilen ýene-de erkin pikir ýöredýän bolsaňyz, şol zatlaryň we hadysalaryň başga hiç kim görmedik möhüm taraplaryny tapjakdygyňyza ynanyp bilersiňiz. Munuň üçin bolsa, ýene gaýtalaýarys, siz erkin pikirlenmegiňiz, hiç kimiňkä meňzemeýän aklyňyzdan we duýujylygyňyzdan peýdalanmagyňyz talap edilýär.

Özbaşdak pikirlenme düşünjesine bolsa size tanyş bir eseriň wakalarynyň mysalynda garap geçeliň.

Ýadyňyzda bolsa, 5-nji synpyň «Edebiýat» dersliginde meşhur edebiýatçy Aýbegiň «Fanorçy ata» hekaýasyny okapdyňyz. Onda geçen asyryň 20-nji ýyllarynda köçelere oturdylan, pelte we kerosin bilen ýanýan fanorlara seredýän ýaşuly – Fanorçy ata bilen mähelledäki ýaş çagalaryň arasynda bolan bir waka hekaýa edilýär. Çagalardan «iň köp gorkmaýan, iň bet gylykly Kasym çolak» hemişe şäriklerini köçäni yşyklandyrýan fanoryň çüýşe gözüni – aýnalaryny daş ýa-da kesek bilen urup döwmäge, şu arkaly Fanorçy atanyň gaharyny getirmäge çagyrýar. Onuň gepine giren bir süri çaga şu bolgusyz işi edip, atanyň närazylygyna sebäp bolýar. Ahyrynda, Fanorçy ata olaryň bu gylygy mähelledäki köpçülige, aýratynam, batgalyk wagtynda agşamyna köçä çykan garrylara hemişe kynçylyk dörедýändigini düşündirenden soň çagalaryň gözi açylýar. Çagalar, Kasym çolagyň gaharlanyp gygyrmagyna seretmezden, onuň aýdanlaryny etmezlige, mundan beýläk adamlara peýdaly bolan fanoryň «gözüni oýup» almazlyga ant içipdirler...

Üns beren bolsaňyz, şu kiçijik hekaýada hem adamyň öz pikirine, özbaşdak garaýşyna eýe bolmazlygy nähili erbet netijeleri getirip çykarýandygy gaty täsirli edip açyp görkezilipdir. Özüniň edýän işi, hereketi barada özbaşdak oýlanyp görmeýän, soňunda onuň netijelerini duýmaýan çagalar, ýekeje akmak dostunyň gepine girip, näçe zyýankeşlige sebäpçi bolýar. Belki Kasym çolak diýenleri, çyndanam, çagalaryň içinde «iň gorkmaýanydyr». Ýöne onuň bu batyrlygy nämä hyzmat edýär? Hekaýada aýdylyşy ýaly, bet gylyklylyga – ýamanlyga, bozgaklyga!

Dersimiziň başynda «şahs» düşünjesiniň ýönekeý «adam», «märeke», «köpçülik» düşünjelerinden näme tapawudy bar, diýip goýan soragymyza jogap bermegiň-de şu ýerde wagty geldi.

*Öz pikirine, şahsy garaýşyna eýe bolmadyk, aýdýan sözi ýa-da edýän işi üçin jogap bermek jogapkärligini duýmaýan adam şahs diýen ýokary derejä göterlip bilmeýär. Ynha şeýle adamlar toplanyp «märekäni», «köpçüligi» emele getirýär.*

Öňki dersimizde nygtaýşymyz ýaly, islendik ýurdy we milleti içinden bozmakçy bolan ýowuz niýetli güýçler hut şu märekäni, köpçüligi emele getirmegi, onuň weýran ediji güýjünden öz bähbitleri ugrunda peýdalanmak barada oýlanýarlar. Olar adamlary özbaşdak, erkin pikirlenmekden ünsüni sowýan özleriniň bozgak taglymlaryny, aňyýetlerini sokuşdyrýarlar, öz täsirine düşen ýaşlary, hatda, başgaça pikirlenmezlige, özüne öwredilen dogmalardan daşa çykmazlyga kasam hem etdirýärler.

**Galp «köpçülikleýin medeniýet» wagyz edijileriniň niýetide şoňa meňzeş. Olar adamyň wagşy duýgularyny oýarýan tomaşalaryň güýji we täsiri bilen jemgyýetde şahslary ýok edip, adamlary hiç zat barada çynlakaý oýlanmaýan, nämäni eşitse ýa-da görse, şonuň yzyndan köre-körlük bilen eýerip gidiberýän adamlara öwürmek isleýärler.**

Hereketiň ikisi-de, ahyrky netijede, halkyň, milletiň üstünden öz hökümdarlygyny ornaşdyrmak, onuň takdyryna eýelik etmek, baýlyklaryny talamak ýaly ýowuz niýetleri gözleýärler.

**Diýmek, her birimiz islendik zat we hadysa barada özümiziň özbaşdak pikirimize eýe bolup, ony goramagy başarmagymyz bizi köp ýamanlyklardan saklaýar.**

Diňe şonda biz dürli bozgak pikirleriň, taglymlaryň täsirine düşmeris, weýran edijilige çagyrýan kimseleriň yzyna eýermeris. Özlügimizi, milliligimizi, geljegimizi saklap galarys.

Bilşiňiz ýaly, erkin we özbaşdak, çuňňur we giň pikirlilik öz-özünden peýda bolmaýar. Munuň üçin adam köp bilimleri özleşdirmeli, akyl-paýhasyny baýlaşdyrmaly, endik we tejribe artdyrmak talap edilýär. Bu sypatlar bolsa köçede däl, eýsem magaryf mesgenlerinde – tälim-terbiýe ojaklarynda özleşdirilýär.

Ýurtbaşymyz şu babatda bir möhüm kadany aýratyn nygtaýar:

**«Tälimi terbiýeden, terbiýäni bolsa tälimden bölüp bolmaýar – bu gündogara mahsus garaýyş, gündogara mahsus durmuş filosofiýasydyr»**[1]. Diňe şu garaýşa, hakyky durmuş filosofiýasyna amal edip jemgyýetde kämil ynsany ýetişdirmek mümkin.

Üns beren bolsaňyz, biziň halkymyz bilimli, köp zady bilýän adamlary gaty hormat edýär, gadyrlaýar. Şeýle adamlara mähellede-de, zähmet kollektiwlerinde-de, dostlaryň arasynda hem aýratyn üns berilýär. Ýöne diňe bir şerti bilen: eger şol bilimli, köp zady bilýän adam, ilki bilen, adamkärçiligi-de bilse, alan tälimi terbiýesine gabat gelse, aýdýan sözi bilen edýän işiniň arasynda tapawut, garşylyk bolmasa. Iň möhümi – şol adam diňe bir alym bolmagyň däl, eýsem adam bolmak ylmyny-da doly eýelän, başgalary hormat we yzzat etmek tejribesini hem özleşdiren bolsa. Terbiýe gören, ýagşy-ýamany saýgarýan adamyň ylym-bilimi çuňňur we giň eýeleýşi, özleşdirişi hem-de durmuşa geçirişi örän netijeli bolýar. Öz ýerinde, adam çagasyna berilýän terbiýe, birinji nobatda, bilime, ylma esaslanmaly, tälim taýdan dogry guralmalydyr.

Eger terbiýe ýeňil-ýelpaý ýagdaýda sowatsyz guralsa, ulgamly we yzygiderlikde alnyp barylmasa, şeýle «terbiýe» adamyň geljegine, şahsyň şekillenmegine diňe zyýan berýär.

Ynha diňe şu kadalara amal edilen ýagdaýynda tälim-terbiýe özüniň ahyrky maksadyna ýetip, kämil ynsany kemala getirmegi mümkin.

*Kämil ynsan diýende biz azat şahsy, erkin pikir ýöredýän, Watanyna hem-de halkyna halal we wepaly gulluk edýän adamy düşünýäris.*

We tersine, eger ynsan başga birine gul ýaly eýerse, özüniň özbaşdak pikirine eýe bolmasa ýa-da ony gorap bilmese, tabynlyk we baknalyk girdabyna ýolugýar. Şeýle adamyň Watanynyň, halkynyň bähbitlerine ýat, zyýanly taglymlary ýaýradýan kimseleriň yzyna eýerip gitmegi-de hiç zat däl.

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 62-nji sah.

Siz ýurdumyzyň ýaşlarynyň jemgyýetçilik hereketiniň «Kamolot» ady bilen, liseý we kollež okuwçylarynyň arasynda geçirilýän sport ýaryşlary bolsa «Kämil nesil» ady bilen atlandyrylýandygyny gowy bilýärsiňiz. Ýaşlarymyza durmuşda öz ornuny tapmaga kömekleşýän gurama ýa-da ösüp gelýän çagalary beden taýdan güýçli bolmagyny höweslendirýän sport bäsleşigine şeýle atlaryň berilmegi ýöne ýerden däldir, elbetde. Munda ýaşlaryň her taraplaýyn kämillige ymtylýan bolmagy nazarda tutulýar. Çünki beden taýdan we ruhy taýdan kämillik özara baglylykda ösmelidir.

**Beden taýdan kämilligi gazanmazdan, hakyky ruhy kämilligi, ruhy kämilligi gazanmazdan bolsa kämil beden taýdan kämilligi gazanyp bolmaýar.**

**Kämilligi gazanmagyň möhüm şerti – bilimlilik hasaplanýar.**

Elbetde, ruhy kämilligi gazanmagyň başga şertleri-de köp. Meselem, edep-ahlakly bolmak, zähmetsöýüjilik, ýurda wepalylyk we mähirlilik, gözellige teşnelik we başgalar. Ýöne bularyň ählisiniň esasynda öwrenmek, bilmek we aň ýetirmek talabynyň ýatýanlygy sebäpli adamyň ruhy taýdan kämilleşmeginde bilimlilik, medeni aň-bilim uly orun tutýar.

Meselem, size durmuşdaky iň ýönekeý sözleri we işleri-de kimdir, haçandyr bogunlap, irinmän öwredipdir, dogrumy? Ata-enemiz ilki nämäni nähili atlandyrmak, geýimi nähili geýmek, hatda tagamy nädip iýmelidigine çenli öwredipdir. Ýagny, biziň bütin durmuşymyz öwrenmäge, bilime esaslanýar. Eger siziň bilen bize ýönekeý bolup duýulýan ine şu zatlary kimdir wagtynda öwretmese ýa-da kimlerdendir görüp özümiz öwrenmesek, biziň başga jandarlardan tapawudymyz bolmazdy. Diýmek, bilimlilik ruhy kämilligiň esasy, onuň möhüm ölçegi eken.

**Ynsanyň tebigaty bilime teşnedir. Çünki ol hemişe gözleýän aňa, pikirlenmä eýe. Ol diňe bir endamy däl, eýsem aňy we pikiri arkaly hem ösüp kämilleşmäge ymtylýar.**

Haýwanlarda bolsa bütinleý başgaça. Olar nebsi nirä äkitse, şol tarapa gidiberýärler. Nebsi gansa, boldugy, ymtylmasy-da gutarýar, ýatyp

dynjyny alýar. Olar biljegem bolanoklar. Çünki olarda bilmäge zerurlygyň özi ýok.

Adamzat müň ýyllaryň dowamynda uçar halylary, mawy ekrany, açyl saçagymy arzuw edip gelipdir. Ahyrynda, ol akylyna we pikirine daýanyp samolýoty, telewizory we radiony, dürli nygmatlary taýýarlap berýän fabrikleri we sehleri açyş etdi. Ýöne şunuň bilen çäklenmedi. Samolýotdan hem çalt uçýan raketalar, ýyllaryň dowamynda kosmosda özi gezip ýöreýän emeli hemralary, simsiz birikdirilýän we görkezýän telefon apparatlary, bütin Ýer ýüzündäki adamlaryň aňyny habarlar tory bilen gurşap almagy maksat edinen Internet («Bütin dünýä möýüň tory») ulgamyny döretdi. Indi adam Ýerdäki durmuş bilen çäklenmän, başga planetalara, hatda başga galaktikalara-da syýahat etmegiň, adam beýnisindäki oý-pikirleri okamagy-da öwrenmekçi.

Şu ähli arzuw we islegleri inkär etmedik ýagdaýda, bir möhüm hakykatdan ägä bolmak hut şu adamzadyň özünden talap edilýär.

**Ýagny, ähli ylmy-tehniki açyşlary we üstünlikleri ýagşylyga, haýyr işe, adamzadyň bagtyna hyzmat etdirmekdir.**

Eger dünýäniň düýnki we şu günki gününe nazar taşlaýan bolsak, ýokary ösüş gazanan halklaryň ählisi ylym-bilimiň hasabyndan ösendigi, yzagalak halklar bolsa, tersine, bilimsizlik we nadanlyk sebäpli yza galandygy, başgalara tabyn bolup galandygy mälim bolýar.

**Häzirki wagtda dünýäde akyl-paýhas bilen pikirlenme ýaryşy hemme zamanlardakydan görä güýçlüräkdir. Kimki şu ýaryşda öňde bolsa, ösüşiň jylawy-da şonuň elinde bolýar. Prezidentimiz Islam Karimowyň ine şu hakykatdan gelip çykyp aýdan «Güýç – bilimde we pikirde» diýen taglymy hut ruhy güýji, ýeňilmez kuwwaty nazarda tutýar.**

## Soraglar we ýumuşlar

1. Magaryfçy babamyz Abdulla Awlanynyň «Terbiýe biziň üçin ýa durmuş — ýa ölüm, ýa çykalga — ýa heläkçilik, ýa bagt — ýa betbagtçylyk meselesidir» diýen sözleri bizi nämelerden ägä edýär?
2. Näme üçin tälimi terbiýeden, terbiýäni bolsa tälimden aýryp bolmaýar? Şu kada amal edilmese, siziňçe, nähili netijeler gelip çykar?
3. Ýurdumyzda şahs terbiýesine aýratyn üns berilýänliginiň sebäbi nämede?
4. Adamyň şahs bolup şekillenmeginde onuň erkin we özbaşdak pikirliligi nähili derejede möhüm?
5. «Her bir çaganyň tymsalynda ilki bilen şahsy görmek zerur»lygyny siz nähili düşündirýärsiňiz?
6. «Şahs» we «köpçülik» düşünjeleriniň arasyndaky tapawudy öz gözegçilikleriňizden gelip çykyp düşündirmäge synanyşyň.
7. Ylym-bilim açyşlaryny ýaradyjylyk bilen birlikde bozgunçylykda-da ulanmagyň mümkindigini aşakdaky suratlaryň kömeginde düşündirip beriň.



*a*



*b*



*ç*



*d*

# JEMGYÝETE HOWP SALÝAN NOGSANLAR

Eziz okuwçy, öňki sapaklarymyzdan biri – «Göze görünmeýän hatarlar» temasynda halkymyzyň aňyna we ruhuna daşardan wehim döredýän aňyýet nogsanlaryna köpräk durup geçipdik. Sebäbi, ruhyýeti hatardan çykarýan howplar diňe şolar bilen gutarmaýar. Taryhyň möhüm pursatlarynda halkymyzyň aýagyna gandal bolan, ony ösüş ýolundan sowan, özümiziň içimizden çykan nogsanlary-da bilmän, olara garşy göreşmän bolmaýar. Bular diňe özüni bilmek (egoistlik) we biperwaýlyk, garyndaşparazlyk we ýerli bähbitlere kowalaşmak, tamagirlik we nebisjeňlik, men-menlik we başgalary äsgermezlik, göriplik we dönüklikdir.

Ynsan bar-ka, gynansak-da, ýokardaky ýaly erbet aýratynlyklar onuň ruhuny, aňyny eýelemegi, adamy ýoldan azdyrmagy howpy hemişe saklanyp galyberýär. Diýmek, ilki bilen, şu nogsanlary her birimiz «tanamaly», olardan hemişe ägä bolmalydyrys, saklanmalydyrys.

*Egoistlik – adamyň diňe özüni bilmegi, başgalaryň bähbitleri bilen hasaplaşman, öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin özgeleri depelemekden hem gaýtmazlyk ýaly erbet nogsan hasaplanýar.*

Egoistlik keseline ýolugan adam üçin göýä hemme diňe onuň bilen hasaplaşmaly, ähli işler oňa ýakýan terzde amala aşyrylmaly, hemme mesele diňe onuň peýdasyna çözülmelidir. Şeýle adamlar, gynansak-da, biziň aramyzda-da duşýar. Olar döwletden, jemgyýetden, halkdan hemme zady talap edýär welin, özleri şol jemgyýete, döwlete we halka hiç zat bilen peýdam degdimi, diýip oýlamaýarlar hem. Özi doglup ösen ýurtda bolýan waka-hadysalar, özgerişler, meseleleriň olara hiç hili gatnaşygy ýok ýaly, diňe öz durmuşynyň içine «gabalyp ýaşaýarlar». Sadarak edip aýdanda, şeýle adamlar üçin dünýäde diňe «maňa ber!» diýen talap, isleg bar. Özgeleriň derdine guwanjyna şärik bolmak, milletiniň we ýurdunyň öňünde duran wezipeleri çözmekde janypkeşlik etmek, halk durmuşy bilen ýaşamak egoist kimseler üçin ýat duýgulardyr.

Egoist şahs diňe bir jemgyýetçilik meselelerine görä biperwaý bolman, eýsem öz töweregindäki deň-duşlary, kärdeşleri, hatda maşgala agzalaryna görä-de özüni edil ýat ýaly, keseki ýaly alyp barýar. Beýle ynsanlar adam çagasyna rehim nazary bilen garamak, kömege mätäçlere kömek elini uzatmak, özgeleriň aladasy ugrunda rahatyny bozmak ýaly haýyr amallary hatda pikirem etmeýärler. Netijede, egoist adamlaryň gylyk-häsiýetinden olaryň ýakynlary-da, maşgalasy hem, jemgyýet hem birmeňzeş azap görýär, zyýan çekýär.

**Eger taryha nazar taşlasak, ýurdumyzy özüne boýun egdirmekçi bolan, edermen serkerdelerimiziň, beýik akyldarlarymyzyň, alym babalarymyzyň durmuşyna kast eden ähli basybalyjylar hut egoist adamlary özlerine çekip alandygynyň şaýady bolýarys. Egoist adamlar, nädip bolsa-da, kim bilen bolsa-da, öz bähbitlerini kanagatlandyrmagy oýlap, il-ýurt bähbitleriniň depelenmegine sebäpçi bolupdyrlar.**

Jemgyýetimize çynlakaý wehim döredýän nogsanlardan ýene biri biperwaýlykdyr. Ýurtbaşymyz bu nogsanyň neneň howpludygy barada «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» eserinde iňňän nusga alarlyk, esaslandyrylan pikirleri bildirip geçýär.

**«Ozaldan mälim bolşy ýaly, biperwaý adam duşmandan hem howplurakdyr. Çünki duşmanyň kimligi, asyl keşbi siziň üçin öňünden belli bolýar. Ýöne biperwaý adamyň keşbini birden bilip bolmaýar. Şonuň üçin ol içiňizde bolup, size garşy dişini gyjaýan duşmanlar üçin mümkinçilik döredýär.**

**Meşhur filosoflardan biri ine şu durmuş hakykatyny çuňňur derňäp, aşakdaky hakyky pikirleri beýan edipdir: «Duşmanlardan gorkma – köp etse, olar seni öldürmegi mümkin. Dostlardan gorkma – köp etse, olar saňa hyýanat etmegi mümkin. Biperwaý adamlardan gork – olar seni öldürmeýär hem, satmaýar hem, diňe olaryň ümsüm we biperwaý garamagy sebäpli ýer ýüzünde hyýanat we adam öldürmek boluberýär»**[1].

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 124-nji sah.

Şu ýerde Özbegistanyň halk şahyry Ykbal Mürzäniň aşakdaky çagyryş setirleri ýada düşýär:

Dünýä bu gün başga dünýä, nykaby dürli,
Göwnündäki gepi dürli, hytaby dürli.
Ýüregiňi oýar, dostum, kalbyňy oýar!
Gapyllaryň rahaty ýok, azaby dürli.
Bu göreşde öz ornuňy saýladyňmy, heý?!
Özüň seniň kimligiňi aňladyňmy, heý?!

Bu binalar gökden bina bolup düşmändir,
Bu laçynlar öz-özünden göge uçmandyr.
Neneň adam saýmak bolar biperwaý kimsäni,
Diňe ülüş alan, ile ülüş goşmandyr.
Bu göreşde öz ornuňy saýladyňmy, heý?!
Özüň seniň kimligiňi aňladyňmy, heý?!

**Biz ägä bolmaly we saklanmaly bolan ýene bir nogsan garyndaşparazlyga zor bermekden, hemme zatdan şuny ileri tutmaga bolan synanyşmalar.**

Ilki bilen, özüniň garyndaş-uruglaryny bilmek, olar bilen ýakyn aragatnaşyklary ýola goýmak, guwançly we aladaly günlerinde bile bolmak, aslynda, örän zerur ynsany sypat hasaplanýandygyny nygtamak gerek. Aýratynam, özbek halky öz maşgalasynyň, ýakynlarynyň mertebesini goramagy, olaryň parahatçylygy, abadançylygy barada oýlamagy özüniň borjy, wezipesi hasaplaýar. Bu ýolda halal hereket etmek, ýakynlaryna maddy we ruhy medet bolmak – gowulygyň aýdyň görnüşlerinden biridir. Iň esasysy şu hereketleriň içgin, muzdsuz, dogry we kanuny bolmagydyr.

Eger üns beren bolsaňyz, käbir adamlar haýsy-da bolsa wezipä eýe bolaýsa, özüniň daşyna derrew garyndaş-uruglaryny, tabakdaşlaryny toplamaga, olar bilen dildüwşüp, halkyň, döwletiň baýlyklaryny talamak bilen bolýarlar. Bu ýolda olar ynsaby-da, adamkärçiligi-de, kanuny-da bir çete sürýärler. Haýsy-da bolsa bir jogapkärli wezipä örän laýyk, elinden iş gelýän gowy hünärmen bolsalar-da, derrew käbir garyndaşyny,

ýakynyny ýerleşdirmäge hereket edýärler. Netijede kärhananyň işi yza sürülýär, uly mukdardaky döwlet serişdeleri göge sowrulýar.

**Iň ýamany – bularyň hemmesini görüp-bilip duran adamlarda adalata, kanunylyga görä ynamsyzlyk, biperwaýlyk, işden sowamak ýagdaýlary emele gelýär.**

Haýsy derejede bolsa-da, peýda bolan şeýle makul däl ýagdaý adamlaryň hakly närazylygyny getirip çykarýar. Şu sebäpli-de biziň ýurdumyzda tanyş-bilişçiligiň, garyndaşparazlygyň erbet görnüşlerine garşy hem kanuny, hem ruhy ugurda berk göreş alnyp barylýar, bu ýola giren adamlar jemgyýetiň ýigrenjine duçar bolýarlar. Bu babatda Ýurtbaşymyz Islam Karimowyň Russiýada çykýan «Raboçaýa tribuna» gazetiniň habarçysyna entek 1991-nji ýylda aýdan aşakdaky taryhy sözleri ählimiz üçin göreldedir:

**«Meniň kowum-garyndaşym – maňa Prezident bolmagy ynanyp tabşyran halkdyr»[1].**

Garyndaşparazlykdan hem howplurak bolan nogsan ýerli bähbitlere kowalaşmak hasaplanýar.

*Ýerli bähbitlere kowalaşmak – adamlarda özleri doglup ösen ýer bilen baglylykda şekillenýän çäk taýdan ýakynlyk duýgusynyň erbet görnüşde ýüze çykmagydyr.*

Ýerli bähbitlere kowalaşmagyň iň ýaman tarapy mähelle, çäk, sebit bähbitlerini umumy jemgyýetçilik bähbitlerinden ileri tutulmagydyr. Jemgyýetde şeýle garaýyşlaryň we düşünjeleriň güýçlenmegi ýurduň çäk taýdan bitewiligine, berkararlygyna hem-de ösüşine gaty erbet täsir edýär. Ýerli bähbitlere kowalaşmak çäkleriň özüni özi çäklendirmegine, hojalyklar we çägara aragatnaşyklaryň gowşamagyna, ahyrky netijede bolsa ykdysady, sosial-syýasy we ruhy ýekemenlige getirjekdigi aýandyr. Sebäbi, ýerli bähbitlere kowalaşmak ýaly zyýanly täsirlere ýolugan kimseler başga ýerlerde ýaşaýanlara pes nazar bilen garamak, olary äsgermezlik, hatda üstünden masgaralap gülmek ýaly erbet hereketlere meýilli bolýarlar.

---

[1] **Islam Karimow.** O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. –D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2011-nji ýyl, 356-njy sah.

**Şundan görnüşi ýaly, ýerli bähbitlere kowalaşmagyň watanperwerlige baglylygy ýok. Şu iki düşünjäni tapawutlandyrmagy başarmak, bütin Özbegistany özüniň ýeke-täk Watany diýip hasaplamak islendik ýerli bähbitlere kowalaşmakdan azat bolmagyň şertidir.**

Ýurdumyzyň Prezidenti ýerli bähbitlere kowalaşmagyň we garyndaş-parazlyga berilmegiň milli howpsuzlyga uly putur ýetirýändigini subut eden eserinde aşakdaky möhüm pikiri nygtaýar:

**«Adam özüni ilki bilen Özbegistanyň raýaty diýip, diňe şondan soň horezmli, samarkantly ýa-da Fergana jülgesiniň ilaty diýip duýmalydyr»[1].**

Biziň edebimize görk goşýan sypatlardan biri sadalyk bolsa, onuň görküni bozýan, başgalary bizden irdirýän nogsan men-menlik we başgalary äsgermezlikdir. Gynansak-da, aramyzda sadalyk ýaly seýrek sypata biperwaý seredýän, özüni başgalardan üstün goýmakçy bolýan çagalar hem duşýar. Hut şeýle çagalaryň aglabasy özünde ýok bolan häsiýetleri zorluk bilen görkezmäge dyrjaşýarlar. Aýdaly, hakyky bilimli çaga özüni hemmelere görkezjek bolmaýar, başgalaryň üstünden gülmeýär. Tersine, ol dostlarynyň hem özi ýaly bolmagyny, tutuş synp onuň biliminden lezzetlenmegini isleýär. Şeýle çagalar kimidir haýran galdyrmak, magtalmak üçin okamaýar. Olar üçin bilimli bolmak, kitap okamak, özüni many taýdan baýlaşdyrmak içki bir zerurlyk hasaplanýar. Çünki, bilim sebäpli köňlüniň barha ösýändigini, durmuşynyň gyzykly, mazmunly bolýandygyny olar gaty gowy duýýarlar.

Sada adam töweregindäkilerden özüne bolan gatnaşykda artykmaç yzzat-hormat, aýratyn sylaşyk talap etmeýär, yzzat talap ediji bolmaýar, üstünliklerinden başy aýlanyp, öwünjeňlik etmeýär.

**Diýmek, sadalyk adamy kämillige eltýän möhüm sypat bolsa, men-menlik, tersine, ony ruhy ýalňyzlyga, ruhy garyplyga we sussupeslige tarap eltýän esasy kemçilikdir.**

---

[1] **Islam Karimow.** Xavfsizlik va barqaror taraqqiyot yo‘lida./ O‘zbekiston XXI asr bo‘sag‘asida. –D.: «O‘zbekiston» neşirýaty, 1998-nji ýyl, 101-nji sah.

Mekdep sapaklaryndan size gowy mälim bolşy ýaly, taryhymyzda geçen köp beýik şahslar, sowatly ynsanlar hem sadalyk babatda döwürdeşlerine we geljekki nesillere görelde nusgasy bolupdyrlar. Şu ýerde ýeke hezret Nowaýyny ýatlamak ýeterlidir. Nowaýy ne-ne ülkelere-de meşhur şahyr, patyşa Hüseýn Baýkaranyň çagalykdan dosty, beýik emir, hasapsyz baýlyklaryň eýesi bolmagyna seretmezden, sadalykda we kemterlikde hemmelere nusgady. Akyldaryň öň ýaşap geçen we özi bilen egindeş halypalaryna görkezen hormat-yzzaty, özünden ep-esli ýaş şazadalary agzybirlige çagyrmakdan ýadamanlygy, döwlet möçberindäki resminamalaryň iň aşagyna gol çekenligi – bularyň ählisi Nowaýynyň beýikliginiň ýene bir ölmez-ýitmez tarapydyr.

Ýokarda getirilen pikirlerden mälim bolşy ýaly, ruhy ugurda halkymyzy beýgeldýän beýik aýratynlyklar bilen bir hatarda onuň ösüşine, gülläp ösmegine erbet täsirini ýetirýän makul däl adatlar, nogsanlar hem bardyr. Olardan hemişe ägä bolmak, ululary we mugallymlaryň öwütlerine gulak asmak, gowy adamlara eýermek, kalbymyzda gowy sypatlary döretmek arkaly bu nogsanlardan saklanmalydyrys.

## ? *Soraglar we ýumuşlar*

1. Milli ruhyýete garşy gönükdirilen nähili daşky we içki wehimleri bilýärsiňiz?
2. Egoistlik nogsanyna ýolukmazlyk üçin adamdan nämeler talap edilýär, diýip oýlaýarsyňyz?
3. Käbir wagtlarda özüňizde-de egoistlik alamatlaryny duýýarsyňyzmy? Ondan doly gutulandyryn, diýip bilersiňizmi?
4. Näme üçin biperwaý adam duşmandan hem howply bolýar?
5. Ýerli bähbitlere kowalaşmaga berlen kesgitlemäni öz sözleriňiz bilen düşündirjek boluň.
6. Durmuşdan men-menlik, ulumsylyk netijesinde emele gelýän gelşiksiz mysallardan getiriň.
7. Göriplik duýgusynyň adamda nähili peýda bolýandygy we nähili netijelere getirýändigi barada aýdyň.

## ADAM KALBYNA ÝOL

Eziz okuwçy, eger üns beren bolsaňyz, adamlar hemişe gözellige ymtylýarlar. Gyp-gyzyl haly ýaly bolup ýaýylan lälezary ýa-da ýokardan dyngysyz aşak inýän şaglawugy görende, adamyň ýüregi birhili süýnüp gidýär. Belki ynha şeýle ýagdaýlar gadym eždatlarymyza hem ylham bagyşlap, olary gaýadaşlara surat çekmäge, egin-eşiklerini dürli-dürli güller we reňkler bilen bezemäge, ýaşaýyş jaýlaryny dürli şekillerde gurmaga ündändir. Meselem, häzirki Nowaýy welaýatynyň Sermişsaý, Üçtut, Daşkent welaýatynyň Hojakent, Gara-kiýasaý, Çatkal diýen dagly çäklerdäki gaýadaşlara müňlerçe ýabany we öý haýwanlarynyň, awçylyk bilen meşgullanýan adamlaryň suraty oýulyp işlenipdir. Bu daş suratlaryň ýaşy birnäçe on müň ýyllar bilen ölçelýär. Uly baba we mamalarymyzdan galan, häzirki wagtda maşgalamyzdaky gymmatly zat hökmünde goralyp saklanýan egin-eşikler, sözeneler, tahýalaryň bezeglerine siňe seretseňiz, olardaky nagyşlaryň, reňkleriň nähili ýokary dat bilen saýlanandygyna, özara utgaşyklydygyna haýran galarsyňyz.

Köpiňiz Samarkandy görensiňiz. Belki Hywa ýa-da Buhara baransyňyz. Hany indi aýdyň: meselem, Samarkantdaky Registan toplumy ýaly äpet desgany gurmak we bezemek üçin il-ýurdumyzyň çeper we ylmy pikirlenmesi nähili ýokary bolmaly? Siz «Edebiýat» dersinde öwrenen hezret Nowaýynyň eserlerinde ýa-da Begzat tarapyndan çekilen suratlarda, Samarkantdaky Emir Temur heýkelinde ýa-da paýtagtymyzdaky Hezreti Ymam toplumy halkymyzyň ýaradyjylyk ukybynyň, çeper-estetik pikirlenmesiniň örän güýçlüdigini delillendirmeýärmi näme?!

Şeýle pikiri her birimiziň doglup ösen welaýatyň, tümeniň çägindäki sungat ýadygärlikleriniň mysalynda-da arkaýyn aýdyp bileris.

**Adam sungat eserini düşünmegi, duýmagy islese, ilki bilen, öz datyny, göz öňüne getirmesini we paýhasyny terbiýelemek talap edilýär. Sungata düşünmek, duýmak bolsa adamyň her taraplaýyn ösüşine, ruhy taýdan baýamagyna sebäp bolýar.**

Eger segsen-togsan ýaşly baba-mamalarymyza gulak salsaňyz, olar güzeran görmek gaty kyn bolan wagtlarda-da, hatda uruş ýyllarynda-da agşamlaryna goňşular bilen bir otaga üýşüp, gara çyranyň ýagtysynda halk dessanlaryny, gadymky kyssalary, Meşrebiň we Nowaýynyň kitaplaryny okandyklaryny ýatlaýarlar. Oýlap görüň: sungata, edebiýata şeýle derejede teşneligiň syry nämede? Näme üçin adamlar garnynyň açdygyny, üstüniň ýyrtykdygyny unudyp, sungata munça berlipdirler?



**Iň esasysy, hakyky ynsanlar durmuşy diňe iýip-içmek, ýeňil-ýelpaý oýun-gülki bilen geçirmegi özleri üçin namys bilipdirler. Diýmek, ynsan, birinji nobatda, ruhy baý bolmaga çalyşmaly, diňe bir bedenini däl, eýsem ruhuny hem hemişe iýmitlendirmek talap edilýär. Geçmişde göreldeli yz galdyran ähli taryhy şahslar ilki bilen ruhy taýdan güýçli bolany bilen başgalardan tapawutlanypdyrlar.**

Siz hem beden taýdan kämillik ýaşyna gadam goýmak bilen, indi ruhy taýdan hem kämillige ýetmek barada gowy oýlanmaly bolýarsyňyz. Munuň üçin bolsa altyndan gymmat wagty biderek geçirmeli däl, ýaş ömrüňiziň her bir minudyny mazmun we many bilen doldurmaga çalyşmaly.

**Eger adam ruhy kämilligini gurulmaly bolan bina deňeşdirsek, her gün oňa iň bolmanda bir «kerpiç goýmak» talap edilýär. Ol bolsa dürli şekilde – okalan gyzykly kitap, tomaşa edilen spektakl ýa-da film, baryp görülen muzeý ýa-da sergi şeklinde bolmagy mümkin.**

Eger özüňizde haýsydyr bir sungat ugruna içki höwesi duýup, haýsy-da bolsa bir eser döretmek bilen meşgul bolsaňyz, gaty gowy. Munda siziň kalbyňyzdan daş-töwerege göze ilmeýän şöhle ýaýraýar, diýsek, asla ýalňyş bolmaýar.

**Sebäbi, pikiriň ýalkymy dünýädäki ähli şöhle çeşmesinden güýçlüräkdigini unutmaň.**




Sungat halkyň ruhy keşbiniň aýnasy hasaplanýar. Öňki derslerimizde ýatladyp geçişimiz ýaly, Sahypgyran babamyz Emir Temur özi doglan ýurt – Keşde (Şährisebzde) gurduran Aksaraýyň diwarlaryna: «Kimki güýjümize şübhe etse, biziň guran binalara baksyn» diýen sözleri ýöne ýere möhürläp goýmandyr.

**Akademik Gafur Gulam öz makalalarynda Emir Temur babamyz bilen bagly bir taryhy delili getirýär. Onuň ýazmagyna görä, Sahypgyran uly harby ýörişlere atlanmak bilen, köp sanly atly esgerleriniň horjunynyň bir gözüni oňat hilli toýun topraga, ikinji gözüni bolsa binalaryň maňlaýyna ulanylýan taýýar nagyş we bezeglere dolduryp ýola çykar eken.**

Baran ýerinde bolsa şu zatlary mekdep-medreseleriň, sardobalaryň, kerwensaraýyň we gözel ymaratlaryň gurluşygyna ulanýar eken. Meselem, häzire çenli öz äpetligi we owadanlygy bilen adamlary haýran galdyrýan Türküstan şäherindäki hezret Ýassawynyň kümmeti ýa-da Dagystanyň daglyk çäginde ýerleşýän Derbent galasynyň bir bölegi ine şu terzde gurlandyr. Bular we şuňa meňzeş ýüzlerçe binagärlik täsinlikleri halkymyzyň çeper genisiniň, ruhy kuwwatynyň tymsaly bolup gelýär.

Biz şeýle beýik halkyň wekili bolanymyz üçin, bizden hem geljekki nesillere haýyr işler miras bolup geçmelidir. Şol sanda, sungat, edebiýat ugrunda-da. Ýurtbaşymyz bu meselä aýratyn üns berip, aşakdakylary nygtaýar:

**«Häzirki wagtda dünýäde barha güýjeýän dürli ruhy wehimleriň öňüni almak, «köpçülikleýin medeniýetiň» zyýanly täsirinden perzentlerimiziň aňyny, pikirlenmesini goramakda ylym-bilim we medeniýet işgärleriniň, döredijileriň orny we roly barha artýar.**

**Näme üçin diýende, biziň milli ruhumyza we tebigatymyza ýat we keseki bolan şeýle «medeniýet» nusgalaryny diňe tankyt we inkär etmek ýa-da olary gadagan etmek bilen käbir netije gazanyp bolmaýar. Şeýle howplardan durmuşymyzy goramak, ruhy boşluga ýol bermezlik üçin ilki bilen haýyrly ynsany taglymlar we ýokary ussatlyk bilen döredilen eserler arkaly halkymyzyň medeni derejesini ýokarlandyrmaly, başgaça aýdanda, bu gün dünýä meýdanynda bolýan ýiti akyl-paýhas we talant ýaryşynda bäsleşmegi başarmalydyrys»[1].**

Garaşsyzlyk ýyllarynda milli sungatymyzyň ähli görnüşleri – halk amaly sungaty, çeper edebiýat, nusgawy we häzirki zaman saz, şekillendiriş sungaty, heýkeltaraşlyk, teatr we kino ugurlaryny ösdürmek meselesine birmeňzeş möhüm ähmiýet berilýär. Ýurdumyzda halk ussalaryny bir ýere jemläp, olaryň milli amaly sungat eserlerini döretmegi üçin ähli amatlyklara eýe bolan ussahanalar gurlup berildi. Netijede bu sungatyň sowet wagtyndaky ünssüzlik sebäpli ýitip barýan seýrek görnüşleri täzeden dikeldilýär, daşary ýurtdan gelen syýahatçylaryň uly gyzyklanmasyna sebäp bolýar.

Ýurtbaşymyzyň ýokarda agzalan eserinde «Eger biz Özbegistanymyzy dünýä tanatmakçy, onuň gadymy taryhy we ýagty geljegini beýgeltmekçi, ony nesilleriň hatyrasynda baky saklamakçy bolsak, ilki bilen beýik ýazyjylary, beýik şahyrlary, beýik döredijilik işgärlerini terbiýelemelidiris. Näme üçin diýende, beýik edebiýatçy Çolpanyň aýdyşy ýaly, edebiýat ýaşasa – millet ýaşaýar», diýip nygtaýar. Hakykatdan hem, edebiýat – halkyň kalbynyň terjimeçisi, onuň terbiýeçisi we ylham çeşmesidir. Şundan gelip çykyp, ýurdumyzda edebiýatyň görnükli wekillerine ýokary

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 133–134-nji sahypalar.



üns berilýär, olaryň erkin döredijilik etmegi üçin zerur şertler döredilýär. Şol sanda, 2009-njy ýylda Özbegistanyň Ýazyjylar birleşiginiň işini ösdürmek, döredijilik işgärlerini maddy we ruhy goldamak boýunça uly işler amala aşyryldy. Prezidentimiziň «Edebiýata üns – ruhyýete, geljege üns» atly ýüzlenmesi we ýörite karary esasynda «Ijod» gaznasy döredildi. Döwlet býujetiniň we şu gaznanyň serişdeleriniň hasabyndan Dormandaky Ýazyjylaryň döredijilik öýi we bagy, döredijilik işgärlerine hyzmat edýän poliklinika düýpgöter täzeden abatlandy, abat ýerlere öwrüldi. Iň möhümi, ýurdumyzyň dürli şäherlerinde we obalarynda ýaşap döredijilik edýän, geljekde milli edebiýatymyzyň ösüşine netijeli goşant goşmagy mümkin bolan ýüzlerçe ýaş talantlaryň ilkinji kitaplary döwletiň hasabyndan çap edilýär. Zulfiýa adyndaky döwlet baýragyna sezewar bolan ýaşlaryň arasynda edebiýatçy we şahyr gyzlar köpçüligi düzýär.

**«Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda ýazylmagyna görä, Samarkandyň golaýyndaky Möminabat obasyndan 3 müň 300 ýyl mundan ozal süňkden ýasalan naý guraly tapylypdyr. Köne Binkat, häzirki Daşkent topragyndan bolsa gadymşynaslar süňkden ýonulan gamyşy – galamy gazyp alypdyrlar. Bu we ýene başga ençeme gadymy ýazdygärlikler biziň ülkämizde örän gadym zamanlardan başlap magaryfly, sungatsöýer adamlaryň ýaşandyklaryna dilsiz şaýatlyk edýär.**

Halkymyz özüniň köne we iňňän baý saz sungaty bilen buýsanmaga haklydyrlar. Ýekeje «Şaşmakom» toplumynda jemlenen saz eserleri, ynha, näçe asyrlardan bäri, onlarça nesilleriň kalbynyň teşneligini, ruhy zerurlygyny kanagatlandyryp, halkymyzyň gowy günlerinde-de, aladaly günlerinde-de

biminnet ýoldaş bolýar. Baý saz mirasymyzyň dürdänesi bolan «Çöli irak» sazy, zamanyna, milletine, jynsyna we dinine seretmezden, islendik ynsan çagasyny biygtyýar çuňňur oýa, pikire batyrsa, «Lezgi» ýaňlanan badyna ömründe tans etmedik adam hem nädip oýnanyny bilmän galýar.

**Ýene bir zada üns beriň, özbek tansçylary dünýädäki islendik halkyň tansyny özünden-de geçirip ýerine ýetirip, sazçylar bolsa isle Ýewropa, isle Aziýa ýa-da Latyn Amerikasynyň sazlaryny ussatlyk bilen çalmak bilen, özbek milli sazlaryny we tanslaryny meňzedip ýerine ýetirmek hemme-hemme daşary ýurtly senetkärleriň elinden gelibermeýär... Bularyň ählisi halkymyzyň saz talantynyň ýokarydygyny, datynyň ýitiligini hem-de çeper pikirlenmesiniň giňligini aýdyň delillendirýär.**

Ýurdumyzda saz we sungat ugruny ýene-de ösdürmek, şu maksatda ýaş nesliň öz talantyny ýüze çykarmagy üçin zerur şertleri döretmek boýunça amala aşyrylýan işleriň gerimi çäksizdir. Ýurtbaşymyzyň başlangyjy bilen 2008-nji ýylyň «Ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilendigi, hut şu ýylda 2009–2014-nji ýyllarda çagalar saz we sungat mekdepleriniň maddy bazasyny pugtalandyrmak we täze edaralary gurmak boýunça döwlet maksatnamasynyň kabul edilendigi-de onuň amaly tassyklamasydyr. Şu maksatnama laýyklykda, respublikamyzyň her bir şäherinde we tümeninde häzirki zaman taslamalary esasyndaky, ähli şertlere eýe bolan saz we sungat mekdepleri guruldy. Paýtagtymyzda gurlan gelşikli «Ýaşlar döredijilik köşgüniň» gujagynda bolsa näçe-näçe umytly talant eýeleri  kämilleşýärler.

Şu günki Özbegistan diňe bir milli aýdym-sazlarymyz däl, eýsem bütin Gündogar we başga halklaryň seýrek saz sungaty görkezilýän, özara döredijilikli aragatnaşyklara giň mümkinçilik döredýän halkara sungat diýaryna öwrülýär. Şol sanda, roýy zemin saýkaly bolan köne Samarkant şäherinde her iki ýylda bir gezek geçirilýän «Şark taronalary (Gündogar heňleri)» halkara saz festiwalyna dünýäniň dürli künjeklerinden sungat işgärleri gelip, öz milli sungatlaryndan hemmeleri hoşal edýärler. Açyk asmanyň astynda, aýyň we ýyldyzlaryň jadyly öwüşgini bilen bezelen Registan meýdanynyň tebigy sahnasynda ýaňlanýan reňbe-reň

heňler dürli millet, din, dil eýeleri bolan adamlaryň kalblaryny özara baglamaga, halklaryň arasyndaky hakyky medeni hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyna hyzmat edýär.

**Şu festiwalyň myhmany bolan fransiýaly sazanda, dünýä sazyna oňat düşünýänlerden biri Şarl Aznaur bu uly sungat baýramyna hem-de Samarkandymyzyň mümkinçiligine ýokary baha berip: «Men jadyly Registanyň mübärek meýdanynda durup, özümiň ynsan hökmünde nähili belentlige göterilendigimi, bütin endamym beýiklige eýe bolandygyny içgin duýdum» diýipdi. Bu ykrarnamalar siz bilen bizi – Özbegistan perzentleriniň buýsanjyna buýsanç goşmazlygy, şeýle ýurduň eýeleridigimizden kalbymyzy guwançdyr buýsanja dolmazlygy mümkin däl!**

Edebiýat derslerinden gowy bilşiňiz ýaly, geçen XX asyryň başlaryndan ýurdumyzda häzirki zaman teatr sungatynyň başlangyç nusgalary döredildi. Ýöne sungatyň şu görnüşi diňe şu wagta gelip halkymyzyň durmuşynda peýda bolmady, elbetde. Çünki ülkämizde örän gadym zamanlardan gurjak oýnatmak, masgarabazlyk, agaç aýak we dar oýunlary ýaly ençeme tomaşa görnüşleri bolupdyr. Halk seýilleri, toý-tomaşalary şolarsyz geçmändir. Belleýşimiz ýaly, XX asyryň başyna gelip bizde-de häzirki zaman teatr üçin ýörite dramalar ýazyldy, ilkinji teatr truppalary işläp başlady. Şol döwürde sungatyň şu görnüşine aýratyn güýçli zerurlygyň dörändigine mugallymyňyz düşündirendir. Hakykatdan hem, gazet-žurnallar, kitap we başga çaphana önümleriniň sany az bolan Türküstan ülkesiniň halkyny magaryfa çagyrmak, ony yzagalaklyk batgasyndan alyp çykmakda teatr sungatynyň ähmiýeti uly bolupdyr.

Sungatyň şu görnüşiniň ruhyýeti wagyz etmekde, ruhy terbiýede tutýan roly we ähmiýeti häzir hem, mundan beýläk hem hiç peselmeýär. Çünki teatryň sahnasynda görkezilýän spektakly tomaşaçy gönüden-göni, janly-hereketli ýagdaýynda görmek-synlamak mümkinçiligine eýe bolýar. Bu bolsa adamyň syzgylaryna, duýgularyna güýçli täsir edýär, onuň birnäçe sagadyň dowamynda daşky älemden üzňeleşip, özüni sahnadaky

wakalaryň içinde duýmagyna mümkinçilik döredýär. Teatryň tomaşasynda geçirilen ine şu birnäçe sagadyň özi ynsan kalbyny, aňyny, ruhyýetini, diýmek, ruhyýetinde duýarly derejede oňyn özgerişleriň emele gelmegi üçin ýeterli bolýar.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2014-nji ýylda Özbek milli akademik drama teatrynyň 100 ýyllygyny giň bellemek baradaky karary hem şu sungat ugrunyň jemgyýetçilik durmuşynda iňňän möhüm orun tutýandygyny görkezýär.

Şu günki günde dünýä kino sungatynyň tehnik-tehnologik ösüşi adamzadyň medeni ösüşine dahylly bolan başga ähli ugurlary yzda galdyrandygy hemmä aýandyr. Häzirki wagtda kinoindustriýa üçin göýä mümkinçiligi ýok zadyň özi ýok ýalydyr. Aýratynam, ABŞ-nyň, Hytaýyň, Ýewropanyň käbir döwletleriniň kinokompaniýalary tarapyndan döredilýän çeper, animasion we dokumental kartinalarda ulanylýan çeper (has takygy – tehniki) effekt derejesini görüp, onça-munça zada üns bermeýän adamlar hem «be» diýenini özi duýman galýar.

Aýnadan ýasalan göge direlýän binalara eýe bolan uly şäher köçelerindäki joş urýan durmuşy äpet aždaryň birnäçe minutda assyn-üstün edip göýberýändigini şu derejede ynamly edip görkezmegiň mümkindigini mundan bary-ýogy ýigrimi ýyl öň hem hiç kim göz öňüne getirip bilmezdi. (Geçen asyrda öz ussatlygy bilen ata-eneleriňizi haýran galdyran «Eramyzdan million ýyl öň», «Sindbadyň syýahaty» ýaly filmler sizde diňe kinaýa oýarýar.) Kosmos giňişliklerinde guralan söweşler, taryhy ýa-da «gorkuly» filmlerde ulanylýan ýörite effektler barada bolsa gürrüň etmeseň-de bolýar.

**Kino eserinden, ol hernäçe tomaşa sungaty bolmagyna seretmezden, ähli sungat görnüşleri ýaly adamyň gözüne däl, eýsem köňlüne täsir etmek, kalbynda belli bir özgerişleri, ruhyýetinde oňyn tolgunmalary döretmek talap edilýär.**

Şu manyda, meselem bize, daşary ýurduň asman ýa-da ýerasty uruşlary baradaky, milliardlarça dollar serişde sarp edilip alnan filmlerinden görä, öz kinoçylarymyzyň ak-gara reňkdäki «Sen ýetim dälsiň» ýa-da «Mähellede duw-duw gep» ýaly filmleri köpräk ruhy iýmit berýär. .

**Ýurtbaşymyzyň kesgitlemesi bilen aýdanda, «Ynha şeýle sözüň giň manysyndaky milli eserler diňe bir halkymyzyň ruhyýetini ýokarlandyrmaga däl, eýsem onuň gözel gymmatlyklaryny bütin dünýä tanamaga-da uly goşant goşup gelýär»[1].**

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Adamyň sungata şeýle ýokary derejede gyzyklanmagy, şonsuz durmuşy göz öňüne getirip bilmeýşini nähili düşündirýärsiňiz?
2. Ýurdumyzda sungatyň haýsy görnüşleri köpräk ösen? Onuň sebäbi nämede?
3. Sungat işgäri bolmak ýa-da sungata düşünmek adamdan nähili sypatlary talap edýär?
4. Ýurdumyzyň abraýyny dünýä tanadýan haýsy sungat işgärlerini bilýärsiňiz, olaryň ussatlygy nämede?
5. Deň-duşlaryňyzyň sungata we edebiýata bolan gatnaşygy sizi kanagatlandyrýarmy?
6. Siziň ýaşaýan ýeriňizde nähili sungat ýadygärlikleri bar? Olaryň taryhy bilen gyzyklanyp gördüňizmi?
7. Siziň pikiriňizçe: häzirki zaman tehnologiýalary – kompýuter grafikasy, elektron saz gurallary we başgalar sungatyň ösüşine oňyn täsir görkezýärmi ýa-da erbetmi?
8. Aşakdaky suratlar esasynda milli saz sungatymyzyň özboluşly aýratynlyklary barada aýdyp beriň.



*a*



*b*



*c*



*d*

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 145-nji sah.

## TARYHY HATYRANY DIKELTMEKDE SUNGATYŇ ÄHMIÝETI

Eziz okuwçy, şu dersimize taýýarlanmazdan öň ata-eneleriňizden sowet döwründe köçelere we alleýalara kimleriň heýkeli oturdylýardy, nähili mazmundaky plakatlar asylýardy, sergiler we muzeý zallary nähili şekillendiriş sungatynyň eserleri bilen bezelýärdi, diýip hökman sorap görüň. Öňünden aýdýarys, olaryň jogaplary «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabyndaky aşakdaky pikirler bilen gabat geljegi anyk:

**«Diňe bir paýtagtda däl, hatda iň çet ýerlerde-de sowet serdarlarynyň, müň-müňlerçe ýurtdaşlarymyzyň ömrüni guradan, soňça ýowuz etmişleri bütin dünýä äşgär edilen şahslaryň heýkelleri howalanyp durýardy. Dürli baýramlar mynasybetli ine şu heýkelleriň aşagyna güller goýulýardy. Ýöne bu dabaralar örän galp we ýüzleý bolup, adamlar bu çäreleri tüýs ýürekden däl-de, ýöne göz üçin edýärdiler»[1].**

Hakykatdan hem, sowet döwründe Özbegistanyň köçelerinde ýören adam ýurdumyzy ömründe görmändir, ýöne onuň başyna düşen görgülere esasy sebäpçi bolan kimseleriň uly-kiçi heýkelleri, býustlary, suratlary, köçelere we alleýalara dakylan atlaryna şu derejede köp duş gelýärdi welin, birdenkä nirede ýörändigine-de haýran bolýardy. Häzirki günde bütin adamzat tarapyndan dünýä taryhynda ganly yz galdyran syýasatçylar hökmünde ýazgarylýan Lenin, Dzeržinskiý, Frunze, Stalin ýaly «serdarlaryň» şahsyýetine halky sygyndyrmak üçin oýlanyp tapylan bu ruhy wehimleriň çeni-çaky ýokdy. Hakykatda, öz ýurdumyzda doglup ösen, onuň adyny dünýä

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 148–149-njy sahypalar.

ýaýan beýik babalarymyzyň beýik atlary topraklara garylyp, ýamanatly edilip, olary halkyň hatyrasyndan umuman öçürip taşlamaga hereket edilýärdi. Okuw dersliklerinden çekip hemme köpçülikleýin habar serişdelerine çenli – ähli wagyz ediji münberlerinde halkymyzyň buýsanjyny oýarmagy mümkin bolan, oňa özlügini tanamaga kömek berýän beýiklerimiz barada ýalan, töhmet gepler dyngysyz gaýtalanýardy. Şonça gadymy we seýrek medeniýete eýe bolan halkymyz bolsa bütin taryhy dowamynda göýä sowatsyz, yzagalak millet bolandygy, diňe sowetler döwrüne gelip medeniýetiň nämedigini bilendigi baradaky töhmetler köpçüligiň aňyny zäherlemäge gönükdirilipdi.

Ýurtbaşymyz şu örän howsalaly ýagdaýy entek 1990-njy ýylda ýiti tankyt astyna alypdy: **«Halkyň juda baý taryhyny we medeniýetini, ülkäniň özboluşly seýrek aýratynlyklaryny bilmedik we bilmegi-de islemeýän adamlar respublikanyň durmuşyny basyp-ýenjip, hapa özene salmaga girişdiler.**

**Halkyň köp asyrlyk däpleri, medeniýeti, urp-adatlary we ruhy gymmatlyklaryny äsgermezlik ili gaty gynandyrdy»[1].**

Aýratynam, Sahypgyran babamyz Emir Temur baradaky dokamalar hemmesinden beterdi. Ony «ýowuz», «basybalyjy» hökmünde görkezmäge, halky aç-açan aldamak arkaly ol baradaky taryhy hatyrany halkyň ýadyndan gysyp çykarmaga dyrjaşýardylar.

Şükürler bolsun, milli garaşsyzlyk bu adalatsyzlygyň hemmesini üzül-kesil çäklendirdi. Ýurtbaşymyzyň gönüden-göni başlangyjy we tagallalary bilen garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap Emir Temuryň päk adyny halka gaýtaryp bermek, onuň adamzat taryhyna, siwilizasiýasyna goşan ullakan goşandyny halys bahalamak we hormatyny berjaý etmek boýunça çynlakaý hereketler amala aşyryldy. Şol sanda, Sahypgyranyň taryhy keşbini döretmek boýunça çuňňur ylmy gözlegler alnyp baryldy. Prezidentimiz taryhy hakykaty, adalaty dikeltmek ýaly şu çylşyrymly prosesde diňe halyslyga, ylmylyga daýanylandygyny nygtamak bilen, aşakdaky pikirlere aýratyn üns çekdi:

---

[1] **Islam Karimow.** O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. –D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2011-nji ýyl, 177-nji sah.

**«Emir Temuryň köşgünde ýedi ýyl ýaşan meşhur taryhçy Ibn Arapşa babamyzyň suratyny we syratyny şeýle teswirleýär:**

**«Temur belent boýly, dik kamatly, giň maňlaýly, kellesi uly, örän güýçli we salabatly, ak-gyzyl ýüzli, giň eginli, kamaty gelşikli, gür sakgally, sag eli bilen sag aýagy ýaraly, iki gözi misli iki şem ýaly parlap durýan, ýogyn sesli, beýikligi özüne laýyk, berk aýgytly karar bilen sözleýän, hakgöý adamdy. Ol bir seredende göz yşaratlaryny duýýan, paýhasly, synçy, islendik yşaratdan ägä adam bolup, ýüze çykmagy mümkin bolan hemme işi öňünden görüp-bilip durýardy».**

**Özüňiz aýdyň, beýik eždadymyzyň anyk we hakyky portretini döretmekçi bolan suratkeş üçin şeýle maglumatlar gymmatly material bolup hyzmat etmeýärmi? Biz bu işiň taryhyň we geljegiň öňündäki jogapkärligini her taraplaýyn çuňňur duýup, dürli çeşmelerde ýazylan ynamly taryhy delillere daýanmak bilen çemeleşdik»[1].**

Ýurtbaşymyzyň kitabynda başda Özbegistanyň halk suratkeşi Mälik Nabiýew ine şu pikirler esasynda Sahypgyran babamyzyň nusgawy keşbi suratlandyrylan portretini döredendigi, hut şu keşbiň soňluk bilen ýurdumyzda Emir Temur babamyza bagyşlap döredilen ähli heýkeller üçin esas bolup hyzmat edendigi nygtalýar. Bu heýkeller bolsa çeper döredijiligiň monumental sungat görnüşine degişlidir.

*Monumental sungat diýende, ilki bilen uly täsir güýjüne eýe bolan äpet heýkelleri we ýadygärlik toplumlaryny düşünýäris.*

Hakykatdan hem, garaşsyzlyk ýyllarynda milli monumental sungatymyz üçin hem hakyky galkynyş, milli däpler ruhunda ösüş döwri boldy. Bu ugurda ýene nähili gözlegler amala aşyrylandygy, şol sanda, Emir Temuryň Samarkant, Daşkent, Şährisebz şäherlerinde howalanyp duran äpet heýkelleriniň dörediliş prosesi, şeýle gözlegler we tejribeler esasynda soňluk bilen Fergana şäherinde – Ahmet Ferganynyň, Ürgençde – Muhammet Musa

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 150–151-nji sah.

Horezminiň we Jelaliddin Meňguberdiniň, Nowaýy şäherinde – Alyşir Nowaýynyň, paýtagtymyzda – Gafur Gulamyň, Abdulla Kahharyň we Zulfiýa ýaly ýazyjy we şahyrlarymyzyň heýkelleri, Termiz şäherinde Alpamyşyň, Karşy şäherinde «Il-ýurt daýanjy», Daşkent şäheriniň gap merkezinde Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumenti, Gamgyn ene heýkeli, beýik eziz-keramatlylarymyz hatyrasyna bagyşlap onlarça ýadygärlik toplumlarynyň gurlandygy barada «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» eserinde örän göreldeli hekaýalar orun alandyr[1].

Bu taryhy hereketler üznüksiz dowam etdirilip, soňky ýyllarda Andijan şäherinde – Mürze Baburyň, Çolpanyň, Daşkentde – Aýbegiň, Said Ahmediň we Saida Zunnunowanyň owadan heýkelleri oturdyldy.

Ýokarda nygtalyşy ýaly, biziň mukaddes topragymyzda doglup kemala gelen, adamzadyň ylmy we medeni ösüşine mislsiz goşant goşan akyldarlaryň mukaddes zyýaratgähleri sowet döwründe taşlandy ýagdaýa salnypdy, olary abat etmek, zyýaratgählere öwürmäge bolsa ýol berilmeýärdi.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli welaýatlaryndaky şeýle hormatly mesgenler täzeden abatlanyp, asyl halyna getirilýär. Diňe bir zyýaratgähleriň özi däl, eýsem olara eltýän ýollar hem giňeldilýär, töweregindäki ilat ýaşaýan ýerler abadanlaşdyrylýar. Ýurdumyza gelýän resmi myhmanlar, köp sanly syýahatçylar gysga döwrüň içinde amala aşyrylýan şeýle sogap işleri görüp, özleriniň haýran galýandyklaryny gizlemeýärler. Meselem, Buharadaky Abdulhalyk Gižduwany we Bahaweddin Nagyşbendi, Samarkantdaky Ymam Buhary we Ymam Moturidiý, Margilandaky Burhaniddin Marginany, Daşkent şäherindäki Hezreti Ymam ýaly ýadygärlik toplumlaryndan ýylyň dowamynda zyýaratçylaryň yzy üzülmeýär.

**Iň möhümi, tüýs ýürekden edilýän bu zyýaratlar halkymyzyň ruhy älemini baýlaşdyrmakda, özüniň şöhratly taryhyny bilmek arkaly özüne-özi aň ýetirmeginde, kalbynda buýsanç duýgusyny ýokarlanmagynda möhüm ähmiýete eýedir.**

Eger sowet döwri taryhyny jikme-jik öwrenseňiz, paýtagtymyz Daşkendiň baş meýdany ýokarda agzalan bolşewikleriň serdary Leniniň

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 149–156-njy sahypalar.

ady bilen atlandyrylandygy, bu meýdanda şu kimsäniň özi doglup ösen ýurdunda-da duşmaýan, dünýädäki iň uly daş heýkeli oturdylandygyny bilersiňiz. Meýdanyň özi bolsa iri, gelşiksiz gödek beton plitalar bilen örtülipdi. Her ýyl iki gezek şu meýdanda sowet armiýasynyň ajal tohumyny sepýän tank, top, raketa we başga harby tehnikasynyň parady – demontrasiýasy geçirilýärdi. Bir söz bilen aýdanda, baş meýdan adamyň hak-hukuklaryny depeleýän zulumkär düzümiň demir-beton garyndysyndan ybarat sowuk simwolyna öwrülipdi. Şu günki günde nähili?

Azat Özbegistan Respublikasynyň paýtagtynyň gap merkezinde – Garaşsyzlyk we Hatyra meýdanlarynda häzirki zaman monumental sungatymyzyň seýrek nusgasy bolan Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumenti hem-de Gamgyn ene heýkeli döredilip, olar özünde ynsanperwerligi, haýyrlylygy, eždatlaryň hatyrasynyň ezizdigini we geljege bolan mizemez ynamyny özünde jemleýän bu sungat dürdäneleri-de ýurtdaşlarymyzyň, hem bize dost bolan ähli ynsanlaryň kalbyna ýagty şöhle saçýar. Ýurtbaşymyz hemmämize guwançdyr buýsanç bagyşlaýan bu haýyrly işiň ähmiýetini hakly ýagdaýda şeýle bahalaýar:

**«Aradan ýyllar, asyrlar geçer, zamanlar özgerer, ýöne özüniň manysy we keşbi bilen bir-birini dolduryan bu iki ýadygärlik toplumynyň seýrek we ölmez-ýitmez çeper ýadygärlik hökmünde halkymyzyň ruhyýetiniň aýrylmaz bölegi bolup galjakdygyna men ynanýaryn»[1].**

Ýeri gelende aýtsak, çeper sungat eserleri özüniň haýsy taraplaryna görä ömürbakylygy gazanýar, diýen soraga-da jogap tapyp bileris. Diýmek, bu sypatlaryň iň möhümleri – eseriň milliligi, döredijiniň içgin arzuw - armanlaryny beýan etmegi, halkyň kalbyna ýakynlygy, hakykylygydyr

**Ýurdumyza daşary ýurtlardan gelýän syýahatçylar nämelere köpräk gyzyklanýandygyna bir üns beriň. Olar milli ruha ýugrulan taryhy desgalary, gadymy ýadygärlikleri haýran galyp tomaşa edýärler.**

**Näme üçin? Diňe Özbegistanda şeýle sungat nusgalary duşýandygy üçin!**

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 155-njy sah.

Çünki, göge direlýän häzirki zaman binalary dünýäniň hemme ýerinde islendikçe tapylýar, ýöne bäbejik hezil edip uklaýan, ellerini çykaryp monjuklaryny oýnap ýatýan owadan bişigi diňe Özbegistanda görmek mümkin. Müsürliler özüniň syrly we äpet piramidalaryna buýsansa, özbekler diwary bir-birine utgaşýan, mawy gümmezli medreselerine buýsanýarlar.

Eziz okuwçy, elbetde, hemmäniň hem şahyr ýa ýazyjy, suratkeş ýa-da heýkeltaraş, aktýor ýa-da kompozitor bolmagy kyn. Çünki bu ugurlarda diňe okap-öwrenmek, dyngysyz türgenleşmek bilen iş bitmeýär. Çeper döredijilik adamdan aýratyn ussatlygy talap edýär. Eger üns beren bolsaňyz, telewizora çykyp aýdym aýdýanlar gaty kän. Ýöne hakyky sungat işgäri diýen ada sezewar bolanlary barmak bilen sanaýmaly.

**Şonuň üçin hem adamlaryň närazylygyna sebäp bolýan galp sungat işgäri bolandan görä, sungaty çuňňur duýýan, gözelligi söýüp hormat edýän hakyky müşderi bolmak müň esse gowudyr. Şeýle adamlaryň kalby gözel bolup, olar näme iş etse-de, şu işiniň netijesi, elbetde, owadan bolýar. Ene ýurdy söýmek, halky hormat etmek hem, aslynda, beýik sungatdyr.**

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Monumental sungatyň özboluşly taraplary nämede?
2. Beýik eždatlarymyzyň ýatan ýerleriniň abat edilmegi adamlaryň ruhyýetinde nähili oňyn özgerişleri döredýär diýip oýlaýarsyňyz?
3. Paýtagtymyzdaky Garaşsyzlyk meýdanyny gelip gören bolsaňyz, ol sizde nähili täsir galdyrdy?
4. Ýurdumyzdaky nähili mübärek zyýaratgählere zyýarat etdiňiz? Ol ýerlerde köpräk ünsüňizi çeken nämeler boldy?
5. Özüňiz ýaşaýan şäherdäki ýa-da obadaky köçeleriň we meýdanlaryň öň nähili atlandyrylandygyny, häzirki günde bolsa nähili atlandyrylýandygyny ata-eneňiziň kömeginde derňäň.
6. Emir Temuryň heýkelini göreniňizde kalbyňyzdan nähili duýgular geçýändigini synpdaşlaryňyza aýdyp beriň.

7. Suratlar üçin niýetlenen aşakdaky orunlara siz öz tümeniňizdäki ýa-da welaýatyňyzdaky haýsy medeni ýadygärligiň suratyny goýan bolardyňyz?




*a*




*b*




*ç*




*d*

## BARLAG IŞI

Ý u m u ş : **«Sungatyň we edebiýatyň adamyň ruhyýetini ýokarlandyrmakdaky roly»** temasynda referat taýýarlaň.

Onda aşakdaky meseleleri açyp görkezmäge synanyşyň:

– Ýurtbaşymyz Islam Karimowyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» eserindäki tema degişli pikirler we taglymlar;

– nusgawy we häzirki zaman edebiýatymyzyň hem-de sungatymyzyň özboluşly taraplary;

– sungatyň we edebiýatyň bakylygyny üpjün edýän möhüm aýratynlyklar;

– adama çeper eserler arkaly täsir etmegiň örän netijeliligi;

– dörediji bolmagy arzuw edýän adamdan talap edilýän möhüm sypatlar;

– dünýä jemgyýetçiliginiň halkymyzyň sungatyna we edebiýatyna bolan uly gyzyklanmasynyň sebäpleri, onuň netijeleri we başga meseleler.

### PEÝDALANMAK ÜÇIN EDEBIÝATLAR:

1. Islam Karimow. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. Daşkent, «Ma’naviyat», 2013.

2. Islam Karimow. Adabiyotga e’tibor – ma’naviyatga, kelajakka e’tibor. Daşkent, «O‘zbekiston», 2009.

3. Islam Karimow. O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. Daşkent, «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2011.

4. Milliy istiqlol g‘oyasi: asosiy tushuncha va tamoyillar. Daşkent, «O‘zbekiston», 2001.

**IV bap**

# ÝOKARY RUHY ÖLÇEGLER

## YNSANPERWERLIK – HALKYMYZYŇ GOWY SYPATY

Eziz okuwçy, ynsanperwerlik dünýä taryhyndaky haýyrly taglymatlardan biri, adamzadyň ýokary we asylly arzuw-islegleriniň aýdyň beýany hasaplanýar.

*Ynsanperwerlik – adamzadyň gadyryny, onuň azatlygynyň we ukyplarynyň her taraplaýyn ýüze çykmagy üçin göreşmegi, adamlaryň bagty, deň hukuklylygy, adalatly ýaşaýşyny üpjün etmäge bolan ymtylyşyny aňladýan taglymlar we garaýyşlar ulgamydyr.*

Gündogar halklarynyň jemgyýetçilik aňynda ynsanperwerlik taglymlary gadymy köklere eýe bolsa, Günbatarda ol orta asyrlarda müňlerçe adamlaryň öldürilmegine sebäp bolan nadan dindarlara we olary goldaýan feodallara garşy göreş hökmünde ýüze çykyp başlapdyr.

**Ynsanperwerlik giň jemgyýetçilik pikiri özünde jemläp, edebiýat, filosofiýa, sungat we başga ugurlarda ýüze çykýar we Ýewropada «gumanizm» ady bilen atlandyrylýar.**

Köne taryh özbek halkynyň ynsanperwerlik häsiýetini gaty köp synaglardan geçiripdir. Şu babatda ýekeje Ikinji jahan urşy (1939–1945) ýyllaryny ýatlamak ýeterlidir. Bilşiňiz ýaly, bu uruş biziň ýurdumyzdan örän uzakda – esasan Ýewropa kontinentinde bolupdy. Faşizme garşy urşa özbek halkynyň hem müňlerçe gerçekleri iberilipdi. Ýurdumyzda galan ilat – aýallar we çagalar, garrylar we maýyplar gije-gündiz zähmet çekip, söweşijilere zerur zatlary iberip durupdyrlar. Ynha şeýle şertlerde uruş bolýan ýerlerden ýüz müňlerçe ilat Özbegistana göçürlip getirildi. Olaryň aglabasy işe ýaramsyz garrylar we ýetim çagalardy. Özbek halky olaryň ählisine öýüniň we kalbynyň töründen

ýer berdi. Öz çagalaryna ýetişmeýän çöreginden döwüp, olara tutdy, şonça adamyň durmuşyny saklap galdy.

**Meşhur «Sen ýetim dälsiň» filmini görensiňiz. On dört sany ýetim çagany ýuwup-daran filmiň gahrymanlary ýönekeý demirçilerdi. Olaryň artykmaç baýlygy-da, öýi-de ýokdy. Ýene bir zady ýatdan çykarmaň, şu filmdäki wakalary kimdir hyýalynda dokan däldir. Onlarça neresse çagalary bakyp ulaldan maşgalalar ýurdumyzda örän köp bolupdyr.**



Olary bu işe hiç kim mejbur etmändir. Çünki bagrygiňlik, özgeleriň derdine şärik bolup, olara rehim etmek ynsanperwerlik duýgulary halkymyzyň tebigatyna ozaldan mahsusdyr.

Ýurdumyza gelip giden daşary ýurtlylaryň aglabasy özbek halkynyň myhmansöýerligi barada köp aýdýarlar. Muny siz telewizordan hem, radiodan hem eşidensiňiz. Indi bir pikir ýöredip göreliň: bu myhmansöýerligiň aşagynda nähili häsiýet ýatyr?

Bu soraga jogap bermek üçin ilki başga bir soraga jogap tapmaly bolýarys: ýogsam, haýsy ýurtdan gelse-de, haçan gelse-de, myhman diýenimiz kim özi?

Ynsan!

**Diýmek, myhmana mähirli bolmak, üns bermek, onuň göwnüni almak – Ynsana mähir, Ynsana üns, Ynsan köňlüni hormat etmek diýildigi eken! Özbek halkynyň myhmansöýerligi ynsanperwerligiň ýene bir gözel görnüşidir!**

Elbetde, ynsanperwerlik kimedir görkezmek üçin edilýän, aňyrsynda nähilidir tama gizlenen zat däldir. Basgançakdan ýokary galýan garry adamyň goltugyndan tutup kömekleşmek-de, bezzat çagalar göwnüne degip agladýan kiçijik gyzjagazy goramak hem, atasyndan ýa-da ene-

sinden aýrylan synpdaşymyzyň göwnüni göterip, onuň gaýgysyny köşeşdirmäge çalyşmagymyz hem aslynda ynsanperwerlik diýenidir.

Yslam dininde adamlary ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemäge aýratyn üns berilýär.

**Şol sanda, hadysy şerifleriň birinde «Özüňiz gowy gören zadyňyzy doganyňyza rowa görýänçe hiç biriňiz hakyky mömin bolup bilmersiňiz», diýilýär.**

Diýmek, özümiziň gowy görýän zadymyzy diňe başga biri soranda berip däl, eýsem hiç kim aýdyp soramasa-da, tüýs ýürekden şony başgalara rowa görmeli ekenik. Adam bolsa örän köp zady gowy görýär. Olaryň arasynda – parahatçylykda we amanlykda ýaşamak, çynlakaý dostlaryň gurşawynda bolmak, bagtly ömür geçirmek ýaly islegler bar. Şolar bize ýakany üçin, başgalara-da olary bermegimiz gowy sypat – ynsanperwerlik hasaplanýar.

**Adalat – adyllyk duýgusy bolmasa ynsanperwerligi gazanyp bolmaýar. Islendik işde adalatly bolmak adamyň kämilligini görkezýän möhüm alamatdyr.**

Emir Temur babamyzyň öwütlerinde «Güýç – adalatdadyr», diýip ýöne ýere ýäldi. Sahypgyranyň misli görülmedik derejede uly soltanlyk gurmagy, bu soltanlygyň uzak ýyllaryň dowamynda gülläp-ösmegine-de hut adalatly içki we daşky syýasat ýöredilendigi sebäp bolupdyr, diýsek, asla ýalňyş bolmaz.

Ýurdumyzyň Prezidenti Islam Karimow: «Biz ýöne bir demokratik jemgyýet däl, demokratik adyl jemgyýet gurmakçy. Adalata we hakykata ymtylmak bolsa halkymyzyň tebigatynyň möhüm sypatlaryndan biridir», diýip nygtaýar.

Adalatly gurşaw hiç bir jemgyýetde öz-özünden peýda bolmaýar. Onuň üçin şol jemgyýetiň agzalary islendik işde adalatly bolmaga ymtylmalydyrlar.

Diýmek, biziň ýaşaýan jemgyýetimizde nähili gurşawyň hökümdar bolmagy her birimize we hemmämize birmeňzeş degişli meseledir. Özi ýaşaýan jemgyýetini yzygider sagdynlaşdyrmaga aňly çemeleşýänligi

bilen hem ynsan haýwandan tapawutlanýar. Haýwanat älemi baradaky dokumental filmleri köpräk we dykgat bilen tomaşa etmäge çalyşyň. Şonda siz haýwanlaryň durmuşynda «jeňňellik kanunynyň» amal edýändigini görersiňiz. Bu haýwanat äleminde güýçlüler ejizleri ýok etmegiň hasabyna durmuş geçirýär, diýenidir. Adalat, rehim, mähir-şepagat, töweregindäkilere üns şu gurşaw üçin umuman ýat, diýenidir.

**Eger jemgyýetiň her bir agzasy şoňa aň ýetirmese, öz durmuşyny özi oňarmalydygyny duýmasa, adamlaryň durmuşynda-da ine şeýle ýowuz gurşawyň emele gelmegi mümkin. Çünki jemgyýetçilik durmuşynyň sagdynlygy onda ýaşaýan her bir adamyň ruhy sagdynlygyna aýrylmaz baglydyr.**

Sagdyn pikirlenýän adam bolsa töweregindäki wakalara «maňa näme» diýen gatnaşykda bolup bilmeýär. «Maňa näme» diýmek, aslynda, «men hiç kim däl, meniň elimden hiç zat gelmeýär, men – bary-ýogy diri jesetdirin» diýmek bilen barabardyr. Hakyky ynsanlar üçin şeýle durmuşyň gyzygy-da, manysy-da bolmaýar. Öňki derslerimizde Ýurtbaşymyzyň «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabynda şeýle garaýyş bilen ýaşaýan biperwaý adamlar sebäpli gelip çykmagy mümkin bolan ruhy heläkçilikler baradaky gürrüňimizi ýada salyň.

Hakykatdan hem, özbaşdak pikirlenýän, adam diýen ýokary ada mynasyp ýaşamagy maksat edinen adamlar öz takdyryny halkynyň we milletiniň takdyryndan aýry ýagdaýda göz öňüne getirip bilmeýär. Özüni şu uly halkyň bir wekili, onuň takdyry üçin jogapkär duýýar.

**Diýmek, ýurdumyzyň şu güni we ertirki gününiň nähili boljakdygy biziň nähili bolşumyza üznüksiz baglydygyna çuňňur aň ýetirsek, diňe şonda şu ýurda mynasyp perzent bolup bileris.**

Ynsanperwerligiň möhüm görnüşlerinden biri mähir-şepagatdyr.

Söhbetimiziň mähir we şepagat duýgusyna bagyşlanan şu bölegini bir goşgy eseri okamak bilen başlalyň. Bu Özbegistanyň Gahrymany, halk şahyry Abdulla Oripowyň 1979-njy ýylda ýazan «Asmandan düşen myhman, bäş danyşment we howly süpürýän kempir kyssasy»dyr. Belki, siz şu eser esasynda taýýarlanan multfilmi görensiňiz.

Bu ajaýyp kyssa şeýle hadysanyň teswiri bilen başlanýar:

Alymlara geldi habar
Alys Jungli tarapdan.
Geçen agşam nämedir
Ýanyp düşmiş asmandan.

Ýyldyz diýse ýyldyz däl,
Emeli hemra meňzeýär.
Boldy galdy bir şowhun
Tarelka-da meňzeýär.

Hawa, dünýäniň kä ol ýerine, kä bu ýerine düşüpdir, diýip şowhun bolýan uçar tarelka bu gezek Ýere anyk düşüpdi. Düşende-de, häzirki zaman şäherleriň birine däl-de, eýsem alys Jungli tokaýlarynyň ortasyna gonupdy. Bütin dünýä alymlary bu habaryň çyn-ýalandygyny barlamak, asmandan düşen myhmanlary öwrenmäge gelýärler. Bäş kontinentden bäş sany iň ökde alym ýygnanyşyp, Jungli tarapa ugraýarlar. Olaryň suw ýaly içip goýbermedik ylmyň özi ýokdy – «Dünýädäki ähli ylym şu bäşisiniň elindedi». Alymlara hyzmat etmek üçin bir howly süpürýän kempiri-de öz hatarlaryna goşup alýarlar.

Danyşmentler baryp görseler, çyndanam tokaýyň arasynda ullakan bir uçar tarelka ýatyrmyşyn. Alymlar ilki onuň daşyny aýlanyp gowuja barlapdyrlar. Eýläk bir geçip, beýläk bir geçip başyny gaşaýardylar. Ahyrynda, «tarelkanyň» gapysyny zordan açýarlar. Şonda...

Içersine garap birden
Aňkaryşyp galdylar.

Ýatardy oturgyjynda
Nähilidir bir mahluk.
Bir gözi bar... maňlaýynda,
Ikinjisi umuman ýok.

Ana indi alymlara iş tapyldy. Bu täsin myhmanyň kim we niredendigini, Ýere nädip gelendigini, maksadyny bilmek üçin etmedik işleri galmandyr. Älemde bar bolan ähli ylymlary ulanyp, onuň syryny bilmäge synanyşýarlar.

Ýöne syrly myhmandan seda çykmandyr. Ol diňe ýeke-täk gözüni uly açyp, bir nämeler diýip daşynda gaýmalaşýan alymlara huşsuz seredýärdi.

...Şol mahal süpürýän kempir
Girip geldi enter-tenter.

Süpürmek onuň işi
Ýygnaşdyrmak pişesi.
Gördi kempir birdenkä!
Bu oturan nämekä?

Waý biçäre balajanym,
Dert zoruny tapypdyr!
Haldan taýyp başga gözi
Ýumulyp hem galypdyr!

Süpürýän kempiriň elinde adamy barlaýan abzal beýlede dursun, gözünde adaty äýnegi-de ýokdy. Kempir bu geň zady barlap görmegi, ondan bir zady soramagy hyýalyna-da getirenokdy. Ol «myhmanyň»

Ene ýaly mähir bilen
Kellejigin sypalady.
Tiken ýaly dim-dik ösen
Saçjagazyn sypalady...

Hakyky täsinlik ana şonda ýüze çykýar. Bir däl, bäş sany danyşmendiň ähli synanyşyklaryna «myk» edip jogap bermedik, Ýeri-de, onda ýaşaýan adamlary-da birinji gezek görüp duran asmandan düşen myhmanda özgeriş peýda bolýar:

Diýseň şonda, hälkiniň
Gan aýlan-dow ýüzüne.
Damja-damja ýaşam geldi
Onuň ýekeje gözüne.

Jan giräý-di şolbada
El-aýagy gymyldap.
Ýylgyranam boldy hatda
Geplän ýaly pyşyrdap.

Indi alymlary özge planetadan düşen myhmanyň syry däl-de, eýsem onuň ýüzüne gan, gözüne ýaş getiren süpüriji kempiriň hereketleri köpräk gyzyklandyrýardy. Oýlap-oýlap, bu ýönekeý täsinligiň sebäbini, ahyrynda, aňýarlar:

Alymlaryň hyzmatlary
Ýok, biderek gitmändir.
Şonça işi edipdirler,
Diňe Mähir ýetmändir.

Eziz çagalar, degişme äheňde ýazylan ýaly duýulýan bu rowaýatyň aşagynda örän möhüm hakykat, görelde ýatyr. Özüňiz görüp-bilip durşuňyz ýaly, şu günki günde adamyň akyl güýji bilen döredilýän tehniki-

tehnologiki täsinlikleri sanardan kän. Ylmy-tehniki ösüş adamlaryň durmuşynyň ähli ugurlaryna girip barýar. Olaryň dünýägaraýşynda, ahlagynda we düşünjelerinde ýiti özgerişleri amala aşyrýar. Bir wagtlar adam tebigatyň bir bölegi hökmünde ömrüniň köp bölegini onuň gujagynda geçirýärdi. Tebigatyň bagrynda zähmet çekýärdi, öý-jaý gurýardy, tebigatyň gözelliklerinden lezzet alýardy. Adamyň tebigatynda-da içginlik, sadalyk, duýgularyň arassalygy agdyklyk edýärdi.

**Şu günki adamzat bolsa ömrüniň esasy bölegini çylşyrymly maşynlaryň, gural-enjamlaryň, demir bilen betonyň arasynda geçirmäge mejbur. Ol barha tebigatdan uzaklaşyp, oňa ýatlaşyp barýan ýaly. Şoňa degişlilikde adamyň bir-birine bolan gatnaşygy, ünsünde-de möhüm özgerişler bolup geçýär.**

Ýokarda pikir ýöredilen goşgy kyssada hem şahyr hut şu ajy hakykaty beýan edýär. Hälki bäş danyşmendiň bilmedik ylmy, okamadyk kitaby galmady ýalydy. Galaktikada näçe planetanyň bardygyndan başlap adamyň bedenindäki her bir öýjügiň, her bir genetik dokumanyň nähili wezipäni ýerine ýetirýändigine çenli bilýärler. Ýöne şonça ylym, şonça bilim näme üçin ýekeje zadyň ruhyýetini bilmäge, ony açyp görkezmäge kömek edip bilmedi? Näme üçin aglaýan jigiňizi professor (mugallym, agronom, inžener we ş.m.) ataňyz köşeşdirip bilmän, ol goňşyňyzyň çagasyny görenden derrew ylgap oýnamaga gidýär?

**Halkymyzda «Guşuň dilini guş bilýär» diýen nakyl bar. Şoňa meňzeş, adamyň göwnündäkini bilmek üçin başga adamdan hem göwün, köňül talap edilýär. Ynsanyň köňlüne melhem bolýan iň aňrybaş nygmat bolsa mähirdir. Meşhur şahyrlarymyzyň eserlerinde gün şöhlesiniň «mähir nury» diýlip atlandyrylmagy ýöne ýerden däl. Sebäbi, adamyň durmuşynda gün şöhlesi näçe möhüm orun tutsa, başgalardan mähir görmek hem şu derejede möhüm täsire eýedr.**

Ýokary okuw edaralarynda okamadyk, müňlerçe kitaplardaky ylymdan habarsyz süpürýän kempiriň köňli ynha şu mähir nurundan püre-pür

doludy. Şu mähir nury hälki bir gözli mahlugyň içini ýagtylandyrdy, köňlüni eretdi, gözlerine ýaş getirdi. Danyşmentlerden gorkup, olara ynanman duran asmandan düşen myhman kempiriň elinden ýamanlyk gelmejekdigini, özüne zyýan ýetmejekdigini aňýar. Dil bilen däl, köňül bilen ser saldy.

2004-nji ýyl Ýurtbaşymyz tarapyndan «Mähir-şepagat ýyly» diýlip atlandyryldy. Mundan gözlenýän maksat – halkymyzyň arasynda mähir-şepagat duýgularyny ýene-de güýçlendirmek, kömege mätäç garrylara, maýyplara, ekleýjisini ýitiren maşgalalara, ýetim-ýesirlere her taraplaýyn kömek bermek, raýatlaryň özara gatnaşyklarynda ynsany gymmatlyklaryň ileri tutulmagyny üpjün etmekdi. Umuman, ýurdumyzda soňky döwürde yglan edilen her bir ýyl – ol «Pugta maşgala ýyly» bolýarmy, «Sagdyn çaga ýylymy» ýa-da «Garrylary hormatlama ýylymy» – ählisiniň düýp mazmunynda hakyky ynsanperwerlige ýugrulan maksatlaryň jemlenendigi «Bu mukaddes Watanda ezizdir ynsan» diýen haýyrly taglymyň amaldaky aňlatmasy hasaplanýar.

## ? *Soraglar we ýumuşlar*

1. Özbek halkynyň ynsanperwerlik häsiýetlerini aýdyň ýüze çykarýan nähili wakalary bilýärsiňiz?
2. Haýsy çeper eserlerde ynsanperwerlik duýgusy beýgeldilýär, oňa ters hadysalar bolsa ýazgarylýar?
3. Adalata amal edilmese, jemgyýetde nähili erbet ýagdaýlaryň emele gelmegi mümkin, diýip oýlaýarsyňyz?
4. «Asmandan düşen myhman, bäş danyşment we howly süpürýän kempir kyssasy» eseri esasynda surata alnan multfilmini gören bolsaňyz, täsirleriňizi synpdaşlaryňyza aýdyp beriň? Pikiriňizi delillendirmäge çalyşyň.
5. Halkymyzyň mähir-şepagatlydygyny, sahawatlydygyny görkezýän durmuşdan deliller getiriň.

## RUHYÝETIŇ ŞEKILLENMEGINDE MAŞGALANYŇ ORNY

Eziz okuwçy, Ýurtbaşymyz özüniň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda beýik edebiýatçymyz Abdulla Kadyrynyň «Öten günler» romanyny telim gezek ýatlaýar. Çünki bu eserde halkymyza ozaldan mahsus bolan ömürbaky gymmatlyklarymyz, ruhy baýlyklarymyz täsirli beýan edilýär. Ýusufbek hajy ýaly milletiň ruhy atalarynyň elinde terbiýe alan Atabek hem, Aftab aýym ýaly akylly, parasatly eneler mährine ganan Kümüşbibi hem özüniň akyl-huşy, parasaty, edebi we başga ähli ynsany sypatlaryny maşgalasynyň gujagynda özleşdirýärler. Atabekiň hem ýakynlary bilen, hem nätanyşlar bilen edýän aragatnaşyklarynda näçe ýokary medeniýet, ynsanylik bark urýar. Ýaş başyna aladalary ýetik, çylşyrymly synaglara duçar bolan Kümüşbibi bolsa bir gezek hem gyzlyk, aýallyk ornuny, haýasyny elden gidermeýär. Tersine, öz adyna laýyk gelmeýän Jennet daýzanyň elinde uly bolan Sadyk, birnäçe aýalyň bagtyny gara eden, maşgala atly mukaddes ojagy nazar-pisint etmeýän Hamid ýaly kimseleriň etmişi islendik adamyň ýigrenjini getirýär.

Eger bu eseri üns berip okasaňyz, Atabek bilen Kümüşbibiniň ösen gurşawy – maşgaladaky serenjamlyk, gatnaşykdaky özara hormat we parasat höwesiňi getirýär. Şoňa laýyklykda baş gahrymanlaryň kalp gözellikleri olaryň ýüzlerinden mese-mälim. Kümüşbibi we Atabek gören adamy bendi edýän owadan ynsanlardyr. Olaryň tersi bolan Sadyk ýaly ganhor ýetişip çykan howludaky başagaýlyk, betgelşik, hapaçylyk gözüňize tiken ýaly sanjylýar. Bu betgelşiklik, gelşiksizlik we binamyslyk bu maşgaladaky ene bilen çaganyň hem, olara howandarlyk etmegi wada eden Hamidiň hem ýüzünde görünýärdi.

**Bularyň ählisi adam terbiýesinde, onuň ruhy kämilliginde maşgala gurşawynyň nähili möhüm orun tutýandygyny görkez-**

**ýär. Bu gurşawyň sagdyn we arassa bolmagy bolsa köp faktorlara baglydyr.**

Ilki bilen, ata-enäniň bir-birlerine bolan gatnaşygy diňe içgin, özara hormat esasynda gurulsa şeýle maşgalada tämiz ruhy gurşaw emele gelýär. Tersine, olaryň bir-birine gödek gatnaşygy, edepsizligi, durmuş kynçylyklaryny ýeňmekde, çagalaryň terbiýesinde, maşgalanyň maddy üpjünçiliginde dürli pikirlilik maşgaladaky özara gatnaşyklara putur ýetirýär.

**Her bir zatda sabyrlylyk, maşgala meselelerini oýlanşykly, akyl-paýhas bilen hyzmatdaşlykda çözmek, özara mähirlilik, perzentlere şirin sözli bolmak, iki tarapyň hem garyndaş-uruglaryna, goňşulara mähir-muhabbet bilen garamak, hakykaty edep-ahlak kadalary derejesinde geplemek bolsa maşgala gurşawyny päkizeleýär.**

Şonuň ýaly-da, içmek, çekmek, ýalançylyk, hapaçylyk, ulumsylyk, menmenlik we başga şular ýaly nogsanlardan azat bolmak hem maşgala medeniýetiniň ýokarlanmagyna sözsüz oňyn täsir edýär.

Şol sanda, ata-eneleriň bir-birine «siz» diýip gepleşmegi, ýola çykanda «aman-esen baryp geliň», «saparyňyz bihatar bolsun», garşy alanda «armaň», «gowy baryp geldiňizmi?» ýaly mylaýym sözleri ulanmak perzendiň ata-enä bolan hormatyny, mähir-muhabbetini artdyrýar, ata-ene olar üçin görelde bolmagynda galmagyny üpjün edýär.

**«Çünki adamyň iň sap we päkize duýgulary, ilkinji durmuşy düşünjeleri ilkinji nobatda maşgalanyň gujagynda şekillenýär... Çaganyň aňy esasan 5–7 ýaşda şekillenýändigini hasaba alsak, hut şu döwürde onuň kalbynda maşgaladaky gurşawyň täsirinde ruhyýetiň ilkinji pyntyklary görnüp başlaýar. Halkymyzyň «Guş höwürtgesinde görenini edýär», diýen dana nakyly, ynha şu gadymy hakykaty aýdyň şöhlelendirýär, diýip pikir edýärin»[1].**

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 52–53-nji sahypalar.

Ýokarda getirilen pikirler maşgalanyň ulularyna, onuň pugtalanmagyna jogapkär bolan ata-enelere degişli ýaly duýulmagy mümkin size. Ýöne, bir zady unutmaň, häzir siz hem şu jogapkärligiň bir bölegini üstüňize alýan ýaşa ýetdiňiz. Başgaça aýdanda, maşgalanyň pugtalygyna kömek edýän ep-esli iş siziň hem eliňizden gelýär.

Elbetde, özüni hormat eden ata-eneler hojalygyny maddy tarapdan üpjün etmek, täze ymarat gurmak ýa-da maşyn satyn almak ýaly agyr ýumuşlary hiç haçan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalarynyň gerdenine taşlap goýmaýarlar. Ýöne bu diýildigi maşgala işlerini, onuň aladalaryny diňe ulular çekmeli, diýeni däl.

**Maşgalada, eger üns berip seretseňiz, iş hemmä tapylýar.**



Has takygy, maşgala işleriniň şowly bolmagy, onuň sagdyn we pugta bolmagy, maşgalanyň ruhy gurşawynyň arassalygy onuň her bir agzasynyň özüni alyp barşyna bagly. Şol sanda, size-de!

Meselem, jigiňiz ýa-da doganyňyz öý wezipesiniň käbir ýerlerine düşünmän, kömege mätäç bolmagy mümkin. Hany aýdyň, şu maşgala agzalarynyň içinde şol bir wagtda oňa kömek berip bilýän, kömek bermeli bolan adam kim? Elbetde, siz. Ýa-da şu wagtda aşhanada gap-çanaklary ýuwýan eneňiz ýa-da işinden ýadap gelendigine seretmezden, hatardan çykan käbir hojalyk enjamyny abatlaýan ataňyz işini taşlap onuň ýanyna barmalymy?

Iň möhümi, ynha şu ýumuşlary bilelikde ýerine ýetirilen mahalynda mekdepde, köçede bolup geçen näçe-näçe gyzykly wakalar ýada salynýar, durmyşy ýomaklar aýdylýar, degişmeler edilýär. Bu diýildigi diňe bir elimiz däl, akylymyz hem, kalbymyz hem hereket edýär, taplanýar, diýenidir.

**Çekýän zähmetimiziň netijesinde diňe bir howly-öýümiz, aýna-äpişgelerimiz arassalanyp, ýalpyldanok, eýsem köňlümiz, göwnümiz hem abat bolýar, ruhumyz ösýär.**

Bu prosesde ulular bilen käbir ýumuş hakynda maslahatlaşmakçy bolsaňyz, olaryň keýpine, wagtyna seretmeli, aýdylýan pikiri oýlap, olary ynjatmaýan edip geplemäge çalyşmalydygyňyzy ýatladýarys. Gyzlar köpräk enesi bilen, oglanlar bolsa atasy bilen maslahatlaşmagy maksada laýykdyr. Munda enä-de, ataňyza-da çem gelen gepleri aýtmagy endik edinmeli däl. Ýatdan çykarmaň, biz Gündogaryň adamlarydyrys, Özbegistanyň perzentleridiris.

**Şu günki günde telewizoryň ekranlaryndaky ençeme daşary ýurt filmlerinde görkezilýän käbir maşgala gatnaşyklary, adamlaryň arasyndaky gepleşik usullary hiç haçan siz bilen bize nusga, görelde bolup bilmeýär.**

Biz hut olara meňzeş däldiris, özümize mahsus we özümize laýyk ýokary gatnaşyk medeniýetine, gözel maşgala gatnaşyklary ulgamyna eýe bolanymyz sebäpli-de özlügimizi, milli keşbimizi saklap gelýäris. Şu däbi geljek nesillere sag-aman geçirmek Siziň üstüňizdäki jogapkärli ýük!

Adamyň gündelik durmuşynyň esasy bölegi zähmet çekmek, okamak we başga zerur ýumuşlary ýerine ýetirmek bilen geçýär. Her bir adamyň maşgalasynyň gujagyna şadyýanlyk bilen dolanmagy, ahyrky netijede uzak ömür görmeginiň girewi – ýolbaşçy bilen işgäriň, mugallym bilen okuwçynyň, kärdeşleriň, deň-duşlaryň özara gatnaşygyna berk baglydyr. Käbirleriň men-menligi, gödek gatnaşygy, özüni bilimli görkezip ulumsylyk etmegi, başgalary äsgermezligi köpçülige erbet täsir edýär. Maşgalada, mekdepde, synpda, dostlaryň arasynda sagdyn däl gurşawy emele getirýär. Şeýle ýerde işlemek ýa-da okamak diňe bir adamyň saglygyna däl, eýsem bir seredende bu ýere gatnaşygy bolmadyk ýüzlerçe maşgalalaryň ruhy sagdynlygyna-da putur ýetirýär.

**Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda maşgalalary her taraplaýyn pugtalandyrmak boýunça uly işler amala aşyryldy.**

Näme üçin «her taraplaýyn» diýýäris? Şebäbi, maşgalanyň pugtalygy örän köp faktorlara bagly. Ilki bilen, her bir maşgala maddy taýdan üpjün edilen bolmalydyr. Munuň üçin bolsa maşgaladaky işe ýaramly ulular öz kärine, başarnygyna laýyk zähmet çekmeli, çagalarynyň dok we abadan durmuş geçirmegi üçin çalyşmalydyr.



Ýurdumyzda ýaş maşgalalara her taraplaýyn kömek bermek, şol sanda, olary ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmek meselesine aýratyn üns gönükdirilendir. Ýaş maşgalalar jaý gurmakçy ýa-da satyn almakçy bolsalar, olara banklar tarapyndan köp ýyllyk ýeňillikli kreditleri berýän ulgam girizildi.

Maşgala pugtalygynyň ýene bir şerti, ýokarda nygtalyşy ýaly, onda hökümdarlyk edýän ruhy gurşaw bilen bagly. Şu gurşawyň sagdynlygyny gazanmak üçin ýurdumyzda örän uly işler alnyp barylýar. Şol sanda, ýaşlary hem beden taýdan, hem many taýdan sagdyn edip kemala getirmek meselesine ähli döwlet hem-de döwletden daşary guramalaryň we edaralaryň ünsi gönükdirilen. Ähli şäherlerimizde we obalarymyzda iş alyp barýan sport desgalary, mekdebe çenli terbiýe edaralary, umumy orta bilim berýän mekdepler, medeniýet we sungat mekdepleri siz – çagalaryň kämillige ýetmegi ugrunda hyzmat edýär. Şu mesgenlerde tälim-terbiýe alan ýaşlarymyzyň gazanýan üstünlikleri bolsa diňe bir özleri doglup kemala gelen maşgalanyň däl, eýsem bütin halkymyzyň, ýurdumyzyň üstünligidir.

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. «Guş höwürtgesinde görenini edýär» diýen nakyly durmuşdan mysallaryň kömeginde nähili düşündirýärsiňiz?
2. Ýurdumyzda maşgalanyň berkligine şeýle uly üns berilmeginiň esasy sebäbi nämede, diýip oýlaýarsyňyz?
3. Mähelläňizde siz höwes edýän maşgalalar barmy? Şolar barada aýdyp beriň.
4. Maşgala, maşgala gymmatlygy we däplerini şöhlelendirýän nakyl, matal we jümlelerden dördüsini tapyp aşakdaky öýjüklere galam bilen ýazyň.

| ____________ | ____________ | ____________ | ____________ |
|---|---|---|---|
| ____________ | ____________ | ____________ | ____________ |
| ____________ | ____________ | ____________ | ____________ |
| ____________ | ____________ | ____________ | ____________ |
| *a* | *b* | *ç* | *d* |

## EDEP-AHLAK – RUHYÝETIŇ ESASYDYR

Eziz okuwçy, bu durmuşda gören-bilenleriňiz esasynda bir hakykata gowy düşünip alansyňyz: adamzat durmuşyny adamlaryň özara gatnaşygysyz göz öňüne getirip bolmaýar. Hany Robinzon Kruzony ýene ýadyňyza salyp görüň: özi ýalňyz kimsesiz ada düşüp galanda ol iň köp nämeden ezýet çekýär?

Ol adadaky agaçlaryň miwesini ýygyp iýip, aw bilen meşgullanyp, garnyny doýurýar. Ýyrtyjy haýwanlardan goranmak üçin özüne gaçalga dikeldýär. Iki agajy bir-birine sürtüp, ot alýar. Haltasynda galyp giden bugdaý dänelerini üç-dört ýyl gaýtalap ekip, çörege-de agzy degýär... Diýmek, ýalňyzlykdaky durmuşyň maddy tarapyny üpjün etmegiň hötdesinden gelýär. Ýöne ol özi bilen gepleşer ýaly, derdini diňleýän ýoldaş tapyp bilmän, tas akyldan azypdy. Ilki-ilkiler içinden özüne özi gepläp köşeşdirýär – bolmaýar. Soň özi bilen özi sesli gepleşmäge başlaýar. Seretse, şeýdip gezse akyldan azjagy anykdy. Soň ol geçi bilen, dürli guşlar we haýwanlar bilen gepleşip, özüni köşeşdirmegi oýlap tapýar...

«Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» kitabynda sebitimiziň fiziki-geografik gurluşy bizi we töweregimizdäki halklary gadymdan jebisleşip ýaşamaga ündändigi nygtalýar:

**«Orta Aziýanyň çäginde ilat ozaldan jülgelerde, uly suw çeşmeleri – derýalaryň we ýaplaryň boýunda ýaşap gelýär. Daş-töweregi çöl we sähralar bilen gurşalan, tebigaty, klimaty örän çylşyrymly bolan sebitiň şertiniň özi şu halkyýetleriň we milletleriň müň ýyllaryň dowamynda bir-birine uýgunlaşyp, ýakyn egindeş bolup, bir-biriniň agyryny ýeňledip ýaşamagyny talap edip gelýär»[1].**

---

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 9-njy sah.

Adamyň tebigaty köpçülik bolup ýaşamaga öwrenmek bilen, şeýle durmuş terziniň özboluşly içki düzgünleriniň, kadalarynyň bolmagy-da tebigydyr. Biziň halkymyzda şol kadalaryň esasyny – binýadyny edep-ahlak kadalary düzýär. Ýagny, ynsanlar ynsan ýaly ýaşamak üçin şu kadalara amal etmeli bolýar. Eger şu kadalaryň çägi bozulsa, olara amal edilmese, nirede bolsa-da, adamyň haýwandan tapawudynyň galmajakdygyna göz ýetirip bilersiňiz.

Her bir adamyň ruhy keşbi ilki bilen onuň özüni alyp barşynda we edebinde görünýär.

**Özüňi alyp barmak we edep bolsa öz içine örän köp zady alýar. Tertibimiz, adamlaryň arasynda we ýeke galanymyzda özümizi saklaýşymyz, gepleşik medeniýetimiz, töwerekdäkilere bolan ünsümiz – bularyň hemmesi bir bolup biziň tertip-edebimiziň nähilidigini kesgitleýär.**

Meselem, adamy bezeýän, ony daşyndakylara owadan edip görkezýän alamat – onuň dili hasaplanýar.

Käbir dostlaryňyzyň sözlerinden ýadamaýarsyňyz, diňläp hezil edýärsiňiz. Dogry, olar size aýdym aýdyp bermeýär, masgarabazlyk edip güldürmeýär. Gepleri-de düşnükli – ýönekeýje. Ýöne, oýlap görüň: näme üçin olary diňläniňizde, olara meňzäsiňiz geliberýär? Çünki bu dostlaryňyzyň sözleri mazmunly, baý manyly. (Eger meňzetme edýän bolsak, olaryň gepleri içi doly maňyzly hoza meňzeýär. Bagdan şeýle hozy tapyp alanda nähili begensek, şeýle çagalary görüp, eşidip şonça guwanýarys.) Bu çagalar hatda käbir wakany derňäp, oňa baha bermägede çalyşýarlar. Gepleri gulaga ýakymly, yzygider beýan edilýär. Olaryň gürrüňinde başga dillerden girip galan gerekmejek sözler, ýerliksiz jümleler umuman duşmaýar.

**Ýogsam, bu alamatlar nämäni delillendirýär? Bu delil, şu dostlaryňyzyň özbaşdak pikirlenip bilýändigi, özüne erk edip bilýänligidir. Olaryň diliniň arassalygy – kalbynyň arassalygyny, pikirlenmesiniň rowanlygyny, ene dilimize hormatyny delillendirýär.**

Indi başga bir görnüşi göz öňümize getireliň.

Awtobusa siziň ýaly ýaşdaky bäş-alty çaga bir-birini itekläp-dürtüp münjek bolýarlar. Göýä daşynda olardan başga hiç kim ýok ýaly, gygyryşyp hezil eden bolýarlar. Arasynda utançly sözleri, hatda erbet sögünçleride arkaýyn ulanýarlar. Dile alynýan sözleriň bulam-bujarlygyna, gödekligine, ýoýulandygyna çydar ýaly däldi. Hakykatdanam, olaryň bu şowhunly gürrüňinde belli bir düzüwli many-da ýokdy. (Ýokarda içi doly maňyzly hozy ýatlan bolsak, indi siziň umyt bilen eliňize alyp, görenden soň lapykeç bolan içi garalyp çüýräp giden hozy göz öňüne getiriň.)

Siz nähili pikir edýärsiňiz: ýaşytdaşlaryňyzyň bu gylyklary awtobusyň içindäki adamlara ýakarmy? Olaryň käbiri işden ýadap gelýän, başga biriniň kellesi ýadawly bolmagy mümkin ahyryn. Belki olaryň içinde başyna käbir alada ýa-da gam düşen adam hem bardyr. Ýaşytdaşlaryňyzyň agzyndan çykýan bihaýa sözleri eşiden aýallar «Terbiýe görmedik biedepler!» diýip olardan ýüz öwürendiklerini göz öňüne getirip bilersiňizmi-ýokmy?

**!** **Alyşir Nowaýy «Dile ygtyýarsyz – ile ünssüz» diýmek bilen, öz diline sak bolup bilmeýän ynha şeýle kimselerden adamlara köp azar ýetýändigini nazarda tutupdyr. Siz bir zady anyk bilmelisiňiz, ýagny ile ünssüz garaýan islendik adamy ine şu il hem ünsden düşürýär. Bu – adam özüniň bet gylygy bilen iliň nazaryndan galýar, diýenidir.**

Häzir hemmämiziň öýümizde radio we telewizor, köpçüligimizde kompýuter hem bar. Nirä seretseň-de, dürli-dürli habara gözümiz düşýär. Muňa uly köçelerde asylan, ýene ençeme başga ýerlere ýabşyrylan bildirişlerdir reklamalary hem goşmak mümkin. Dynç alyş günleri telewizoryň onlarça kanallarynda görkezilýän ýüzlerçe gepleşikleri we filmleri, islesek-islemesekde, görýäris, olardan täsirlenýäris. Şunça güýçli habar akymyny togtatmak ýa-da jylawlamak mümkin däl, elbetde. Diýmek, (meselem, telewizoryň mysalynda) biz nämäni görmelidigini, haçan görmelidigini, näçe görmelidigini özümiz üçin kesgitlemegimiz örän möhümdir.

Nygtaýşymyz ýaly, biz Gündogar halklaryna degişlidiris. Şuňa goşmaça, biz edep-ahlak, haýa, utanç ýaly hakyky ynsany sypatlara sarpa goýýan



we ynsanlardan talap edýän yslam dinine uýýarys. Ata-babalarymyz müň ýyllaryň dowamynda durmuş terzine siňdiren bu gymmatlyklara wepaly bolmak ählimiziň borjumyz hasaplanýar. Şeýle bolýan bolsa, dünýäniň hemme ýerinde, dürli garaýyşlar esasynda döredilen ähli tomaşalar hem bize doly peýdaly diýip bolmaýar. Bu tomaşalaryň (kinofilmler, wideofilmler, spektakllar, konsertler, gepleşikler, dürlüçe şoular) şeklinde we many-mazmunynda milli hem-de dini gymmatlyklarymyza ters gelýän ýerleri-de köp tapylýar.

Adamyň özüni alyp barşynda onuň dili nähili ähmiýete eýedigi barada gürrüň edipdik. Indi Günbatar ýurtlarynda surata alnan kinofilmlerdäki käbir gahrymanlaryň diline, gepleşik usulyna üns beriň. Eger bu gahrymanlar erbet, ahlaksyz adamlar hökmünde görkezilen bolsa-da düşünmek mümkindi. Ýok, köpüsi gowy – başgalara görelde bolup bilýän gahrymanlaryň aýdýan gep-sözlerini eşidip, biz haýran galýarys. Näme üçin? Çünki biz bu babatda başgaçarak garaýşa eýediris.

**Bizde haçan we nirede bolsa-da, bigelşik sözleri ulanmak uýat, akylsyzlyk hasaplanýar. Diňe bir hasaplanmaýar, belki şu ýazylmadyk kadalara amal etmegi her bir adam özüniň ynsany borjy saýýar.**

Ýene başga bir mysal. Daşary ýurt filmleriniň aglabasynda bir-iki sagadyň içinde onlarça, ýüzlerçe adam «ölüp gidiberýär». Käbir filmlerde şeýle bir köp gan dökülip, biygtyýar «adamyň ömri ýerdäki garynjanyň ömriçe-de gymmata eýe däl eken-de», diýen pikire barýarys. Indi oýlanyp görüň: şeýle «ýeňil tomaşalar» adamyň ruhyýetine nähili täsir edýär?

Olar, ilki bilen, adamdaky rehim, mähir-şepagat duýgularyna putur ýetirýär. Bu gözel duýgularyň ýerini rehimsizlik, ýowuzlyk guýgularynyň eýelemegine ýol açýar. Dek düýn aýagynyň aşagyndaky garynjany

basyp geçmezlik üçin sowlup geçýän çaga şeýle filmleri görüp ýüregi daşa öwrülip ugransoň, indi pişigiň boýnuna sim daňyp daragta asyp goýmakdan hem gaýtmaýan birehime öwrülýär.

Şeýle tomaşalaryň täsirine düşen adamyň ýüzünden uýat, parasat perdesi aýrylýar. Onuň gep-sözleri, özüni alyp barşy gödekleşýär, töweregindäkileriň gaharyny getirýän keşbe eýe bolýar. Bir söz bilen aýdanda, adamyň ruhyýeti, ahlagynda ýiti özgeriş, bozuklyk emele gelýär.

**Agzeki wagyz-nesihatdan görä sungat arkaly edilýän täsir iňňän güýçli we netijeli bolýandygyny ýatdan çykarmak bolmaýar. Sebäbi, sungat we edebiýat obrazlar arkaly çemeleşýär, onuň täsiri adamyň aňyna, duýgularyna, syzgylaryna gönüden-göni ýetip barýar.**

Ýokarda agzalan filmlerde bolsa şulara goşmaça häzirki zaman kino sungatynyň tehniki effektleri-de ulanylýar. Görşüňiz ýaly, siziň özüňiz bilmedik ýagdaýda şu filmlerde öňe sürülýän taglymlaryň, garaýyşlaryň, düşünjeleriň täsirine düşüp galýarsyňyz. Bu täsir näçe köp we üznüksiz dowam etse, ruhyýetiňizdäki özgeriş hem şonça köp bolýar. Soň bolsa bu özgerişler özüňizi alyp barşyňyzda, gep-sözleriňiz arkaly-da ýüze çykýar.

Ýokardaky pikir ýöretmeler bilen näme diýmekçi bolýarys?

**Adamyň özüni alyp barşy we edebi oňa täsir edýän daşky faktorlar bilen aýrylmaz baglydyr.**

Halkymyzda «Gazana ýanaşsaň garasy ýokar» diýen nakyl bar. Dünýäde ýaşamak bilen siz, onda bolup geçýän waka-hadysalar, gürrüňler size öz täsirini ýetirmän durmaýar. Iň esasysy nämeden täsirlenmek, nähili täsirlenmekdir. Diýmek, her birimiz nähili gurşawda ýaşaýandygymyz, daş-töweregimizdäki adamlaryň kimlerdigi, olardan nähili gowy zady öwrenmek mümkinligine, nähili erbet işlerine goşulmaly däldigimize hemişe gözegçilik etmelidiris.

Ýurtbaşymyz 2000-nji ýylda «Fidokor» gazetiniň habarçysynyň soraglaryna jogap bermek bilen, özbaşdak ýurduň perzentlerinden talap edilýän sypatlary aşakdaky ýaly düşündirýär:

**«Indiden bu ýana olar milli kökleri güýçli, dünýäni çuňňur aň ýetirýän, zamanyň ösüşi bilen deň gadam basýan adamlar bolup ýetişsin. Ana şonda nadan dogmatlaryň «çagyryşy» hem, ahlagy ret edýän, biziň üçin umuman ýat taglymlar hem olara öz täsirini geçirip bilmeýär»[1].**

Ýeri gelende edep-ahlagyň öz milli kadalarynyň bardygyny hem aýdyp geçmek ýerlikli bolardy. Oňa amal etmek, şu kadalary bozup çete çykmazlyk örän möhümdir. Aýdanlarymyzy tassyklamak üçin ýene bir gezek «Öten günler» eserine ýüzleneliň.

Meşhur edebiýatçy Abdulla Kadyrynyň bu romanyny özbegiň ýedi ýaşyndan ýetmiş ýaşyna çenli – hemmeler söýüp okaýarlar. Kitap esasynda surata düşürlen çeper film görkezilse, ählimiz telewizoryň garşysyndan gidip bilmeýäris. Munuň sebäpleri gaty köp, elbetde. Eseriň çeper taýdan kämilligi, gahrymanlarynyň häsiýetleriniň özboluşly beýany, eseriň dili bilen ýazyjynyň usulynyň täsirliligi onuň meşhurlygyna sebäp bolupdyr. Ýöne bu romanyň halkymyzyň arasynda söýgüli bolmagynyň başga sebäpleri-de bar. Onda özbek halkynyň azaly tebigaty – häsiýeti doly manysynda suratlandyrylýar. Bu pikiri romanyň islendik gahrymanyna siňe seredip üns bermek bilen subut etmek bolar. Goý erbet bolsun, goý oňyn, bu eserde gatnaşýan ähli adamlar özbekçe pikirlenýärler, özbekçe çemeleşýär, özbekçe söýýär we özbekçe ýigrenýär. Ata-eneler bilen perzentleriň (Ýusufbek hajy, Özbek aýym – Atabek; Mirzakerim gutudar, Aftap aýym – Kümüş), är bilen aýalyň (Ýusufbek hajy – Özbek aýym; Mirzakerim gutudar – Aftap aýym; Atabek – Kümüş; Atabek – Zeýnep), guda bilen gudanyň (Ýusufbek hajy – Mirzakerim gutudar; Özbek aýym – Aftap aýym) Atabek bilen Hamidiň, Kümüş bilen Zeýnebiň gatnaşyklary örän tebigy, çynlakaý suratlandyrylan. Şeýle üstünlige bolsa hemme ýazyjy-da, hemme eser hem sezewar bolup bilmeýär.

---

[1] **Islam Karimow.** Donishmand xalqimizning mustahkam irodasiga ishonaman. «Fidokor» gazeti. 2000-nji ýyl 8-nji iýun sany.



Meselem, Kümüşbibi bilen bagly ýekeje epizody ýada salalyň. Bilşiňiz ýaly, ol – daşkentli söwdagär ýigit Atabekiň Margilana baranynda tötänden görüp, aşyk bolup öýlenen söýgüli aýaly. Atabek ata-enesiniň gyssagy bilen Daşkentde ikinji gezek öýlenmäge mejbur bolýar. Zeýnephan hem gaty owadan, sada gyz bolsa-da, Atabekiň köňli diňe göz açyp göreni Kümüşbibini isleýär. Kümüş Daşkende, gaýyn ene-gaýyn atasynyň öýüne gelýär. Gaýyn enesi öň görmänligi sebäpli ony gaty ýaman görerdi. Kümüşi görenden soň bolsa, Özbek aýym kiçi gelini Zeýnebi bütünleý ýatdan çykarýar. Kümüşi ýere göge ynanman, onuň daşynda perwana bolýar. Elbetde, bu ýagdaý, galyberse-de, äri Atabekiň has-da özünden uzaklaşmagy Zeýnebe agyr täsir edýär, çäksiz gazaba mündürýär. Näme etjegini bilmedik Zeýnep, gynansak-da, dogany Huşroýyň gepine gidip, nämakul işe el urýar.

Indi ýagdaýy gowuja göz öňüne getiriň: Kümüşbibiniň başga birine ýamanlygy degmändi. Ne umytlar bilen indi birinji perzendini görmegiň öňýanyndady. Bu maşgala haçandan bäri garaşylan bäbek agysy, şatlyk we bagt getiripdi. Serediň, ony şu maşgalada zäherleýärler, ömrüni kül edýärler. Nähilidir keseki däl, özüniň gündeşi nahara zäher goşýar. Bu gündeşi bolsa, onuň söýgüli ärini mejbur edip, gaýyn ene gaýyn atasy alyp beripdi. Kümüş soňky deminde ýatyr, birnäçe minutdan soň bu dünýäden baky göz ýumýar. Onuň bütin endamy ot bolup ýanýardy, demi bogazyna dykylyp, jany damagyna gelipdi. Togalanyp ýatanlygy sebäpli saçlary çaşyp, egin-eşikleri perişandy. Şu ýagdaýda onuň ýanyna gaýyn atasy – Ýusufbek hajy girip gelýär. Ol müň gyjalat we puşman edip gelniniň maňlaýyna ýuwaşjadan aýasyny goýýar. Halsyz ýatan Kümüş rahatsyzlanyp gözüni açýar we garşysynda gaýyn atasynyň duranyny görüp... utanjyndan egin-eşiklerini düzetmäge, ýerinden turmaga çalyşýar...

Şuňa meňzeş mysallary diňe bir edebi eserlerden däl, eýsem durmuşdan hem gaty köp getirmek bolar.

**Ýurdumyzyň her bir maşgalasynda Kümüşbibi ýaly gyzlar, Atabek ýaly ýigitler köp tapylýar. Olaryň özüni alyp barşy, edep-ahlagy başgalaryň höwesini getirjekdigi anyk.**

Şeýle gözel tertipli ynsanlaryň asmandan düşmeýändigi tebigydyr. Olar hem siz bilen bize meňzeş ýönekeý adamlardyr. Diňe olar ynsan diýen beýik ada mynasyp bolmalydygyny, adam töweregindäkilere agyr düşýän gylyklary bilen diňe gelşiksiz bolmagyň mümkindigini içinden duýýarlar. Şoňa görä, özlerini terbiýeläp, barha gözelleşdirýärler.

Kümüşbibiniň sypatlaryny ýatlamak bilen we ýokarda beýan edilen pikir ýöretmeler bilen biz näme diýmekçi?

**Elbetde, biz şu halkyň wekili, onuň taryhy mirasdüşeri bolmak bilen, şu seýrek däpleri gözüň göreji ýaly gorap saklamalydyrys, olara wepaly bolup, hiç haçan özlügimizi ýitirmeli däldigimiz talap edilýär. Sebäbi, biziň ruhy keşbimiz edil aýnadaky ýaly edep-ahlagymyzda aýdyň görünýär.**

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Adamyň edebiniň şekillenmeginde onuň ýaşaýan gurşawynyň nähili täsiri bar, diýip pikir edýärsiňiz?
2. Halkymyzyň «Edebi edepsizden öwren» diýen sözlerini düşündirip bilermiň?
3. Deň-duşlaryňyzyň özüni alyp barşynda we edebinde size makul bolmaýan nähili kemçilikleri görýärsiňiz?
4. «Edepsizlik köpräk oglanlara mahsus bolýar» diýen pikire nähili garaýarsyňyz?
5. Daşary ýurt filmleri, dürli tomaşalaryň oňyn we erbet taraplary barada synpdaşlaryňyz bilen çekişme guraň.

6. Suratda görkezilen eserleriň wakalary esasynda geçilen temany gürrüň edip bilersiňizmi?




*a*




*b*




*d*




*e*

## BARLAG IŞI

Ý u m u ş : Synpdaşlaryňyz bilen birlikde **«Ynsanperwerlik näme?»** temasynda çekişme-bäsleşik geçiriň.

Oňa taýýarlanan mahalyňyzda aşakdaky meselelere aýratyn üns beriň:

– Ýurtbaşymyz Islam Karimowyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» eserindäki şu tema degişli pikirlere we taglymlara;

– ynsanperwerligiň adamy başga jandarlardan tapawutlandyrýan möhüm sypatdygyna;

– ozal-ozaldan milli edebiýatymyzda hem-de sungatymyzda ynsanperwerlik taglymlarynyň öňe sürlendigine;

– taryhda bolup geçen ynsanperwerlige ters bolan waka we hadysalar, olaryň adamzadyň başyna salan uly pajygalaryna;

– dünýäniň käbir nokatlarynda ynsan gadyr-gymmatyny depeleýän, durmuşyny we geljegini howp astynda galdyrmagy mümkin bolan hadysalaryň ýüze çykýandygyna;

– ynsanperwerligi wagyz etmekde köpçülikleýin habar serişdeleriniň, sungatyň we edebiýatyň roly we başgalar.

# MAZMUNY

***Giriş*** .......... 3
***I bap.* Garaşsyzlyk we milli taglym** .......... 7
Milli taglym – gowy arzuw-islegleriň aňlatmasy .......... 7
Ruhyýet we onuň kesgitlemesi .......... 11
Pikir we taglym .......... 15
Taglymyň esasy aýratynlyklary we görnüşleri .......... 20
Jemgyýetiň ösüşi we ýaradyjy taglymlar .......... 26
Bilim we ruhyýet (*Amaly sapak*) .......... 32
*Gaýtalamak* .......... 35

***II bap.* Taglyma garşy taglym, pikire garşy pikir** .......... 36
Zyýanly taglymlar .......... 36
Hüşgärlik we eserdeňlik .......... 42
Milli özlük we däpler .......... 48
Taryhy ýadygärlikler (*Amaly sapak*) .......... 55
*Barlag işi* .......... 57

***III bap.* Ruhyýete wehim – özlügimize wehim** .......... 58
Göze görünmeýän hatarlar .......... 58
Şahs terbiýesi .......... 66
Jemgyýete howp salýan nogsanlar .......... 74
Adam kalbyna ýol .......... 80
Taryhy hatyrany dikeltmekde sungatyň ähmiýeti .......... 89
*Barlag işi* .......... 95

***IV bap.* Ýokary ruhy ölçegler** .......... 96
Ynsanperwerlik – halkymyzyň gowy sypaty .......... 96
Ruhyýetiň şekillenmeginde maşgalanyň orny .......... 104
Edep-ahlak – ruhyýetiň esasydyr .......... 109
*Barlag işi* .......... 117

MURTAZO QARSHIBOYEV, SANOBAR NISHONOVA,
OYNISA MUSURMONOVA, RAHMON QO‘CHQOROV

# MILLIY ISTIQLOL G‘OYASI VA MA’NAVIYAT ASOSLARI

**7-sinf**

*(Turkman tilida)*

*To‘ldirilgan va qayta ishlangan 5-nashri*

*Toshkent «Ma’naviyat» 2015*

Terjime eden *K.Hallyýew*
Redaktor *J. Metýakubow*
Suratçy *S. Soin*
Korrektor *J. Metýakubow*
Kompýuterde sahaplaýjy *Ş. Sohibow*

Lisenziýa AI №189, 10.05.2011-nji ýylda berlen. Çap etmäge 2015-nji ýylyň 11-nji martynda rugsat edildi. Möçberi 70x90 $^{1}/_{16}$. Times New Roman garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 8,77. Neşir listi 6,96. 786 nusgada çap edildi. Buýurtma №15-310.

«Ma’naviyat» neşirýaty. Daşkent, Tarakkiýot 2-nji öňi ýapyk köçesi, 2. Şertnama 44–15.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi. Daşkent, Nowaýy köçesi, 30, 2015.

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

**Derslik ulanmaga berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak tertibine esaslanyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Jilti gowy, dersligiň esasy böleginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Jilti ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly derejede abatlanypdyr. Goparlan sahypalary ýelimlenen, käbir sahypalary çyzylan |
| **Kanagat-lanarsyz** | Jilti çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan, ýyrtylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Dersligi gaýtadan dikeldip bolmaýar. |